**A. Mämmedow**

# HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ YKDYSADYÝETI WE MENEJMENTI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2024

UOK 378:33+002
M 33

**Mämmedow A.**
M 33 **Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti.**
Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby – A.: Ylym, 2024. – 176 sah.

«Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti» okuw kitabynda bazar şertlerinde hereket edýän köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (KHBS) ykdysadyýeti, menejmenti we marketingi boýunça maglumatlar ýerleşdirilendir. Žurnalistika hünäri boýunça okatmagyň halkara tejribesine, Internet maglumatlaryna, şeýle hem, türkmen awtorlarynyň ylmy işlerine esaslanylyp taýýarlanylan okuw kitaby arkaly talyplar KHBS-iň bu ugurlardaky işi, döwrebap, oýlanyşykly iş alyp barmak başarnygyny kemala getirmäge gönükdirilen bilimleri alarlar.

Kitap ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünäriniň talyplary, şol ugurdan ders berýän mugallymlary üçin niýetlenendir. Ol ýurdumyzyň habar beriş serişdelerinde zähmet çekýän žurnalistler üçin-de peýdaly bolup biler.

TDKP № 48, 2024 KBK 65+76 ýa 73

© Mämmedow A., 2024
© «Ylym» neşirýaty, 2024



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ
# DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan «Biziň ýurdumyz öz halkynyň gujur-gaýratyna we ruhubelentligine daýanyp, ertekileriň gahrymany äpet pälwanlar ýaly, päsgelçilikleri we kynçylyklary çalt ýeňip geçýär» diýlip ýokary baha berlen eziz Diýarymyzyň ynamly ösüşlerinde bazar gatnaşyklaryny nazarlaýan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň-de mynasyp ornunyň bardygy äşgärdir.

Halkara tejribesinden mälim bolşuna görä, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bazar gatnaşyklary şertlerinde öz abraýyny, bäsdeşlige ukyplylygyny, özüne çekijiligini ýokarlandyrmak, maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak ugrunda çäksiz tagallalary edýärler.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwrebap, ilhalar neşirler, teleradio ýaýlymlary, habarlar gulluklary hökmünde hereket etmek üçin bolsa KHBS-iň ykdysadyýetiniň obýektiw kanunlaryna düşünmek we olary özleşdirmeklik ilkinji zerurlyklaryň biridir.

Žurnalistika hünäri boýunça ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara halkara žurnalistikasynyň tejribesinde netijeli ulanylýan habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti dogrusynda bilim berilmegi zerur bolup durýar. Çünki täze ykdysady gatnaşyklaryň ornaşdyrylýan şertlerinde köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde dolandyryş işleriniň esasy ugurlarynyň, menejerleriň ýerine ýetirýän wezipeleriniň öwrenilmegi ähmiýetli bolar.

Bu okuw kitabynda žurnalistikanyň ykdysady binýadynyň işlemegi bilen baglanyşykly düşünjeleriň we adalgalaryň birnäçesi açylyp görkeziler, ol bolsa maglumat bazary, döwürleýin neşirleriň bazary, redaksiýa-neşirýat marketingi, mediatelekeçilik (iňl. köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamyndaky telekeçilik işi) we beýlekilerdir. Kitapdaky maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ykdysady binýadyny berkitmekde we onuň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakda žurnalistleriň ornuna düşünmäge ýardam eder. Ykdysady gurallary ulanmak başarnygy täze şertlerden az harajat bilen çalt hem-de dogry netije çykarmaga mümkinçilik berer.

Okuw kitaby arkaly talyplar žurnalistika äleminde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalarynyň işjeňliginiň esasyny düzýän mediatelekeçilik, onuň guramaçylyk-hukuk görnüşleri, tapawutly aýratynlyklary hakynda bilimleri alarlar. Redaksiýanyň önümçilik maksatlary bilen tanşarlar, maliýe menejmenti, habar beriş serişdeleriniň girdeji çeşmeleri, metbugat neşirleriniň nusga san, nyrh, mahabat syýasaty, redaksiýalarda telekeçilik meýilnamasynyň ähmiýeti dogrusynda maglumatlar berler. Talyplara redaksiýanyň marketingi, redaksiýanyň menejmenti we beýlekiler barada düşünje berilmegi olarda ykdysady pikirlenmäniň kemala gelmegine ýardam eder.

Okuw kitaby arkaly menejeriň psihologiýasy, redaksiýanyň edara tarap hökmünde bellige alnyşy, bazar şertlerinde žurnalistleriň zähmetiniň maddy taýdan höweslendirilmesi, önümçilik maksatlary baradaky maglumatlar bilen tanşarlar. Redaksiýanyň býujetiniň esasy çykdajy maddalary, girdeji çeşmelerine, habar beriş serişdeleriniň ykdysady artykmaçlyklaryna hem göz ýetirerler.

Okuw kitaby žurnalistikanyň ösmeginde ykdysady faktoryň (*kesgitleýji pursat, ýagdaý)* ähmiýetini görkezmek ýaly dürli wezipeleri öz öňünde goýýar. Ol talyplara neşiriň dowamly işlemeginiň nähili üpjün edilýändigine, redaksiýanyň toparynyň esasynda duran ykdysady gurluşynyň nähili hereket edýändigine düşünmäge, täze bilimleri kabul etmegiň we özleşdirmegiň işjeňleşmegine, olaryň redaksiýanyň tejribesinde ulanylmagyna, mediaindustriýanyň (metbugat we onlaýn KHBS, radio we telewideniýe, täze media (kameralar, radiobeketleriniň enjamlary bilen iş alyp barmak), mahabat we ş.m.) mazmunyndan talabalaýyk baş çykarmaga ýardam eder.

# I BÖLÜM.
# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERI WE BAZAR

## *I bap. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasy kärhana hökmünde*

### 1.1. Redaksiýa kärhana hökmünde

Islendik köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasy umumy maksatlar bilen bileleşen adamlaryň zähmet toparydyr we onuň işgärleri ýolbaşçylaryň neşirleri taýýarlamak hem-de çykarmak boýunça özlerine tabşyrýan ýumuşlaryny, ýagny köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň redaksiýasy üçin habarlary we maglumatlary redaktirlemek, döretmek, ýygnamak ýa-da taýýarlamak ýaly işleri ýerine ýetirip, okyjylaryň isleglerini kanagatlandyrýarlar.

Redaksiýa hususy subýekt hökmünde çykyş edip, kanunçylygyň ähli talaplaryny berjaý edýär. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda «Kärhana hökmünde şu kanunyň talaplaryna laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar üçin jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýekti hasaplanýar» diýlip bellenilýär. Ol kärhana hökmünde döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir. Bu kanuna laýyklykda, kärhanany döwlet belligine almak üçin ony esaslandyryjy tarapyndan ady we hukuk salgysy; esaslyk maýasynyň möçberi; esaslandyryjylaryň sanawy; eger esaslandyryjy edara görnüşindäki tarap bolsa, onda esaslandyryjylaryň ady, hukuk salgysy, bank hökmany maglumatlary görkezilen we eger esaslandyryjy fiziki tarap bolsa, onda onuň ady, ýaşaýan ýeri we şahsyýeti tassyklaýan resminamalary görkezilip gol çekilen arza hem-de esaslandyryş resminamalary tabşyrylýar.

Edara tarap hökmünde döredilen KHBS-iň redaksiýasy öz işlerini «Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» **Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda alyp barýar.** Bu kanunda bellenilişi ýaly,

köpçülikleýin habar beriş serişdesi diýlip çap, audio-audiowizual we beýleki habarlar hem-de maglumatlar bolan köpçülikleýin habarlary döwürleýin ýaýratmagyň görnüşlerine (çap, gepleşik eşitdiriş, internet ulgamyndaky neşirlere we başgalara) düşünilýär.

Döwürleýin metbugatyň sanynyň nusgasy, teleradioýaýlymlaryň, teleradiogepleşikleriň toplumlarynyň aýratyn goýberilişi we internet ulgamyndaky neşiriň sanlary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümi bolup durýar.

Döwürleýin çap neşirlerini satmak, teleradiogepleşigi ýaýlyma bermek, internet ulgamyndaky neşire elýeterliligi döretmek arkaly önüm ýaýradylýar. Esaslandyryjy, redaksiýa, neşir ediji we ýaýradyjy köpçülikleýin habary taýýarlamagy we ýaýratmagy amala aşyrýar.

## 1.2. KHBS-i esaslandyryjy, redaksiýa, baş redaktor, neşir ediji

**KHBS-i esaslandyryjy** – öz adyndan köpçülikleýin habar beriş serişdesini ýaýradýan edara tarap ýa-da *fiziki şahs bolup durýar.* Ol köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işiniň maksatlaryny we wezipelerini kesgitleýär, redaksiýanyň Tertipnamasyny tassyklaýar, redaksiýa (baş redaktor) bilen şertnama baglaşýar. Kanunçylykda, redaksiýanyň Tertipnamasynda, esaslandyryjy bilen redaksiýanyň (baş redaktoryň) arasynda şertnamada göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda, onuň redaksiýanyň işine gatyşmaýandygy bellenilýär.



**1-nji surat. Aşgabatdaky Metbugat öýi toplumynda gazetiň neşir edilişi**

Esaslandyryjy redaksiýanyň Tertipnamasy arkaly köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasynyň (baş redaktoryň) arasyndaky şertnamany esaslandyrýar. Esaslandyryjy kärhana bilen baglanyşykly meseleleri öz boýnuna alyp, gerekli ýerinde jogapkärçiligi özi çekmeli bolýar.

**Köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň redaksiýasy** *redaksiýanyň öz Tertipnamasynyň esasynda hereket etmek bilen, işini* özbaşdak amala aşyrýar. Ol köpçülikleýin habar beriş serişdesini esaslandyryjy, neşir ediji, ýaýradyjy, redaksiýanyň emläginiň eýesi hökmünde hem çykyş edip biler. Köpçülikleýin habar beriş serişdesini esaslandyryjy we redaksiýa deslap öz aralaryndaky ikitaraplaýyn şertnama esasynda ylalaşylýan gatnaşyklary ara alyp maslahatlaşýarlar.

Esaslandyryjy bilen redaksiýanyň (baş redaktoryň) arasyndaky şertnama bilen olaryň arasyndaky önümçilik, emläk we maliýe gatnaşyklary, şol sanda redaksiýany saklamak üçin serişdeleri bölüp bermegiň we peýdalanmagyň, girdejini paýlamagyň, gaznalary döretmegiň we zyýanyň öwezini dolmagyň tertibi, şeýle hem redaksiýanyň işgärleriniň göwnejaý önümçilik we durmuş şertlerini üpjün etmek boýunça esaslandyryjynyň borçnamalary kesgitlenilýär.

**Baş redaktor** *redaksiýa* ýolbaşçylyk edýär we ol öz ygtyýarlyklaryny *«Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň, redaksiýanyň Tertipnamasynyň, esaslandyryjy bilen redaksiýanyň (baş redaktoryň) arasyndaky şertnamanyň esasynda amala aşyrýar.* Baş redaktor KHBS-iň esaslandyryjysy tarapyndan wezipä bellenilýär we boşadylýar ýa-da redaksiýanyň Tertipnamasynda göz öňünde tutulan tertipde wezipä saýlanylýar we boşadylýar.

Ol köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň redaksiýasynyň işine ýolbaşçylyk edýär, onuň esaslandyryjy, neşir ediji, awtorlar, döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlar bilen gatnaşyklarda, şeýle hem kazyýetde oňa wekilçilik edýär.

Baş redaktor kanunçylygyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işine bildirilýän talaplaryň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärdir. Kanunda, redaksiýanyň Tertipnamasynda göz öňünde tutulan tertipde *redaksiýanyň geňeşi* döredilip bilner. Baş redaktor onuň başlygy bolup durýar.

Žurnalist köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň redaksiýasy üçin habarlary we maglumatlary redaktirleýär, döredýär, ýygnaýar ýa-da taýýarlaýar.

**Neşir ediji** *köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň önümini öndürmegiň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini amala aşyrýan ýa-da munuň üçin bu iş esasy ýa-da girdejiniň baş çeşmesi bolup durmaýan edara tarap ýa-da fiziki şahs tarapyndan k*öpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň çap önümlerini öndürmeklik amala aşyrylýar.

Redaksiýa bilen neşir edijiniň arasyndaky şertnama esasynda olaryň arasyndaky borçnamalary we taraplaryň jogapkärçiligi bellenilýär. Esaslandyryjy, redaksiýa (baş redaktor) we neşir ediji öz arasynda, şeýle hem ýaýradyjy bilen beýleki şertnamalary hem baglaşyp biler.

Döwürleýin çap neşiriniň nusga sany neşir ediji bilen ylalaşylyp, baş redaktor tarapyndan kesgitlenilýär. «Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» **Türkmenistanyň Kanunyna** (2012 ý.) laýyklykda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki mahabatyň umumy dowamlylygy ýaýlym wagtynyň gije-gündiz möçberinden 20 göterim ýokary geçmeli däldir, mahabatyň dowamlylygy ýaýlym wagtynyň bir astronomik sagadynyň dowamynda 20 göterimden ýokary geçip bilmeýär [19].

## 1.3. Redaksiýanyň Tertipnamasy

**Redaksiýanyň Tertipnamasy** *esaslandyryjynyň, baş redaktoryň we redaksiýanyň gatnaşyklaryny,* žurnalistik toparyň ygtyýarlyklaryny düzgünleşdirýän resminamadyr. Ol redaksiýanyň žurnalistler toparynyň umumy ýygnagynda sesleriň köplügi bilen kabul edilýär we esaslandyryjy tarapyndan tassyklanylýar. Onda baş redaktory, redaksiýanyň geňeşini saýlamagyň, köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň işini bes etmegiň, togtatmagyň esaslary hem-de tertibi we başgalar bellenilýär.

Kärhana hökmünde guralýan redaksiýanyň Tertipnamasy bir wagtyň özünde şol kärhananyň tertipnamasy hem bolup biler. Şonda redaksiýanyň Tertipnamasy kärhanalar we telekeçilik işi hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna hem gabat gelmelidir.

Bazar şertlerinde gazeti döredijiler we onuň ýolbaşçylary gazet çykarmak üçin mediatelekeçilik işi bilen meşgullanmaga mejbur bolýarlar. Munuň özi peýda gazanmak maksadynda telekeçilik işi bilen meşgullanmaklygy aňladýar. Eger şeýle edilmese, gazetiň işlemegini, ýagny ykdysady, maliýe, enjamlaýyn binýadyny üpjün etmek we ony yzygiderli çykarmak başartmaz.

«Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we «Paýdarlar jemgyýeti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny häzir eýeçiligiň iki, *döwlet* we *hususy* görnüşini belledi. Kärhanalar işini şu aşakdaky guramaçylyk-hukuk görnüşlerde amala aşyrýarlar: döwlet kärhanasy; ýekebara kärhana; bilelikdäki kärhana; jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy; hojalyk şereketi; paýdarlar jemgyýeti. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan başga guramaçylyk-hukuk görnüşli kärhanalaryň hem döredilmegi göz öňünde tutulyp bilner[18].

## 1.4. Media birleşikleri we olaryň görnüşleri

Mälim bolşy ýaly, media birleşikleriniň işiniň esasy ugry köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we başga ýörite tilsimatlar arkaly habarlary ýaýratmak bolup durýar.




Häzirki wagtda halkara mediameýdanynda dürli hukuk-guramaçylyk görnüşindäki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hereket edýär. Muňa mysal hökmünde şulary belläp geçmek bolar:

**Jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet.** Birnäçe dörediji öz kärhanalarynyň borçnamalary esasynda ozal şertleşilen paýlarda, adatça, sermaýa gaznasyndan artyk bolmadyk pul möçberiniň çäklerinde jogap berýär.

**Goşmaça jogapkärçilikli jemgyýet.** Bu ýerde, döredijiler kooperatiwe birigip bilerler we ol toparlaýyn dolandyrmaklyga esaslanýan gatnaşyjylaryň paýlarynyň birleşmesi bolup durýar.

**Paýdarlar jemgyýeti** görnüşi-de giňden ýaýrandyr: «Paýdarlar jemgyýeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda «Jemgyýet edara görnüşindäki şahsdyr, eýeçiliginde öz aýrybaşgalaşan emlägi bardyr hem-de öz adyndan emläk we şahsy emläk däl hukuklary edinmäge we amala aşyrmaga, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolmaga haklydyr» diýlip bellenilýär.

*Paýdarlar jemgyýetiniň* ***açyk*** *we* ***ýapyk*** *görnüşleri* döredilýär. Gymmatly kagyzlar – paýnamalar çykarylýar we olar ýazylyşyk esasynda açyk satylýar, bu Açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetidir (AGPJ), ýa-da geljekki çäkli döredijileriň arasynda satylýar, bu Ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetidir (ÝGPJ).

Kärhananyň görnüşi babatda anyk netijä gelnenden soňra, döredijileriň özleri ýa-da hukukçylaryň kömegi bilen resminamalar bukjasyny (Tertipnama, bellige almak hakyndaky ýüz tutma we ş.m.) taýýarlaýarlar.

Kärhana bellige alyş häkimiýet edarasynda, soňra salgyt gullugynda bellige alynýar, özbaşyna möhür edinýär, bankda hasaplaşyk hasabyny açýar, zerur bolan ygtyýarnamalary alýar we işe girişýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň işi esaslandyryjynyň çözgüdi esasynda ýa-da ygtyýarly döwlet edarasynyň talap arzasy boýunça kazyýet tarapyndan bes edilip ýa-da togtadylyp bilinýär.

Telekeçilik işi bilen meşgullanmak üçin gazet redaksiýasynyň edara tarap hökmünde bolmagy göz öňünde tutulýar. Munuň üçin bolsa, dörediji gazeti ýerli häkimiýetiň edarasynda bellige aldyrýar. Şonda dörediji dowam edýän kanunçylyga laýyklykda, hojalyk jemgyýeti, şärikli hojalyk ýa-da ýekebara kärhana ýaly görnüşinde guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň birini saýlap alýar. Şeýle edilmegi dörediji bilen redaksiýanyň hojalyk gatnaşygyny, ýagny onuň eýesiniň kimdigi, nähili emlägi bar, onuň maliýe serişdeleri nähili ulanylýar, redaksiýa tarapyndan gazanylýan girdejileriň ulanylyş-gönükdiriliş tertibi we ş.m. kesgitlenilýär.

*Bu guramaçylyk-hukuk görnüşleri iki bölege bölünýär.* Onuň birinji bölegine, eger onuň esasy maksady girdeji gazanmak bolup durmaýan bolsa, döredijiniň saýlan görnüşleri girýär. Beýle ýagdaýda redaksiýa döwlet ýa-da munisipial edarasy görnüşinde, şeýle hem

täjirçilik däl awtonom gurama hökmünde we başga görnüşde bellige alnyp bilner.

Eger redaksiýanyň esasy işi girdeji gazanmak bolup durýan bolsa, onda ol jogapkärçiligi çäkli ýa-da başga bir goşmaça jogapkärçiligi bar bolan şereket hökmünde, edara tarap hökmünde, kooperatiw unitar kärhana, açyk ýa-da ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti we başga bir görnüş hökmünde bellige alynýar.

Bu görnüşleriň her biriniň redaksiýanyň emlägine eýe bolmak, telekeçilik işinden gelen düşewünde eýe bolmak, özbaşdak balansa, bank edaralarynda özbaşdak hasaplaşyk hasabynyň, öz möhüriniň, neşir we haryt nyşanlarynyň bolmagy hem-de gazetiň adyna eýeçilik etmek hukugynyň bolmagy babatda we ş.m. häsiýetli aýratynlygy bolýar.

Gazetiň redaksiýasynyň edara taraply guramaçylyk-hukuk görnüşi gazetiň Tertipnamasyna laýyklykda, döredijidir baş redaktoryň üsti bilen redaksiýanyň işgärleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň, redaksiýany dolandyrmaklygyň aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Ynha, mysal üçin, redaksiýa awtonom täjirçilik däl gurama hökmünde dürli guramalaryň, raýatlaryň meýletinlikdäki emläk goşantlary esasynda, onuň esaslandyryjylary tarapyndan döredilýär. Baş maksat – okyjylar köpçüliginiň isleglerini kanagatlandyrmak. Onuň balansynda aýrybaşga emlägi, özbaşdak balansy we banklarda hasaplaşyk hasaplary bolýar hem-de öňde durýan wezipelere ýetmek maksady bilen, telekeçilik işi bilen meşgullanmaga haklydyr.

Şunuň ýaly redaksiýa esaslandyryjylaryň geňeşi arkaly dolandyrylýar. Esaslandyryjylar geňeşiniň düzüminiň üçden bir bölegi redaksiýanyň işgärlerinden ybarat bolup, onuň galan bölegine şol dörediji guramalaryň we raýatlaryň wekilleri girýär. Ol geňeşiň başlygynyň ýolbaşçylygy astynda işleýär. Gazetiň redaksiýasynyň baş redaktory bolsa, onuň başlygy bolup durýar. Ol redaksiýanyň žurnalistler topary tarapyndan saýlanylýar we tassyklanylýar. Baş redaktoryň ýanynda redaksiýanyň geňeşi hereket edýär.

Žurnalistikanyň halkara tejribesinde öz edara tarapyny bellige aldyrmakda başga görnüşi, mysal üçin PJ (paýdarlar jemgyýeti) saý-

lap alan gazet redaksiýalarynyň hojalyk işiniň guralyşynyň düýpgöter özge aýratynlyklary bardyr.

Edara tarapyny bellige aldyrmagyň hojalyk işiniň esasy maksady girdeji gazanmak bolup durýan bu guramaçylyk-hukuk görnüşini köp iri redaksiýalar saýlap alýarlar. Şeýle redaksiýanyň maliýe binýady gazetiň döredijileriniň ýa-da eýeleriniň redaksiýanyň emlägine goýan pul goýumlarynyň jeminden emele gelýän sermaýa gaznasy bolup durýar. Ol gymmatly kagyzlar – paýnamalar arkaly aňladylýan belli bir paýlaryň mukdaryna bölünýär. Paýdarlar jemgyýetleriniň iki ugrunyň ulanylmagy mümkindir.

*Redaksiýa* – açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti (AGPJ). Beýleki paýdarlaryň razylygyny almazdan, paýnamalary erkin çykarmak we gymmatly kagyzlar bazarynda olary satmak, olara ýazylyşygy guramak, şeýlelikde öz maýalaryny artdyrmak hukugyna eýe bolýar.

*Ikinji görnüşi* – redaksiýa ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti (ÝGPJ). Redaksiýa paýnamalary erkin çykarmaga we satmaga hukukly däldir. Ol diňe paýnamalaryň elli göterimden köp bolmadyk çäkli mukdaryny erkin çykarmaga we diňe gazeti döredijileriň we deslap kesgitlenilen taraplaryň arasynda paýlamaga haklydyr. Olar Ýapyk paýdarlar jemgyýetiniň başga paýdarlary tarapyndan satylýan paýnamalary satyn almakda artykmaç hukuga eýedirler.

Paýdarlar jemgyýetiniň ýokary dolandyryjy edarasy paýdarlaryň ýygnagy bolup durýar. Redaksiýanyň gündelik işini ýerine ýetiriji edara – ýeke-täk (baş direktor, baş redaktor) ýa-da toparlaýyn (dolandyrma, redaktorlyk) tarapyndan dolandyrylýar. Paýdarlar jemgyýetinde derňew edarasy – **Direktorlar geňeşi (synlaýjy geňeş)** hem döredilýär.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Näme üçin redaksiýa kärhana hasaplanylýar?
2. Kärhana hökmünde KHBS-iň önümi nämeden ybarat?
3. KHBS-iň redaksiýasyna kim ýolbaşçylyk edýär?
4. Redaksiýanyň baş redaktory bilen neşir edijiniň özara gatnaşyklary nähili esasda alnyp barylýar?
5. Redaksiýanyň hünär işi näme esasynda amala aşyrylýar?
6. Redaksiýanyň Tertipnamasy näme? Ol näme üçin gerek?
7. KHBS-i döretmekligiň ykdysady şertleri?

8. KHBS-iň ykdysady binýady nämeden ybarat?

9. Media birleşikleriniň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?

10. Açyk we ýapyk paýdarlar jemgyýetleriniň tapawudy nämeden ybarat?

## *II bap. Žurnalistik maglumat haryt hökmünde*

### 2.1. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümi we onuň häsiýetli aýratynlyklary

Gazet-žurnallaryň nusga sany, teleradiogepleşikleriň toplumlarynyň aýratyn goýberilişi we internet ulgamyndaky neşiriň sanlary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümi hasaplanylýar.

Žurnalistikanyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň döreýşiniň hem-de ösüşiniň, habarlaryň sarp edijilere ýetiriliş ýollarynyň taryhy hemişe olara ykdysady ýagdaýyň güýçli täsir edip gelendigini görkezýär.

Ykdysadyýet köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maksatlarynyň we wezipeleriniň kesgitlenilmegine, onuň bilen baglanyşykly gurluşlaryň döremegine öz täsirini ýetirip geldi. Žurnalistikanyň ykdysadyýet ulgamyndaky ornuna we ähmiýetine ser salanyňda bu aýdyň görünýär.




**2-nji surat. Habar beriş serişdelerinde menejment işi**

Žurnalistika önümçiligiň bir görnüşi bolup durýandyr we şonuň bilen baglylykda onuň ykdysadyýet ulgamynyň bölegi hökmündäki orny kesgitlenilýär. Şu nukdaýnazardan biz önümçilik işiniň gidişiniň ähli böleklerini ýüze çykarýarys. Munda önüm öndürijiniň düşünjeli ymtylýan maksady bardyr: öndüriji önümçiligiň obýektini, ýagny habary gaýtadan işlemek üçin özüniň önümçilik serişdelerini ulanýar. Şonuň netijesinde sarp edijiniň hyrydarlyk bildirýän önümi öndürilýär.

Ähli iş bu önümçiligiň häsiýetli aýratynlygyndadyr. Ozaly bilen, ol ruhy önümçiligiň bir görnüşi bolup, köp babatda maddy önümçilikden tapawutlanýandyr. Munda öndüriji, ýagny žurnalist özüniň özboluşly önümçilik serişdelerinden, žurnalistik zähmetiň gurallaryndan peýdalanýar we işiň diňe şu ugry üçin häsiýetli bolan usullary, tärleri hem-de ýollary ulanýar. Onuň täsir edýän obýekti hem özboluşlydyr, ol adamlaryň durmuşyna degişli, olary gyzyklandyrýan ähli zatlar, ýagny dürli çeşmelerden alynýan durmuş habarydyr. Bu önümçiligiň önümi özboluşlydyr, ýagny žurnalistik habardyr. Ol sarp edijä örän tiz ýetirmek we kabul edilişini ýeňilleşdirmek, oňa güýçli täsir etmek maksady bilen özboluşly gaýtadan işlenilen durmuş habary bolup durýar.

Bu işiň amala aşyrylýan ýeri bolsa köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasydyr. Şol ýerden habarlar okyjylara, teletomaşaçylara we radiodiňleýjilere ugradylýar.

Häzirki zaman žurnalistikasynyň tejribesi žurnalistik maglumatyň tebigatynyň iki taraply bolýandygyny aýdyň görkezýär, ýagny, bir tarapdan, ol adamyň aňyna täsir etmek, ony belli bir herekete gönükdirmek, onuň dünýä bolan garaýşyny ýa-da özüniň sezewar bolan durmuş ýagdaýlarynda öz ugruny has gowy kesgitlemegi üçin döredilýän ruhy önümdir.

Beýleki bir tarapdan bolsa, maglumatyň bazara barýanlygy we haryda öwrülýänligidir. Islendik haryt ýaly onuň hem hyrydarlyk ödäp bilijilik gymmaty we ýönekeý gymmaty bolýar. Bularyň birinjisi, şol önümiň alyjynyň maglumat isleglerini kanagatlandyryp bilijilik ukybyny, ikinjisi, harydy öndürmek üçin harçlanan zähmetiň gymmatyny aňladýar.

Dürli köpçülikleýin habar beriş serişdeleri şeýle harydyň dürli görnüşini bazara hödürleýärler. Telewideniýe we radio üznüksiz tä-

zelik maglumatlaryny öndürýär. Gazetler olar bilen habarlaryň dessinliginde hem-de üznüksizliginde bäsleşip bilmeýärler we okyjylara teswirlenen maglumatlary berýärler. Žurnallar öz aýratyn önümini – ýöriteleşdirilen seljerme maglumatlary öndürýärler we okyjylara hakykatyň çeper-publisistik, keşpli şöhlelendirilmesiniň netijelerini hödürleýärler.

Adamlarda ýüze çykýan maglumat zerurlyklary şeýle maglumaty gözlemäge we şonuň «göterijisini» (ýaýradyjysyny) satyn almaga mejbur edýär. Şeýlelikde, žurnalistik maglumaty öndürijiler bilen ony sarp edijileriň arasynda bazar gatnaşyklary emele gelýär. Iki tarapyň hem hajatlaryny kanagatlandyrýan özara dowam edýän alyş-çalyş işi başlanýar. Maglumaty sarp ediji ony satyn almak bilen, hakykat ýüzünde öz ugruny kesgitlemäge kömek berýän maglumatlary, bilimleri we garaýyşlary ele alýar.

Maglumaty öndüriji žurnalist hem öz isleglerini kanagatlandyrýar. Ol öz harydyny satyp, diňe bir pul däl, eýsem, başga görnüşdäki tölege – okyja, teletomaşaça, radiodiňleýjä ruhy, ideologik taýdan täsir etmek mümkinçiligine eýe bolýar. Bu bazar alyş-çalşynyň netijesinde, onuň awtor hökmünde meşhurlyk gazanmagy, onuň hünär ussatlygynyň ykrar edilmesi hem-de žurnalistiň zähmetiniň öwezini dolmagyň başga bir görnüşi bolup biler. Awtoryň eserini neşir eden köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň esaslandyryjysydyr, onuň eýesi-de žurnalist bilen bilelikde öwezlik töleg alýar. Şol bir wagtyň özünde ol hem öz neşirinde ýerleşdirilen maglumat arkaly satyn alyjylara täsir etmek mümkinçiligine eýe bolýar.

Žurnalistik maglumat arkaly täsir etme käbir jemgyýetçilik toparlarynyň wekilleri – syýasatçylar, häkimiýet gurluşlary we beýlekiler üçin-de gymmatly harytdyr.

Islendik haryt ýaly žurnalistik maglumat hem belli bir haryt birligi görnüşinde bazara çykýar. Bu köplenç okyjy tarapyndan satyn alynýan gazet ýa-da žurnal sanydyr. Käwagt haýsy-da bolsa bir sana girjek geljekki publisistik eseriň ýarym fabrikaty (ilkinji gaýtadan işlemä sezewar edilen, ýöne mundan beýläkki işlenilmegine mätäç önüm) – belligiň (zametkanyň), reportažyň, makalanyň teksti ýa-da

gazet redaksiýasy tarapyndan satyn alnyp bilinjek asyl nusga bolan surat hem haryt birligi bolup biler.

Telewideniýede we radioda haryt birligi hökmünde, umuman, gepleşik ýa-da aýratyn sýužet çykyş edýär. Habarlar gulluklary bolsa öz önümlerini başga bir haryt birlikleriniň görnüşinde – býulleten, habar we täzelik lentasy görnüşinde hödürleýär. Ýöne islendik ýagdaýda-da ol gutarnykly bitewi eser – isleg ödeýän sarp edijilik gymmaty bolan önüm bolmalydyr.

## 2.2. Maglumat bazary. Maglumat bazarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň kanunalaýyklygy

Bazar harydy öndüriji, ýagny satyjy hem-de ony sarp edijileriň - alyjylaryň arasyndaky alyş-çalşyň amala aşyrylýan giňişligidir. Başgaça aýdylanda, bazary harydy satmak we ony satyn almak görnüşinde alyş-çalyş edýän satyjylaryň we alyjylaryň toplumy hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Satyjy – bazaryň subýekti isleg ödeýjilik gymmatyna laýyklykda öz harydynyň pul görnüşinde öwezini dolýar.

Mälim bolşy ýaly, maglumat bazarynda dürli görnüşdäki we ýagdaýdaky, ýagny ýarym fabrikat ýa-da gutarnykly eser görnüşindäki žurnalistik maglumat esasy harytdyr. Maglumat bazarynda satyjy bilen alyjynyň islendik wagtda öz orunlaryny çalyşmaklary mümkindir. Gazet sanyny okyja satýan redaksiýa alyjyda gyzykly maglumatyň bardygyny bilen mahaly ondan şol harydy satyn almaga çalşar. Okyjy hem öz maglumatynyň satyjysy bolmak bilen, bazarda özi üçin has bähbitli alyjylary gözlär.

Maglumat bazary adamlarda habara bolan zerurlyk döränd‌e we olary kanagatlandyrýan maglumat gymmatly haryda öwrülende ýüze çykýar.

Ýewropanyň uly ýurtlarynda ykdysadyýetiň ösmegi, milli we halkara bazarlaryň – söwda, maliýe, şeýle-de senagat bazarlarynyň güýçlenmegi bilen maglumat bazary hem emele gelýär. Ol birnäçe ýagdaýlaryň täsiri astynda ösýär we hereket edýär. Bu, ilkinji nobatda, hyrydarlyk we hödürleme kanunydyr. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ösüşi žurnalistik maglumatlara bolan hyrydarlyk esasynda ýola goýulýar. Belli bir jemgyýetçilik toparlarynyň habara bolan

zerurlygynyň güýçlenmegi bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümine bolan hyrydarlyk hem artýar. Ol degişli hödürlemä sebäp döredýär – dürli görnüşli maglumaty okyjylara hödürleýän täze gazetler we žurnallar peýda bolýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, ilkinji nobatda, metbugat bolup geçýän wakalara diňe bir gatnaşyjy hökmünde däl, eýsem, ösüşi çaltlaşdyrmaga ýardam ediji, hatda başlangyçlary öňe sürüji hökmünde işjeň goşulýar. Çökgünlik ýyllarynda döwürleýin neşirleriň sany duýdansyz güýçli ýokarlanýar, olaryň köpugurlylygy güýçlenýär.

Ykdysady, syýasy we beýleki dürli sebäplere görä žurnalistik maglumata bolan islegiň peselmegi dessine hödürlemäniň gowşamagyna getirýär: köp gazetler we žurnallar maglumat bazaryndan çetleşýär, täze neşirleriň döreýşi seýrekleýär, dowam edýänleriniň nusga sany azalýar we ş.m.

Maglumat bazarynda gymmat kanunynyň hem möhüm orny bardyr. Ol, köplenç, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalarynyň we kompaniýalarynyň maliýe syýasatyny kesgitleýär, žurnalistik maglumatyň nyrhyny kadalaşdyrýar.

Maglumat bazarynyň ösüşi onda sarp edijileriň arasyndaky gatnaşyk gaýtadan döredilýän sarp ediş kanuny bilen hem kadalaşdyrylýar. Bu belli bir netije almaga gönükdirilen hereketleriň jeminiň we oňa laýyk düşünjäniň düýp manysy belli ykdysatçylar tarapyndan açylyp görkezilýär. Olaryň pikiriçe, sarp ediş täze önümçilige zerurlygy döredýär, ony ösüşe gönükdirýär. Haýsydyr bir haryda zerurlyk bolmasa, onuň önümçiligi bolmaýar. Ýöne hut önümiň sarp edilmegi oňa bolan zerurlygy gaýtadan döredip hem bilýär.

Önümçilik bilen sarp edişiň arasyndaky gatnaşyk dialektiki häsiýete eýedir. Önümçilik hem öz gezeginde sarp edişiň ýüze çykmagyna getirýär, oňa höwes döredýär. Bu gatnaşyklar maglumat bazarynda ýüze çykýan ýagdaýyň aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Žurnalistika ruhy önümiň önümçiliginiň bir görnüşi hökmünde diňe bir sarp ediş predmetini – maglumaty kabul edijilere ýetirýän gazetleri, žurnallary, telewideniýe we radio ýaýlymlaryny däl-de, eýsem, bu maglumatlary sarp edijini – auditoriýany (okyjylar, teleradio diňleýjiler) hem döredýär.

Auditoriýanyň giňemegi maglumata bolan mätäçligiň, žurnalistikanyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ösüşine itergi berýän zerurlygyň artmagyna getirýär. Maglumat önümçiliginiň ösmegi öz gezeginde oňa bolan zerurlygy güýçlendirýär, ideologiýa, syýasy we beýleki ýagdaýlar bilen bir hatarda okyjylar, tomaşaçylar, diňleýjiler köpçüligini giňeldýär.

Žurnalistika we onuň serişdeleri näçe tiz össe, şonça-da olaryň okyjylar, diňleýjiler we görüjiler köpçüligi giňelýär. Üstesine-de žurnalistik maglumatlaryň önümçiliginiň ösüşi ony sarp etmegiň usullaryny hem kesgitleýär: žurnalistikanyň özi gazet okyjylarynda, teletomaşaçylarda, radiodiňleýjilerde dürli gyzyklanmalary, maglumat babatda «tagam duýşuny», şeýle-de maglumaty durmuş, amaly işler, akyl ýetiriş we estetiki zerurlyklar bilen baglanyşykly dürli maksatlarda ulanmak üçin has köp, has inçe başarnyklary terbiýeleýär. Şeýlelikde, maglumata bolan zerurlyk, onuň önümçiligi hem-de sarp edilişi maglumat bazaryny emele getirýär we kadalaşdyrýar.

## 2.3. Maglumat bazarynyň ugurlary we gurluşy

Maglumat bazary çylşyrymly, köpugurly giňişlikdir. Žurnalistik maglumat önümçiligiň barşyna we satuwyna görä iki bölege bölünýär:

Olaryň *birinjisi* – çeşmeler bazary. Ol çap edilýän döwürleýin neşirleriň redaksiýalarynda, teleýaýlymlarda, radioda we habarlar gulluklarynda žurnalistik maglumaty öndürmek üçin zerur bolan gulluklaryň ählisini öz içine alýar. Bu serişdelere maliýe maýalary, işçi güýji, materiallar hem-de energiýa, enjam, şeýle-de žurnalistik, mahabat, statistik, ylmy we ş.m. maglumatyň dürli görnüşleri degişlidir.

KHBS-iň işi üçin zerur bolan serişdeleriň her biri degişli bazarlarda – maliýe, işçi güýji, kagyz we beýleki materiallar, maglumatlar bazarynda we ş.m. satylýar. Redaksiýalar we kompaniýalar bu bazarlara alyjy hökmünde çykýarlar. Olar zerur bolan harytlary maliýe guramalaryndan we senagat kärhanalaryndan, ýetmezçilik edýän žurnalistik maglumaty bolsa habarlar gulluklaryndan we beýleki redaksiýalardan, kompaniýalardan satyn alýarlar.

Maglumat bazarynyň *ikinji* bölegi – bu köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önüminiň haryda öwrülýän we alyş-çalyş işiniň amala aşyrylýan, ýagny onuň satuwynyň we satyn alynmagynyň bolup geçýän giňişligidir. *Bu, hususan-da* **habar bazarydyr.**




**3-nji surat. KHBS-de menejment işiniň serişdeleri**

Täze žurnalistik maglumatyň çykan wagty bazarda bar bolan ähli zat täze maglumat önüminiň satuwyna we satyn alynmagyna itergi ýa-da päsgel berýän ulgamdyr. Bu gurşawa beýleki döwürleýin neşirler – maglumat bazarynda eýýäm bar bolan çap we elektron neşirler hem degişlidir. Onuň ugurlarynyň biri *döwürleýin* **neşirleriň bazarydyr.** Beýlekisi – täze maglumat önüminiň satuwyna ýardam berýän ýaýradyjylar bazarydyr. Üçünjisi bolsa, **alyjylar bazary** bolup durýandyr.

**Bap boýunça sowallar:**

1. KHBS-iň önümi näme?
2. Ykdysady ýagdaý KHBS-e nähili tasir edýär?
3. KHBS-iň önümçiliginiň nähili häsiýetli aýratynlygy bar?
4. Näme üçin žurnalistik maglumatyň tebigaty iki taraply hasaplanylýar?
5. Nähili ýagdaýda žurnalistik maglumaty öndürijiler bilen ony sarp edijileriň arasynda bazar gatnaşyklary emele gelýär?

6. KHBS-de näme haryt birligi hökmünde çykyş edýär?
7. Maglumat bazary näme? Ol nädip emele gelýär?
8. Önümçilik bilen sarp edişiň arasyndaky gatnaşygyň dialektiki häsiýetini düşündiriň.
9. Maglumat bazarynyň ugurlary barada aýdyp beriň.
10. Maglumat bazarynyň gurluşy nähili?
11. Döwürleýin neşirleriň bazarynyň haýsy ugurlaryny bilýärsiňiz?

# *III bap. Internet neşirleriniň mazmunynyň monetizasiýalaşdyrylmasy*

## 3.1. Häzirki zaman onlaýn žurnalistikasyndaky üýtgeşmeler

Häzirki zaman žurnalistikasynda köp neşir edijiler sarp edijilere öz neşirleriniň onlaýn görnüşlerinde dessin habarlaryny, iňňän köp teswirlerini we seljermelerini hödürlemek bilen, öz iş tertiplerini üýtgetdiler. Gazetleriň web-saýtlarynda şekilli klipler, surat arhiwleri, çyzgylar we jedweller – okyjylaryň sanynyň artmagyna ýardam berýän zatlaryň ählisi peýda boldy.

Onlaýn okyjylaryň sany gazetleriň we žurnallaryň kagyz görnüşini okaýanlaryň sanyndan geçse-de, ol neşirýatlaryň maliýe ýagdaýyny düzedibermedi. Bu, esasan, internet ulanyjylaryň köpüsiniň tor HBS-i tarapyndan berilýän maglumatlar üçin tölemäge taýýar däldigi bilen baglanyşyklydyr.

Soňky ýyllarda halkara mahabat bazarynda hyrydarlygyň gaýtadan paýlanylmasy bolup geçdi. Mahabat berijiler kem-kemden adaty köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden internete geçýärler. Internet torlaryndaky giň möçberli bilimler esasynda adamlaryň köpüsi häzir öýünden çykman, aragatnaşyk, iş, dynç alyş ýaly esasy durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyryp bilýärler. Şunuň bilen baglylykda, bu meýdançada mahabata bolan hyrydarlyk ýokarlandy, mahabat berijileriň yzy bilen çap köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem internete geçdi.

Çap neşirleriniň internete geçmegi çökgünlige garşy çäredir: internet gazetini ýa-da žurnalyny çykarmak has arzan – internet portal

üçin çykdajylar çap neşirine garanyňda ep-esli azdyr. Neşir edijiniň aňyna ilki bilen gelýän zat: neşiri ýapanyňdan ony tora geçirmek has bähbitlidir.

Torda neşiri enjamlaýyn ösdürmek has aňsat. Mundan başga-da, ulanyjylar çap görnüşine garanyňda, onlaýn görnüşe has uly gyzyklanma bildirýärler. Häzirki zaman adamlarynyň hemmesinde diýen ýaly ykjam telefon bar. Bary-ýogy birnäçe gezek basýarsyň welin gözleýän neşiriň gözüň öňünde peýda bolýar. Maglumatlaryň köp bölegi mugt, ýagny internete tölemek bilen adam köp sanly saýtlara girip, dürli ugurlardan ummasyz maglumaty alyp bilýär.




**4-nji surat. Häzirki zaman KHBS-iniň ulgamy**

Garşylyklaýyn aragatnaşyk mümkinçiligi hem auditoriýany özüne çekýär – ulanyjy täzeligi okap, oňa teswir berip, bu babatda beýleki okyjylaryň näme pikir edýändigini bilip, ol barada durmuş ulgamlarynda (sosset) gürrüň berip bilýär.

KHBS-iň internete gitmeginiň ýene bir sebäbi maglumaty ýaýratmagyň tizligidir. Täzelik diňe ýüze çykan pursatynda täzelikdir, soň ol «lenta boýunça hereket edýär» we täze maglumatlar peýda bolýar. Ýagny köpçülikleýin habar beriş serişdeleri islege görä sazlanylýar.

## 3.2. Monetizasiýalaşdyrma – ykdysady düşünje

Häzirki wagtda döwrebap KHBS üçin internet meýdançalaryndan girdeji gazanmagyň ýollaryny tapmak möhüm meseledir. Ýag-

ny, gürrüň çap neşirleriniň saýtlarynda ***monetizasiýalaşdyrmanyň*** (haýsydyr bir zady, şol sanda maddy däl aktiwleri pula öwürme işiniň gidişi) dürli nusgalarynyň durmuşa geçirilmegi barada barýar. Monetizasiýalaşdyrma häzirki zaman žurnalistika giňişliginde ykdysady düşünje bolup, haýsydyr bir zady kanuny töleg serişdesine öwürmek işiniň barşyny aňladýar, adalga özüniň marketing manysyna maglumat tilsimatlarynyň gurşawynda eýe boldy.

Maglumat tilsimatlarynyň ösüşiniň häzirki zaman tapgyrynda saýtlary we programma üpjünçiligini döredijiler tölegli hyzmatlary we olaryň görkezilmesiniň tölegini ony ýerleşdiren adamlar tarapyndan amala aşyrylýan mahabaty girizmek arkaly öz taslamalaryndan pul almak işiniň barşyny şeýle «atlandyrýarlar». Başgaça, monetizasiýalaşdyrma mugt bolup biljek ýa-da mugt zatdan pul almagyň bir usulydyr. Marketinge degişlilikde monetizasiýalaşdyrma önümi ýa-da hyzmaty öndürijä her bir sarp ediji üçin indiwidual (şahsy) teklip döretmäge mümkinçilik berýändigi üçin örän özboluşly hadysadyr.

Statistiki maglumatlardan mälim bolşy ýaly, maglumat önümleriniň gurşawynda monetizasiýalaşdyrma özüni ynamly alyp barýar we eýýäm birnäçe ýyl bäri ol ulanmak üçin durnukly ugur hasaplanýar. Häzirki tapgyrda programma üpjünçiligi, mazmun, dürli internet saýtlary, güýmenje we maglumat çeşmeleri – olaryň ählisi öz önümini monetizasiýalaşdyrýar.



*Internet arkaly* aragatnaşyk ulgamy boýunça geçýän habar habar girdejisidir. Iş ýüzünde sarp ediji monetizasiýalaşdyrmanyň bu görnüşine hiç hili ýagdaýda gatnaşmaýar. Ulanyjy, köplenç, şol wagtda serişdeleri çekmegiň obýekti bolup durýandygyna düşünmeýär.

Ýetirmegiň adaty serişdelerinden tapawutlylykda, Internet mahabaty, ony gören sarp edijileriň sanyny we onuň gyzyklandyran adamlarynyň sanyny anyk yzarlamaga mümkinçilik berýär. Mahabat berijiniň nukdaýnazaryndan, harytlaryň mahabatynyň bu usuly has şahsylaşdyrylandyr. Birinjiden, mahabat beriji sarp edijä tematiki mahabaty zerur wagty we zerur ýerinde ýetirmek mümkinçiligini gazanýar. Ikinjiden, ol diňe özüniň mahabatyny gören sarp edijiler üçin töleýär.

### 3.3. Monetizasiýalaşdyrmanyň käbir düzgünleri

*Birinji düzgün,* tor köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň güýçli özeni emele gelen bolmaly. Diňe ulanyjylaryň sany köp bolan ýagdaýynda tölegli abuna geçmek okyjylaryň az ýitgisine getirer.

*Ikinji düzgün,* tölegli abuna geçmek tapgyrlaýyn amala aşyrylyp bilner. Auditoriýa üçin has ýerlikli boljak başlangyç zat tölegli elýeterlilikdir, şonda diňe tölän adama degişli bolan materiallara başgalar üçin elýeterlilik çäklendirilýär.

Üçünji düzgün, «berk diwar» (tölegli, nyrh böwedi) görnüşi özboluşly mazmuna ýöriteleşýän internet köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin laýyk gelýär. Muňa ykdysady seljerişe we çaklamalara ýöriteleşýän iş neşirlerini degişli etmek bolar.

*Dördünji düzgün,* okyjylar köpçüliginiň dürli birmeňzeş islegleri we hajatlary bolan alyjylar toparyny, şol sanda ýeňillikler göz öňünde tutulyp, okyjylar üçin abuna töleginiň bahasyny kesgitlemäge kömek eder diýlip hasaplanan täjirçilik meýilnamasy bolmaly.

*Bäşinji düzgün,* tölegli abuna esaslanýan täjirçiligi alyp barmagyň ykdysady nusgasyny gurmak diňe döwletde ykdysady we syýasy durnuklylyk bolan ýagdaýynda mümkindir.

Media meýdanynda özara gatnaşyklary düýpgöter üýtgedip biljek kanunlaryň girizilmegi diňe bir onlaýn köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde tölegli abunalaryň ulgamynyň emele gelmegi üçin däl-

de, eýsem, KHBS-iň kärhanalarynyň ykdysady ygtybarlylygy üçin öňünden çak edip bolmajak ykdysady netijelere getirýär.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň internet saýtlarynda monetizasiýalaşdyrmanyň birnäçe görnüşi amala aşyrylýar.

## 3.4. Taslamanyň monetizasiýalaşdyrylmasy

**Taslamanyň monetizasiýalaşdyrylmasy** *tölegli hyzmatlary goşmagyň, mahabatlary, salgylanmalary we ş.m. ýerleşdirmegiň hasabyna taslamadan girdeji almakdyr.* Çap köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalary tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän monetizasiýalaşdyrmanyň üç sany esasy görnüşi tapawutlandyrylýar (*3.1-nji şekile seret*).

Mahabat berijiniň töleýän ýagdaýyndaky monetizasiýalaşdyrma redaksiýada müşderiler, ýagny mahabat berijiler bilen işleşjek mahabat gullugynyň (gulluklarynyň) bolmagyny göz öňünde tutýar. Redaksiýa neşiriň saýtyna girýänleriň sany, girýän adamyň bir girende saýtdaky näçe sahypany görýändigi, şeýle-de girýäniň saýtda ortaça bolýan wagty baradaky maglumatlara eýe bolmaly. Redaksiýa mümkin bolan ýokary üstünlikli mahabat ulgamynyň hereketleriň umumy ugruny taýýarlamak üçin bu maglumatlary mahabat berijä bermeli.




**3.1-nji şekil. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalary tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän monetizasiýalaşdyrmanyň esasy görnüşleri**

Neşiriň saýtynda ulanyp boljak mümkin bolan mahabat görnüşleriniň hatarynda kontekst mahabatyny, media mahabatyny (peýda bolýan penjireler we bannerler), natiw (gönümel, tebigy) mahabatyny ýa-da sargyt makalalaryny tapawutlandyrmak bolar.

Okyjynyň töleýän ýagdaýyndaky monetizasiýalaşdyrmanyň esasy usullaryna hyzmatlaryň we tölegli diwarlaryň ulanylmagy degişlidir.

*Hyzmatlar.* Häzirki günde onlaýn neşirleriň köpüsi goşmaça girdeji almak üçin hyzmatlar ulgamyny ulanýar. Has giňden ýaýran hyzmatlara şahsy bildirişleriň, petek berkidip goýmak we satyn almak mümkinçiligi bilen görnükli ýerlerde ýerleşdirilýän bildirişleriň, hünärmenleriň maslahatlary (hukukçylar, ykdysatçylar we beýlekiler) bilen bölümleriň, walýuta kalkulýatorlarynyň we beýlekileriň ýerleşdirilmegini degişli etmek bolar.

*Tölegli diwar* onlaýn neşirde onlaýn abunasynyň guralmagydyr. Ol dürli görnüşde bolýar. Ýöne häzirki wagtda mugt maglumatyň sarp edijiniň nämä töleýändigine düşünmegi üçin goşulan gymmaty bolan has ýöriteleşdirilen, tölegli maglumat bilen utgaşýan nusga örän meşhurdyr.

Häzirki günde şeýle nusga internet gazetleri tarapyndan durmuşa geçirilýär. Neşir esasy maglumatlara mugt elýeterliligi berýär, ýöne has aýratyn we çäkli ugurly maglumatlar üçin tölemeli bolýar.

Üçünji tarapyň töleýän ýagdaýyndaky monetizasiýalaşdyrma hyzmatdaşlyk maksatnamalarynyň we internet arkaly adamlaryň öz pullaryny jemlemekleriniň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýar.

*Hyzmatdaşlyk maksatnamalaryny* (internet dükanlary, syýahatçylyk kompaniýalary, ätiýaçlandyryş we ş.m.) neşiriň saýtyna hyzmatdaşlaryň programmalaryny girizmek we olaryň harytlaryny hem-de hyzmatlaryny satmakdan göterim almak arkaly amala aşyrylýar.

*Kraudfanding (iňl.)* – ol halk maliýeleşdirmesi bolup, şahsy we edara taraplar neşiriň döredilmegi üçin pul töleýärler. Mysal üçin, «Korrespondent» internet çeşmesi döredilende, şol usul ulanyldy. Döredijiler neşiriň durmuş baradaky seljerme, uzyn, jikme-jik materiallara ýöriteleşjekdigini aýdýarlar. Iň pes goşant 60 ýewro (neşir üçin ýyllyk abunanyň bahasy) bolup, netijede, neşiriň döredilmegi üçin, takmynan, 1,8 mln ýewro ýygnalýar.

## 3.5. Mediakonwergensiýa barada düşünje

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň esasy görnüşleri mazmun döretmekde we ýaýratmakda özüniň žanr özboluşlylygy hem-de aýratynlyklary bilen özbaşdak we öz-özüni dolandyrýan birlik hökmünde ösdi. Mediakonwergensiýa adaty we täze medialaryň birikmesi bolup, ol kontenti gaýtalamak (dublirleme) bilen utgaşdyrylan saýlaw media meýdançalarynyň döredilmegidir. Mediakonwergensiýa, dürli KHBS-leriň bileleşmegi we biri-biriniň içine ornaşmagy şertlerinde ozalky dürli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň arasyndaky serhetler ýitip gitdi, internet žurnalistikasynyň täze žanrlary ýüze çykdy, mazmuny hödürlemegiň düýbünden täze görnüşleri peýda boldy.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Häzirki zaman onlaýn žurnalistikasyndaky özgertmelere baha beriň.
2. Monetizasiýalaşdyrma näme?
3. Näme üçin monetizasiýalaşdyrma ykdysady düşünje hasaplanylýar?
4. Internet mahabatynyň häsiýetli aýratynlyklary nämeden ybarat?
5. Aragatnaşyk ulgamy boýunça geçýän habar monetizasiýalaşdyrylmasy hakynda aýdyp beriň.
6. Metbugat redaksiýalary we monetizasiýalaşdyrma.
7. Monetizasiýalaşdyrmanyň nähili düzgünleri bar?
8. Taslamanyň monetizasiýalaşdyrylmasy nähili bolup geçýär?
9. Neşiriň saýtynda ulanyp boljak mahabat görnüşleri hakda gürrüň beriň.
10. Mediakonwergensiýa nähili düşünýärsiňiz?

# II BÖLÜM.
# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ YKDYSADYÝETI

## *IV bap. KHBS-iň ykdysadyýeti*

### 4.1. Redaksiýa bazar ulgamynda

Bazar ykdysadyýeti öz işinde bazara gönügen ykdysady taýdan özbaşdak öndürijileriň toplumydyr. Bazar ykdysadyýetine ony beýleki ykdysady nusgalardan tapawutlandyrýan aýratynlyklar, ýagny hususy telekeçiligiň erkinligi, bäsdeşlik, girdeji ulgamy mahsusdyr.

Bazar ykdysadyýetiniň her bir subýektiniň hem käbir aýratynlyklary bolýar. Ilkinji nobatda, onuň özbaşdak hojaýyn, hukuk ýa-da hususy şahsdygyna garamazdan, kesgitlenen hukuklary we borçnamalary bardyr. Şol bir wagtyň özünde bazar ykdysadyýeti şertlerinde «eýesi» düşünjesiniň özi-de kanuny görnüşdedir: onuň öz emlägine eýeçilik etmäge, peýdalanmaga we ygtyýarlyk etmäge hukugy bardyr.

Aýry-aýry raýatlar (özbaşdak eýeler) hem, eýeçilik toparlary hem hususy eýeler bolup biler. Hususy eýelere kärendesine alynýan emlägiň (enjamyň) eýesi däl hem bolsa, kärendesine alynýan emläkde öndürilen önümiň eýesi bolan kärendeçi-de degişli edilýär.

Bazar diňe bar hem-de bolup biljek haryt, ýa-da hyzmat satyn alyjylaryň bolmagyny, ýa-da söwda üçin meýdançany aňlatmaýar. Ol alyş-çalyş babatdaky durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Şol gatnaşyklar netijesinde harydyň, hyzmatyň ýerlenilmegi bolup geçýär. Haçanda jemgyýetçilik serişdelerini, sarp edijilik harytlarynyň, intellektual önümiň bazaryny we innowasiýalary (açyşlar, oýlap tapyşlar, täze tilsimatlar, nou-haular), maliýe, işçi güýjüniň bazaryny özünde jemlände ol bazar hasaplanylýar. Marketing anyk bir bazary öwrenmek we seljermek, harydy öňe «ilerletmegiň» baş ýörelgesi bilen meşgullanýar. Menejment bazar gatnaşyklary ulgamynda kärhanany guramak we dolandyrmak işlerini alyp barýar.

Žurnalistikanyň ykdysadyýeti barada aýdylanda, bazara geçiş döwründe köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalary ykdysady işler bilen barha ýakyndan meşgullanyp ugradylar. Girdeji, balans we arassa girdeji, marketing, menejment, dolandyryş – bu we beýleki düşünjeler gazet redaksiýalarynyň, teleýaýlymlaryň we radio kompaniýalarynyň durmuşyna aralaşýar. Žurnalistika hünärini berýän ýokary okuw mekdepleriniň okuw maksatnamasynda «žurnalistikanyň ykdysadyýeti», «Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti» ýaly dersler peýda boldy.

Häzirki zaman gazet-žurnallarynyň ýa-da telewideniýedir radio ýaýlymlarynyň redaksiýasyna edara tarap hukukly, öz-özüni maliýeleşdirmek esasda işleýän we adaty bolmadyk intellektual, ruhy harydy ýerlemek arkaly girdeji gazanmaga ymtylýan özbaşdak täjirçilik kärhanasy hökmünde garamak bolar. Netijede, islendik täjirçilik kärhanasy ýaly köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasy hem bazar ykdysady ulgamyna birigýändir.

Žurnalistikanyň häzirki döwür ykdysadyýeti, bazar dolandyryş gurluşyna esaslanýan žurnalistik işjeňligiň netijelerini öndürmek, paýlamak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek babatynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumydyr.

## 4.2. KHBS-iň bazarynyň şertleri, täjirçilik gurşawy

Munda habar bazaryndaky bäsdeşligiň mynasyp orny bardyr. Redaksiýanyň maksady bar bolan we bolup biljek habar satyn alyjylaryň jemi bolan şol bazar tarapyndan özüniň döredijilik önümçiliginiň harydyny oňat kabul edilmegini gazanmakdyr. Munuň özi «haryt-pul» çalşygynyň tizleşmeginiň we bolup biljek okyjylary, telegörüjileri we radiodiňleýjileri çekmegiň hasabyna bazaryň işjeň paýynyň artmagyna getirip biler.

Eger KHBS-iň bazary hakynda gürrüň edilse, munda habar, ýagny köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümi bolan habarlar (metbugat, elektron, radio...) barada aýdylanda, onuň şertleri, täjirçilik gurşawy barada durup geçmeli bolýar.

Islendik redaksiýa, KHBS-e durmuş ulgamy hökmünde garalýar we şol görnüşdäki tertipde döwlet belligine alynýar. Neşirýat işi

bilen meşgullanmak üçin Döwlet neşirýat gullugyndan ygtyýarnama alynýar.

Başga tarapdan bolsa, redaksiýa täjirçilik kärhanasy bolup durýar. Edara tarap hökmünde onuň ähli hukuklary we borçlary bardyr. Islendik kärhana ýaly redaksiýa hem bazar ykdysady ulgamyna degişlidir.

Ykdysady faktor (*kesgitleýji pursat, ýagdaý)* redaksiýa menejmentiniň tutuş işiniň gidişine örän uly täsir edýär. Ol menejmentiň maksatlaryny, ugurlaryny we häsiýetini kesgitleýär.

Mälim bolşy ýaly, bazar gatnaşyklarynda hereket edýän redaksiýanyň işlemegi, belli bir derejede işiniň erkinligi onuň maliýe garaşsyzlygyna baglydygy sebäpli, gazetiň menejmentiniň möhüm wezipeleriniň bir bölegi neşiriň ykdysady binýadyny döretmekden, girdeji gazanmakdan ybarat. Şonuň üçin redaksiýany dolandyrmak işi, redaksiýanyň menejmenti ykdysady häsiýete eýedir. Ol toparyň ähli işgärleriniň ykdysady taýdan dolandyrylyşy bolup durýar.

Redaksiýanyň menejmentiniň ikinji maksady redaksiýanyň ähli işgärlerinde ykdysady pikirlenmäni, olaryň işiniň redaksiýanyň we gazetiň ykdysady binýadyna täsir edýändigine akyl ýetirmeklerini terbiýelemekden ybaratdyr. Şunda redaksiýanyň ýolbaşçylary topary dolandyrmagyň barşynda birnäçe ykdysady ýörelgelerden ugur alýarlar.

Şolaryň *ilkinjisi* döwürleýin neşiriň girdejililigidir. Diňe girdeji gazanylmagy gazetiň hereket etmegini üpjün edip bilýär. Şonuň üçin redaksiýanyň işgärleriniň işi şol maksada gönükdirilýär.

*Ikinji ýörelge* neşiriň bäsleşige ukyplylygy, ol hem neşiriň girdejililigi bilen baglanyşyklydyr. Gazetde girdejililik diňe beýleki neşirler bilen ýiti bäsleşik esasynda gazanylyp bilner.

Üçünji ýörelge ýeterlik derejedäki tygşytlylygyň bolmagydyr. Ol bolsa az güýç, serişde, energiýa, wagt sarp etmek arkaly gazanylýandyr. Işiň ähli ugurlar boýunça oýlanyşykly tygşytlylygy has gysga wagtda we iň tygşytly ýol bilen ýokary netije gazanmagyň esasy şertleriniň biridir. Redaksiýanyň menejmentiniň öz maksatlaryna ýetmäge ymtylmagy redaksiýanyň tutuş häsiýetinde we işinde öz beýanyny tapýar.

## 4.3. Redaksiýanyň döredijilik we ykdysady bölekleri

Gazet redaksiýasynyň işgärleriniň düzüminiň artmagy, gurluşynyň üýtgemegi, göwrüminiň giňemegi redaksiýany iki bölege – döredijilik we ykdysady bölege bölýär.

Onuň *birinji bölegine* redaksiýanyň döredijilik gurluşlary, žurnalistler-dolandyryjylar, habarçylar, şeýle hem žurnalistleriň işlemegi üçin şertleri döredip berýän tehniki bölümler degişlidir.

Redaksiýanyň *ikinji bölegini* bolsa ykdysady, täjirçilik gurluşlar düzýär. Bularyň her biriniň-de öz öňünde durýan wezipeleri, şeýle hem olaryň her biriniň öz ýolbaşçylary: birinjisinde baş redaktor hem-de baş menejer bolýar. Bölümleriň her biri-de öz işlerini biri-birlerine garaşsyzlykda erkin ýerine ýetirýärler.

Şol bir wagtyň özünde hem olar biri-biri bilen üznüksiz arabaglanyşykda hereket edýärler we öz täsirlerini ýetirýärler. Bu işleriň barşynda işgärler üznüksiz menejmentde dolandyrylýarlar. Ýöne redaksiýa menejmentiniň her bir görnüşinde hem işgärleriň öňünde durýan wezipeleriň özboluşlylygyna laýyklykda düýpli aýratynlyklary bolýandyr.

*Birinjisinde* – redaksiýanyň döredijilik böleginde žurnalistler topary baş redaktoryň ýolbaşçylygynda gazetiň sanlarynyň taýýarlanylmagyny we çykarylmagyny üpjün edýärler. Bu ýerde žurnalistler makalalary taýýarlamak, olary bezemek we gazet sahypasyna bermek işi bilen meşgul bolýarlar. Dolandyryjylar – baş redaktor we beýleki döredijilik gurluşlarynyň ýolbaşçylary önümçilik menejmentini alyp barýarlar.

*Ikinjisinde* – redaksiýanyň ykdysady böleginde ýolbaşçylar – menejerler öz meselelerini çözmek bilen ykdysady, ilkinji nobatda bolsa maliýe menejmenti bilen meşgullanýarlar. Redaksiýa menejmentiniň özeni umumy, ýöne olaryň her biriniň öz häsiýetli aýratynlyklary bardyr.

*Redaksiýanyň wezipesi* onuň döredijiligini bar bolan we bolup biljek habar satyn alyjylaryň jemi bolan bazaryň döwtalap kabul etmegini, okyjylary, diňleýjileri, tomaşaçylary köpräk çekmegiň hasabyna girdejiniň artmagyny gazanmakdyr.

Žurnalistika, *birinjiden*, diňe bir durmuş ulgamynyň bir bölegi bolman, eýsem, köpçülikleýin auditoriýa üçin makalalary, gepleşikle-

ri taýýarlap, žurnalistikanyň infrastrukturasy arkaly olara ýetirmek, enjam, habar, guramaçylyk-dolandyryş, şeýle hem okuw we ylmy merkezler bilen üpjün edilýän gazet-žurnallaryň redaksiýalaryny, kitap neşir edijileri, teleýaýlym we radio kompaniýalaryny öz içine alýan jemgyýetiň aýratyn bir durmuş institutydyr.

*Ikinjiden,* ol durmuş institutynyň hereket etmegi üçin zerur bolan iş görnüşleriniň möhüm ulgamy: ozaly bilen wajyp durmuş habarlaryny toplamak we olary ýaýratmakdyr.

*Üçünjiden*, işiň şeýle görnüşi üçin redaktordan başlap, korrektora çenli, režissýordan başlap, şekil inženerine çenli we ş.m. zerur hünärleriň jemidir.

*Dördünjiden*, žurnalistler tarapyndan döredilýän eserleriň ulgamydyr.

*Bäşinjiden*, ol köpçülikleýin habar bermegiň metbugat, radio, telewideniýe, internet ýaly görnüşleriniň toplumydyr. Haçanda žurnalistika barada gürrüň edilende, köplenç, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, köpçülikleýin aragatnaşyk serişdeleri, metbugat, neşir (ýa-da elektron neşir) ýaly düşünjeler ulanylýar.

Guramanyň işini üstünlikli, netijeli, öndürijilikli edýän zat guramaçylyksyz mähelläni netijeli, öndürijilikli topara öwürýän işiň aýratyn görnüşi bolan dolandyrmadyr. Dolandyrmanyň, ýagny adamlara täsir etmegiň jemi üç sany düýpli tapawutlanýan guraly bardyr.

Birinjisi – *köpbasgançaklylyk,* munda täsir etmegiň esasy serişdesi ýokardan aşaklygyna basyş, maddy serişdeleriň paýlanylyşyna gözegçilik we ş.m. arkaly mejbur etmek, höküm etmekdir. Ikinjisi – *medeniýet*, ýagny jemgyýet tarapyndan kemala getirilen we jemgyýet, gurama, topar tarapyndan ykrar edilen adamy özüni başgaça däl-de, hut şeýle alyp barmaga mejbur edýän kadalar, garaýyşlar, däp-dessurlar, gymmatlyklardyr. Üçünjisi – *bazar*, ýagny harytlary we hyzmatlary satmak hem-de satyn almak, emläk gatnaşyklarynyň, satyjy we alyjynyň bähbitleriniň deňagramlylygyna esaslanýan deňhukukly gorizontal (keseligine) gatnaşyklaryň toplumydyr.

Häzirki wagtda dolandyrmakda menejerleriň orny düýpli ýokarlandy. Dolandyrma ýa-da menejment giňişleýin bilimleriň hünärine öwrüldi. Onuň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işi bilen

baglanyşykly käbir ugurlary barada aýdylanda, redaksiýanyň menejmenti, dolandyryşy köp derejeli bolup durýar, ýagny bölüm redaktorlaryndan we döredijilik toparlarynyň ýolbaşçylaryndan başga-da, adaty žurnalistler dolandyryjy hökmünde hem toparlara bölünip bilner, çünki olar habarçylyk we seljerme bermek işinden başga-da guramaçylyk işleri bilen hem meşgullanmaly bolýarlar. Olar awtorlar, geljekki makalalarynyň gahrymanlary we köpçülikleýin auditoriýa bilen aragatnaşyk saklaýarlar. Gazetiň gündelik sanyna nobatçylyk edip, onuň çykyşyna ýolbaşçylyk edýärler, ýygnaklarda onuň işiniň esasy ugurlaryny seljerýärler. Radio we telewideniýe işgärleri babatda hem hut şulary aýtmak bolar. Işgärleriň güýjüni ulanyp bilmek üçin žurnalistlerem, redaktorlaram onuň meselelerini bilmelidirler.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Bazar gatnaşyklary diýlen düşünjä nähili garaýarsyňyz?
2. Bazar şertlerinde žurnalistikanyň ykdysadyýetini nähili göz öňüne getirýärsiňiz?
3. KHBS kärhana hasaplanylýar. Munuň sebäbini düşündiriň?
4. KHBS-iň bazarynyň şertleri, täjirçilik gurşawy nähili?
5. Redaksiýanyň döredijilik we ykdysady bölekleriniň işi barada gürrüň beriň?
6. Redaksiýanyň wezipeleri nämelerden ybarat?

# *V bap. Redaksiýanyň ykdysady wezipeleri*

## 5.1. Redaksiýanyň wezipeler toplumy. Önümçilik we ykdysady wezipeler

Bazar ykdysadyýeti nukdaýnazaryndan redaksiýanyň işi belli bir maksatlara gönükdirilýär. Bazar kärhanasynyň maksady hemişe ösüşde we özara gatnaşykda bolan köp ugurlar bilen häsiýetlendirilýän özüniň geljekki ösüşli ýagdaýydyr. Redaksiýa kärhana hökmünde belli bir özboluşly taraplara eýe bolsa-da, onda islendik önümçilige mahsus bolan esasy maksatlar toparyny tapawutlandyrmak bolar. Bu önümçilik we ykdysady maksatlardyr.

Önümçilik maksatlary. Muňa önümçilik we önümiň söwdasy, nusganyň artdyrylmagy, önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy degişlidir. *Ykdysady maksatlar* nusganyň artdyrylmagy bilen bir hatarda geçgelliginiň, ýörgünliliginiň saklanmagyny, maliýeleşdirmek we maýa goýum meseleleriniň oňyn çözülmegini, girdejililigiň we düşewüntliligiň ýokarlandyrylmagyny öz içine alýar. Soňkulary redaksiýanyň esasy maksatlaryna degişli etmek hem bolar.

Elbetde, bu maksatlara ýetmek bilen redaksiýanyň çözmeli meseleleriniň sanawy çäklenmeýär. Mundan başga-da, onuň birnäçe önümçilik maliýe-ykdysady we durmuş maksatlary bardyr. Redaksiýanyň ykdysady howpsuzlygyny, maliýe garaşsyzlygyny, zähmet üçin adalatly sylagy, ösen zähmet şertlerini, serişdeleri tygşytlamak meselesini muňa degişli etmek bolar.

Ýokarda sanalan her bir maksat yzygiderli ünsi, ep-esli çykdajylaryň sarp edilmegini talap edýär. Olaryň her biri aýratynlykda öwrenilmäge mynasypdyr.

Bu ýerde ykdysady maksatlara üns bermek bilen, redaksiýa kiçi ykdysady birlik hökmünde garalmalydyr. Redaksiýanyň ykdysady maksatlarynyň arasynda şulary kesgitleýji hökmünde häsiýetlendirmek bolar.

Aňrybaş amatly nusga sanyny gazanmak. Nusga sany belli bir döwürde umumy satuwyň görkezijisidir. Ony jemi girdeji, jemi satuw möçberi hökmünde kesgitlemek bolar. Hut nusga sany redaksiýany dolandyrmagyň ykdysady netijeliliginiň başlangyç görkezijisidir. Hatda iki redaksiýanyň umumy girdejisini deňeşdirmek bilen hem olaryň maliýe-ykdysady görkezijilerine baha berip bolar.

Redaksiýanyň indiki maksady *deňagramly nusga sanynyň gurluşynyň gazanylmagy* bolar. Redaksiýanyň umumy girdejisi birnäçe çeşmeden emele gelýär.

Ykdysady maksadalaýyklyk nukdaýnazaryndan olaryň has köp girdeji getirýänleri ösdürilmelidir. Emma iş ýüzünde mahabat işiniň redaksiýanyň esasy girdeji çeşmesine öwrülen ýagdaýlary hem az däldir. Bu ugry ösdürmek bilen, jemgyýetçilik-syýasy neşirler mahabat neşirlerine öwrülýärler. Iň ýaramaz tarapy hem, girdejiniň hatyrasyna sargyt edilen, tölegli materiallary köp peýdalanmak bilen, redaksiýa

«öz ýüzüni ýitirip biler». Şeýle ýagdaýda nusga san gurluşynyň seljermesi redaksiýanyň ýolbaşçysyna ykdysady we beýleki çözgütleri kabul etmegiň zerurlygyny duýdurýar.

Çykdajylar. Bu dereje işiň dowamynda redaksiýa tarapyndan sarp edilen ähli pul mukdaryny öz içine alýar. Çykdajylary ykdysady maksat hökmünde görmek bilen, redaksiýanyň ýolbaşçysy olaryň ählisiniň işiň obýektiw zerurlygy bilen şertlendirilmegi bilen gyzyklanýar. Ýöne haýsydyr bir ykdysady maksatlary gazanmak bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar maýanyň boş sarp edilmegi bolar we neşiriniň ýokary çykdajysy sebäpli redaksiýa bäsdeşlik göreşinde agsap biler.

Harydy öndürmek we satmak üçin zerur çykdajylar harajat diýlip atlandyrylýar. Olar çykdajynyň düzüm bölegidir. Bu bölegiň ähli çykdajylara degişlilikde näderejede uludygyny olary deňeşdirmek arkaly kesgitläp bolar. Ähli çykdajylarda harajatlaryň paýy näçe köp bolsa, şol redaksiýa yhlasly, başarjaň hojaýyn ýolbaşçylyk edýär diýip şonça-da ynamly aýtmak bolar.

Girdeji gurluşy ýaly harajat gurluşy hem seljerme derejesine degişlidir. Ol redaksiýanyň ýolbaşçysyna önümiň esasy nyrh emele getiriji böleklerini kesgitlemäge, harydy we hyzmaty üpjün edijileri saýlamakda karara gelmäge mümkinçilik berýär.

Girdeji redaksiýanyň esasy ykdysady maksatlaryna degişlidir. Ol satuwdan gazanylan girdejileriň maýa çykdajylaryndan artykmaç bolan möçberinden emele gelýär. Umumy we arassa girdeji tapawutlandyrylýar.




**5.1-nji şekil. Redaksiýanyň ykdysady maksatlarynyň özara gatnaşyklarynyň toparlara bölünişi**

Girdejililik çykdajylary yzyna gaýtarmagyň derejesi bilen häsiýetlenýär we girdejini gazanmak üçin çykarylan çykdajylar bilen bu girdejini deňeşdirmek arkaly hasaplanylýar.

Redaksiýanyň ykdysady maksatlary özara gatnaşykda bolýar. Şol özara gatnaşyklaryň häsiýetini üç topara bölmek bolar (*5.1-nji şekile seret*).

## 5.2. Ykdysady maksatlaryň özara gatnaşygy

Iki maksadyň arasynda özara gatnaşygyň bir görnüşiniň ýa-da hiliniň bolmagynyň hökmany däldigini göz öňünde tutmalydyr. Iki maksat olaryň durmuşa geçiriliş derejesine baglylykda üç tapgyrdan geçip biler, olaryň her birinde özara täsiriň bir görnüşi ýüze çykar.

Ýokarda görkezilen maksatlaryň durmuşa geçirilmegi öz-özünden amala aşmaýar. Olaryň gazanylmagy dürli täsirler esasynda bolup, olaryň bir bölegi togtadyjy ýagdaýlaryň wezipesini ýerine ýetirýär.

*1. Tebigy serişdeler, çig mal meselesi.* Gazet redaksiýasy bu ýagdaýy kagyz, elektrik energiýasy, ýyladyjy desga, suw we gazet öndürilende ulanylýan beýleki materiallar üçin baha arkaly duýýar. Hut şu ýagdaýy redaksiýanyň ykdysady we maliýe maksatlaryna ýetmegini bökdeýjilere degişli etmek bolar, sebäbi sanalyp geçilen çeşmeler redaksiýanyň býujetiniň çykdajy böleginiň esasy paýyny düzýär, girdejini çäklendirýär.

*2. Adamyň zähmet mümkinçilikleri.* Olaryň ýagdaýy hem-ä öndürijiligi, hem-de önümiň hilini kesgitleýär. Žurnalistika üçin habarçynyň ussatlygy diňe bir neşir bilen gyzyklanma nukdaýnazaryndan däl, eýsem, maliýe netijeleri nukdaýnazaryndan hem möhümdir. Žurnalistleriň meşhurlygy gazetiň satuw möçberine we girdejä täsir edýän neşir abraýyny ýokarlandyrýar.

Redaksiýalaryň makalalarynyň hil taýdan gowşak taýýarlanmagy bilen baglanyşykly arz etmeler zerarly ep-esli pul tölemeli bolýandygy, munuň bolsa maliýe netijelerini peseldýändigi mälimdir.

*Telekeçilik ukyplary*. Ýolbaşçynyň bilimi, zehini we zähmetsöýerligi redaksiýanyň işinde oňyn netijeleriň gazanylmagyna aýgytlaýjy täsiri ýetirip biler.

*Redaksiýanyň esasy maýasy (bina, önümçilik serişdeleri).* Köplenç, kärhananyň baýlygyna onuň önümçilik kuwwatyna görä baha berýärler. Ýöne görkezilen ýagdaý oňyn bolmak bilen, önümçilik döwründe ýokary öndürijilik gazanylmalydyr.

*Ylymda, tehnikada, menejmentde ösüş*. Bu önüm birligi üçin çykdajy derejesini, girdejini, haryt we hyzmat bazarynda bäsdeşlige ukyplylygy kesgitleýär.

*Umumy hyrydarlyk*. Ol gazet üçin kesgitleýji ýagdaýdyr. Ilatyň girdejisiniň azalmagy döwürleýin neşire bolan hyrydarlygy peseldýär.

Ýokarda sanalyp geçilenler gönüden-göni täsir etmelere degişlidir. Öňde goýlan maksatlaryň durmuşa geçirilişine gytaklaýyn täsir edýän ýagdaýlar hem az däldir.

Redaksiýanyň ykdysady maksatlaryny we olary durmuşa geçirmegiň ýollaryny göz öňünde tutup, üýtgäp durýan iş, ykdysady we durmuş ýagdaýlary, ykdysady maksatlary kesgitlände ýokarda sanalanlar bilen birlikde redaksiýany käbir çaklamalary etmäge mejbur edýändigini bellemek gerek:

– maksatlary durmuşa geçirmegiň möhleti boýunça ýakynlaşma;

– görkezijiler boýunça ýakynlaşma.

Mundan başga-da, üýtgeýän we dolandyryp bolmaýan sebäpleriň bolmagy öňde goýlan maksatlara ýetmekligiň barşyna düýpli düzedişleri girizip biler: belli bir ýagdaýlarda esasy maksat hökmünde kesgitlenen zat has ýokary maksada ýetmegiň serişdesi bolup biler.

Şeýlelikde, maksatlaryň çarçuwasynyň we maksatlaryň köpbasgançaklylygynyň bardygy baradaky netijä gelinýär. Maksatlaryň şular ýaly çarçuwasy göz öňünde tutulýar:

– maksatlary gysga we uzak möhletleýin maksatlara bölmek (wagt çarçuwasy);

– maksatlary bazar gurşawy boýunça bölmek (giňişlik çarçuwasy);

– kärhananyň maksatlaryny we şahsyýetleriň, redaksiýanyň işgärleriniň maksatlaryny görkezmek (olar gabat gelmän hem biler);

– maksat goýmak bilen ýüze çykan çäklendirmeleri kesgitlemek (käbir maksatlara ýetmek üçin nämedir bir zatdan geçmeli bolýar).

Maksatlaryň köpbasgançaklylygy «maksatlaryň daragtynda», ýagny maksatlaryň biri-birine garaşlylygynyň bu «daragtdaky» mak-

satlaryň her biriniň ýokarda goýlan maksada ýetmegiň şerti ýa-da ony durmuşa geçirmegiň netijesi bolup hyzmat edýän ýagdaýynda gurnalmagynda şöhlelendirilýär.

Maksatlaryň köpbasgançaklylygy hökmany suratda maksatlaryň çarçuwasynyň talaplaryny göz öňünde tutýandyr. Mysala ýüzleneliň. Redaksiýa öz neşiriniň sahypalaryndan mahabat neşirlerini aýyrmagy baş maksat edinýär. «Maksatlaryň agajy» gurlanda baş maksatdan şeýle goşmaça maksatlar zynjyry düzülýär:

– býujet ýetmezçiligini ýeňip geçmek;

– boşadylýan meýdançalary awtoryň eseri ýa-da başga mahabat däl materiallar bilen doldurmak;

– satuwyň möçberini ýokarlandyrmak ýa-da şol mukdarda nyrhyň ýokarlandyrylmagy;

– awtorlyk makalalary üçin meýdançanyň giňelmegi bilen baglanyşykly galamhak gaznasyny artdyrmak.

Şol bir wagtyň özünde gazetiň önümçiligini we işgärleri saklamak üçin çykdajylary azaltmak maksady bilen zähmet töleginiň gaznasyny, kärendesine alynýan ýerleri, gazetiň göwrümini, çykyş ýygylygyny, reňkli sahypalary çäklendirmek zerurlygy ýüze çykyp biler.

Ýüzlenilen mysaldan görnüşi ýaly, ykdysady maksatlar olaryň bir derejeden beýlekisine esassyz geçirilmegini, ileri tutulýan ugurlaryň ýygy-ýygydan üýtgedilmegini makullamaýar.

Diňe dolandyryş arkaly ýagdaýa täsir edip, dürli maksatlaryň we pursatlaryň özara täsiriniň häsiýetini bilmekden peýda gazanyp bolar. Häzirki ýagdaýda biz dolandyryşa institut hökmünde däl-de, wezipe hökmünde garaýarys. Şu nukdaýnazardan, dolandyryşa giň we dar manyda düşünilýär.

*Giň manyda dolandyryş* – bu maksatnamany durmuşa geçirmek ýa-da öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin saýlanyp alnan täsirleriň toplumydyr. Şu ýagdaýda täsir diýip nämä düşünmeli? Bu ýolbaşçynyň belli bir ykdysady ýagdaýda özüni alyp barmagydyr. Eger dolandyryş gurallaryny maksatlar bilen aýratynlaşdyrmaga synanyşyk edilse, onda giň manyda dolandyryş üçin maksatlaryň çarçuwasyny kesgitlemek we köpbasgançaklylygyny döretmek esasy zat bolar.

*Dar manyda dolandyryş* – tapgyrlara bölünýän anyk guramaçylyk çärelerinden ybarat: maksatlary kesgitlemek; maksatlara ýetmegiň meýilnamalaryny düzmek; serişdeleri bölüp bermek we ýerine ýetirijileri bellemek; işiň netijeleri barada maglumat almak; netijeleri meýilnama bilen deňeşdirmek; meýilnamany ýa-da hereketleri düzetmek; gözegçilik. Ýagny, dar manyda dolandyryş maksatlaryň özara täsirini dolandyrmakdyr.

Eger maksatlar bilen dolandyryşyň özara gatnaşygyny bir bitewilige birleşdirsek, biz «Ýolbaşçy maksatlaryň gatnaşygyna nähili täsir edip bilýär? Onuň elinde näme bar?» diýen sowallara jogap berip bileris.

*Esasy maksady saýlamak.* Bu ähmiýetlilik derejesinden ugur alyp, ýolbaşçynyň häzirki wagtda esasy hökmünde bir maksady saýlamagyny we galanlarynyň ählisini oňa tabyn etmegini göz öňünde tutýanlygydyr: eger redaktor esasy maksat hökmünde gazetiň nusga sanyny köpeltmegi saýlasa we oňa abuna bahasyny pese düşürmek arkaly ýetse, ol girdeji, girdejililik, zähmet töleginiň derejesini saklamak müşgillikleri bilen ýüzbe-ýüz bolar.

*Saýlanan maksadyň esasy maksat hökmünde saklanjak döwrüni kesgitlemek.* Bu ýolbaşçynyň maksadyň derejesini wagt babatda şahsy duýgularyndan ugur almak bilen, «gereginden artyk saklamaly däldigini» göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýda maliýe-ykdysady görkezijiler, diňe bir satuwy ýokarlandyrmak arkaly gazanylmasa-da, esaslandyrylan, subut edilen ölçeg bolup hyzmat etmelidir.

*Durmuş taýdan ähmiýetli maksatlar* hem bolup, olar dürli raýat institutlary (birleşikler, partiýalar, gaznalar we ş.m.) tarapyndan grantlary, ýagny, maliýe goldawyny bermek, talyp haklary bellemek we beýleki usullar arkaly köp wagtlap saklanyp bilner.

Şol bir wagtyň özünde redaksiýa üçin hemişe ileri tutulan iki maksadyň bardygyny göz öňünde tutmaly: *geljekde redaksiýany saklamak we girdeji gazanmak.* Girdeji gazanmak eýeçiligiň islendik görnüşindäki redaksiýa üçin baş maksatdyr, sebäbi ondan köp gaznalar emele gelýär.

Ýöne hatda maksatlaryň takyk kesgitlenmegi we başarnykly dolandyryş hem ýene-de iki ýagdaý göz öňünde tutulmasa, üstünlige doly kepil geçip bilmez: içki we daşky gurşaw. Ykdysady maksatlara ýetmek öz zähmet toparyň içinde we töwerek bilen gatnaşyklaryň nähili guraljakdygyna baglydyr. Daş-töwerek barada gürrüň edilende, iki pursaty bellemek gerek:

Bazaryň ähli subýektleri maliýe, maddy we habar akymlary arkaly özara baglanyşykda bolýarlar.

Bazaryň her bir subýekti gatnaşyklardan maddy, maliýe ýa-da habar nukdaýnazaryndan peýda garaşýar.

*Redaksiýanyň içi we daş-töweregi.* Bazaryň subýektleriniň özara gyzyklanmasy degişli gatnaşyklary we elbetde, jogapkärçiligi göz öňünde tutýar. Arassa bazar (ilkinji nobatda, maliýe) jogapkärçiligine durmuş we etiki jogapkärçiligi degişli etmek bolar. Jogapkärçiligiň soňky görnüşleri barada gürrüň edilende, olaryň maddy tarapyny ýa-da netijelerini aradan aýyrmaly däldir. Mysal:

– durmuşdaky eýeleýän orny nukdaýnazaryndan redaksiýa pensionerler üçin has pes abuna nyrhyny goýýar;

– etiki jogapkärsizlik redaksiýa üçin kazyýetiň üsti bilen jerimeler we tölegler görnüşinde maddy ýitgilere getirip biler.

Ösen bazar gatnaşyklary üçin kada öwrülen düzgünler hem bar. Olary şeýle beýan etmek bolar:

*Birinji düzgün*: jemgyýetçilik toparlarynyň bardygyny ykrar etmek, redaksiýany esaslandyryjylaryň, egindeşleriň, paý agzalarynyň, işgärleriň, sarp edijileriň öňünde, ozaly bilen, abunaçylaryň öňünde redaksiýa jogapkärdir;

*Ikinji düzgün:* çözgütler kabul edilende köpçülik üçin aňrybaş bähbit, adam hukuklarynyň berjaý edilmegi, adalatlylyk ýörelgelerinden ugur almak;

*Üçünji düzgün:* işgärleriň etika babatda özüni alyp barşyny höweslendirmek, bazarda etiki özüňi alyp barşyň nusgasyny görkezmek.

Girdeji hemme zatdan ileridir. Redaksiýanyň abraýy girdejiden has gymmatlydyr.

## 5.3. Redaksiýanyň ykdysady işiniň ýokary derejede amatlylaşdyrylmagy

Gazetleriň redaksiýalarynyň bazar ykdysadyýetine girmek babatdaky döwri olaryň ykdysady binýadynyň ýokary derejede amatlylaşdyrylmagy, redaksiýalaryň bazar ykdysady kärhanasyna öwrülmekligi bilen amala aşyrylýar. Býujetleriň düýpli böleginiň özgermegine getiren redaksiýalaryň gurluşyndaky üýtgeşmeler şonuň bilen baglanyşyklydyr. Redaksiýalarda maliýe menejmentine we bazar marketingine geçilmeginiň möhüm ähmiýeti bardyr.

Gazet redaksiýalarynyň mundan beýläkki ykdysady ösüşi ýaýbaňlanar we çaltlaşar. Täze bir ugur hökmünde artykmaçlygyny emele getirýän onuň tebigaty, hili, häsiýeti bilen baglanyşykly habar beriş serişdesi hökmünde peýdalanmaklyk has-da öser. Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýetini öwrenýän hünärmenler oňa eýýäm üns berdiler. Ýöne, bu redaksiýalarda heniz ulanylmaýar.

Gazet redaksiýasy üçin emissiýa – maýa çekmek mümkinçiligi has möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Gazetler üçin açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti hökmünde paýnamalaryň goşmaça mukdaryny çykarmak we olary gymmatly kagyzlar bazarynda ýerlemeklik şeýle mümkinçiligi açmaýar.

Öz gazetine abuna ýazylyşygy üpjün edýän redaksiýalar has uly mümkinçilikleri gazanýarlar. Neşiriň nusga sanyny ýaýratmak we ýerlemek boýunça ozaldan mälim bolan usulyň düýp manysy maýanyň redaksiýa emissiýasyny (akymyny) aňladýar.

Edara tarap hökmünde bellige alynmagynyň guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan, redaksiýa abuna ýazylyşygyny gurap, ony islendik wagt we islendik döwür üçin yglan edip biler. Munuň üstesine-de, ol paýnamanyň ýerine ýöne bir abuna ýazylyşyk üçin pul serişdesini kabul edip alnandygy baradaky dil hatyny – resminamany gowşurmak we oňa derek belli bir möçberdäki pul serişdesini almak bilen, abunaçynyň öňünde hiç hili jogapkärçilik çekmeýär. Redaksiýa diňe berilýän gazet sanlary arkaly onuň bilen hasaplaşýar.

Bellemeli zat, redaksiýa öz neşiriniň ýokary derejede bolmagyny gazanmak bilen abunaçyny özüne mäkäm çekýär we maýanyň özüne gelýän dowamlylygyny näbelli möhlete çenli uzaldýar.

Islendik täjirçilik kärhanasy özünde maglumatlar binýadynyň bolmagy, özüniň harydyny satyn alýanlar baradaky maglumatlaryň bolmagy ugrunda aladalanýar. Bu işiň özi uly tagallalary, wagty we harajatlary talap edýär. Emma gazet redaksiýasy şeýle maglumatlary – abunaçylaryň familiýalary we salgylary görkezilen kwitansiýalaryň toplumyny erkin we mugtuna öz ygtyýaryna alýar. Diňe şolary tertibe salyp, zerur bolsa, olar bilen aragatnaşygy ýola goýup, alnan maglumatlar gazetiň bazara girmeginiň ýokary derejede amatlylaşdyrylmagy we nusga sanlarynyň ýerlenilmegi üçin peýdalanylyp bilner. Şeýle maglumatlary redaksiýanyň menejerleri gazeti ýaýradyjylardan – abuna ýazylyşygyny geçiren guramalardan alyp bilerler. Ol gazetiň redaksiýasynyň eýeçiligi bolup durýar.

Habar beriş serişdeleriniň bolup biljek maliýe artykmaçlygy – habar kompaniýasynyň, şol sanda, gazet redaksiýasynyň hem, dolanyşyk serişdeleriniň hereketiniň çaltlaşdyrylmagyna mümkinçiligi has uludyr.

Eger adaty senagat kärhanasy tutuş ýylyň dowamynda diňe birnäçe gezek öz maýasynyň dolanyşygynyň amala aşyrylmagyny gazanyp bilýän bolsa, redaksiýa, eger zerur bolsa, öz ykdysady menejmenti arkaly, bu sany onlarça we şondan hem köp artdyryp biler. Munuň üçin maýanyň dolanyşygyny dolanyşyk serişdeleriniň gazet nusgasynyň satylmagyndan düşewünt hökmünde gaýdyp gelmegini üpjün etjek her bir gazet sanynyň çykyşy we ýerlenilmegi bilen baglanyşdyrmaly bolar.

Gazet redaksiýalarynyň şu we başga ykdysady artykmaçlyklarynyň peýdalanylmagy olara geljekde bazardaky öz ýagdaýlaryny pugtalandyrmaga, netijeli menejmenti alyp barmaga, özüniň durnukly hereket etmegini we mundan beýläkki ösüşini üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Innowasiýalar, giň manyda aýdanymyzda, ol önümçiligiň tilsimaty, harydyň özüniň mazmuny, bezegi, hyzmaty bilen baglanyşykly menejmentiň, işi guramakdaky we dolandyrmakdaky islendik täzelikleriň girizilmegidir.

Häzirki gün redaksiýanyň işjeňliginiň möhüm meselesi hökmünde tilsimat innowasiýasy öňe çykýar.

Gazetler geçen asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap, täze tilsimatlara geçdiler. Elektron habarlaryň özgermegi bilen, stol üstündäki çaphanalar peýda boldy. Gazetler kompýuter arkaly düzülýär, tekstler kompýuter arkaly ýygylýar, işlenilýär, kompýuter çyzgysy peýdalanylýar. Gyzgyn ýygym, gazet-žurnallaryň el bilen ýygylmagy, fotosuratlaryň klişeleri (ozalky çap görnüşi) indi geçmişde galdy.

Tilsimat innowasiýalary köne enjamlaryň görnüş taýdan könelmegini ýüze çykaryp, redaksiýalary täzelenmäge mejbur edýär.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Redaksiýanyň esasy ykdysady maksatlary näme?
2. Redaksiýanyň önümçilik maksatlary hökmünde nämä düşünýärsiňiz?
3. Neşiriň aňrybaş amatly nusga sany diýip nämä düşünýärsiňiz?
4. Redaksiýanyň çykdajylary we girdejisi hakda aýdyp beriň.
5. Redaksiýanyň ykdysady maksatlary özara nähili gatnaşykda bolýarlar?
6. Maksatlara ýetilmegine täsir edýän zatlar?
7. Ösen bazarda kada öwrülen düzgünler näme?
8. Redaksiýanyň ykdysady işiniň iň amatlylaşdyrylmasy diýlen düşünjäniň manysyny düşündiriň.
9. KHBS-iň maliýe artykmaçlygy näme?

# III BÖLÜM.
# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINDE MENEJMENTIŇ ESASLARY

## *VI bap. Redaksiýanyň menejmenti*

### 6.1. Redaksiýanyň menejmenti we maksatlary

Redaksiýanyň menejmentiniň talaplaryny nazara almazdan, mediatelekeçilik işi bilen meşgullanyp bolmaýar. Şu pursatda menejment diýip, birinjiden, redaksiýanyň toparyny dolandyrmak, bu işiň usullarynyň ulgamy we görnüşleri, ikinjiden bolsa, topara ýolbaşçylyk edýän dolandyryjylar toparyny häsiýetlendirýän menejer diýlip atlandyrylýan belli bir anyk hünäriň wekilleri göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda ykdysady gatnaşyklaryň kämilleşýän we bazar gatnaşyklaryna ynamly geçilýän häzirki döwründe habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýetinden we menejmentinden ýakyndan habarly bolmagyň wajypdygy ikuçsuzdyr.

Dolandyryş işlerininiň netijeli alnyp barlyşynyň özleşdirilmegi, menejerleriň (täjirçilik direktorlarynyň) ýerine ýetirýän amallarynyň içgin öwrenilmegi täze ykdysady şertlerde zerurlyk bolup durýar. Redaksiýanyň menejmentiniň esasy wezipeleriniň biri ähli işgärlerde ykdysady pikirlenmäni, olaryň zähmetiniň redaksiýanyň we gazetiň ykdysady binýadyna edýän täsirine akyl ýetirmeklerini terbiýelemekden ybaratdyr. Şunda redaksiýanyň ýolbaşçylary topary dolandyrmagyň barşynda birnäçe ykdysady ýörelgelerden ugur alýarlar.

Girdeji gazanylmagy gazetiň işjeňligini üpjün edip biler. Şonuň üçin redaksiýanyň ähli işgärleriniň işi şol maksada gönükdirilýär. Neşiriň bäsleşige ukyplylygy neşiriň girdejililigi bilen baglanyşyklydyr.

### 6.2. Adam gatnaşyklary arkaly menejment

Islendik guramanyň adamlardan ybaratdygyndan ugur alsak, menejment işgärleriň zähmetiniň gurnalmagy hökmünde şahsy önümçi-

ligiň wajyp bölegi bolup durýandyr. Onuň wajyplygy, hemişe-de başarnykly işgärleri tapmagyň aňsat däldigi bilen baglanyşyklydyr.

Netijede, guramanyň üstünligi we şowsuzlygy, ilkinji nobatda menejeriň üstünligi we şowsuzlygydyr. Işiň şowlamadyk ýagdaýynda, oňat ýolbaşçy işgärleri däl-de, baş redaktorlary (başlyklary) çalyşýar.

Şeýlelikde, menejment öz zähmet toparynda guramanyň işini ýola goýýar. Menejer işde öz isleýän netijesini gazanmak üçin, işgärleriň iş başarnygyndan ugur alyp, işi ýola goýýar. Ol maksadyna ýetmek üçin işi talabalaýyk guraýar we adamlara iş tabşyrmagy başarýar. Şonuň üçin hem menejerleri köp halatda «ýerine ýetiriji ýolbaşçy» diýip atlandyrýarlar. Sebäbi olaryň hünäriniň manysy köplenç şol guramanyň işini ýerine ýetirmekden ybarat bolup durýar.

Bu ýerde menejer edaranyň maksady üçin hemaýat bermek usulyny ulanýar, ýagny şol guramada işleýän adamlary ruhlandyrýar. Häzirki zaman menejmenti «adam maýasynyň» ösüşini we şol maýanyň hiliniň üýtgemegini hemmetaraplaýyn göz öňünde tutmaly bolýar. Guramanyň ýokary ýolbaşçylary netije çykarmak babatda öz güýjüni ýitirýär. Işiň göwrümi we agramy birnäçe işgäre bölünýär we ýekebara işgärleriň üstüne ýüklenýär. Işgäriň ýolbaşça bolan gatnaşygy hem üýtgeýär.

## 6.3. Ýolbaşçy, ýolbaşçynyň şahsyýeti we onuň işgärleriň şahsy özgermesine ýetirýän täsiri

Ýolbaşçy guramanyň we toparyň dolandyryş wezipeleri resmi taýdan üstüne ýüklenen adamdyr. Ýolbaşçy öz saýlanan toparynyň öňünde wezipesini nädogry ýerine ýetiren ýagdaýynda ol jogapkär hasaplanylýar. Şeýle-de, ol öz işgärlerine temmi çärelerini görmek, işjeňligine täsir etmek maksady bilen olary höweslendirmek, sylaglamak ýaly çäreleriň giň mümkinçiliklerine hem eýedir. Liderden tapawutlylykda, ýolbaşçy resmi suratda kesgitlenen hukuklara we borçlara eýe, mundan başga-da, beýleki guramalaryň öňünde topara wekilçilik edýär. Ol iş toparynda guramaçylyk-hukuk gatnaşyklarynyň ýerine ýetirilmegini, sazlanylmagyny we dogry guralmagyny iş ýüzünde durmuşa geçirýän şahsdyr.

Ýolbaşçynyň şahsyýeti, ykdysady ýagdaý redaksiýanyň menejmentiniň tutuş işiniň gidişine uly täsir edýär. Ol menejmentiň maksatlaryny, ugurlaryny we häsiýetini kesgitleýär. Redaksiýanyň işlemegi, onuň işiniň belli bir derejedäki erkinligi maliýe garaşsyzlygyna baglydygy sebäpli, gazetiň ýolbaşçylarynyň möhüm wezipeleriniň biri neşiriň ykdysady binýadyny döretmek, girdeji gazanmakdyr. Şonuň üçin redaksiýanyň dolandyrylmagy, redaksiýanyň menejmenti ykdysady häsiýete eýe bolýar. Ol toparyň ähli işgärleriniň ykdysady taýdan dolandyrylmagy bolup durýar.

Ýolbaşçynyň şahsyýetiniň işgärleriň şahsy özgermesine ýetirýän täsirleri barada aýdylanda, guramalarda, toparlarda ýolbaşçynyň orny örän uludyr, ol näçe işeňňir, maksada okgunly, adamlar bilen özara gatnaşyklarda çeýe bolsa, guramanyň bazar gatnaşyklaryndaky gazanýan üstünlikleri hem şolara bagly bolýar. Ýolbaşçylaryň aragatnaşyk babatdaky ukyplary, redaksiýada olaryň gymmatly goldawlary, ýörelgeleri, ýolbaşçy we işgäriň arasyndaky jedeller barada, ýolbaşçylaryň psihiki hem-de fiziki taýdan saglygynyň işgärlere nähili täsir ýetirýänligi barada bilmek gyzyklydyr. Bu diňe bir ýolbaşçylar üçin peýdaly bolman, eýsem, geljekde hünär basgançaklary bilen ýokary galmak we menejer bolmak isleýän dürli guramalaryň işgärleri üçin hem bähbitlidir.

Adamyň we onuň şahsyýetiniň kemala gelmeginiň aragatnaşyk işiniň dowamynda bolup geçýändigi ösüşiň hem-de kämilleşmäniň psihologiýasyndan mälimdir. Eger kiçijik çaga uly adam bilen aragatnaşykdan mahrum bolsa, onda bu ýagdaý çaganyň psihiki we fiziki ösüşiniň näsazlygyna getirip biljekdigi äşgärdir. Bu ylmy synaglar arkaly subut edilendir.

Aragatnaşyk – bu adamyň şahsyýetiniň kemala gelmegindäki wajyp ýagdaýdyr. Daş-töweregimizdäki adamlar bilen özara gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen, biz diňe bir gurşap alan äleme däl, öz şahsy dünýämize hem akyl ýetirýäris.

Ýolbaşçynyň esasy başarnyklary barada gürrüň edenimizde, şol ukyplaryň köpüsi onuň öz garamagyndaky işgärler bilen aragatnaşygy ýola goýmagy başaryşy bilen baglanyşyklydyr. Aragatnaşyk ýolbaşçynyň işiniň esasydyr, işgärler bilen gürrüňdeşlik bolsa guramanyň

üstünliklerini we ösüşini özünde jemleýän ruhy önümdir. Ýolbaşçy-nyň aragatnaşyk endikleri näçe ýokary bolsa, işgärleriň zähmet öndürijiligi, şol sanda kompaniýanyň girdejisi hem şonça ýokarydyr. Aragatnaşyk köpsanly basgançaklary özünde jemleýär, bulara özara gatnaşygyň ýola goýluşy we aragatnaşyk saklaýan adamlaryň arasyndaky ysnyşykly gatnaşyklaryň pugtalanmasy hem degişlidir.

Ynam ýolbaşçy bilen işgäriň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşygyň ýola goýulmagy we dowam etdirilmegi, goldanylmagy esasynda gazanylýar. Şeýle gatnaşygyň serişdeleri arkaly ýolbaşçy öz işgärlerine maglumatlary ýetirip durýar, olaryň işine baha berýär we höweslendirýär, şol bir wagtda işgäriň ornuny we guramadaky öňegidişliklerini ýola goýýar.

Ýolbaşçynyň ähli babatda özüne ynam bildirmäge islegi özünde jemleýän şeýle şahsy häsiýetnamasy örän wajypdyr, hut şonuň üsti bilen jogapkärçiligiň ygtyýarlyklary we artykmaçlyklary, galyberse-de, işgärleriň wezipe babatdaky ösüşi ýola goýulýar. Eger aragatnaşygyň ýekeje basgançagy bozulaýsa hem, ýolbaşçy özüni, guramany we öz işgärlerini ýitirýär.

Islendik aragatnaşygyň barşynda gymmatlyklaryň alyş-çalşygy bolup geçýär. Guramalaryň döredilmeginde gymmatlyklaryň ýola goýulmagynyň orny uludyr. Olar hünär mertebesine ýol görkeziji bolup hyzmat edýärler. Toparyň gymmatlyklaryna mysal getirsek, onuň girdejisi, öndürýän önüminiň hili, gazanýan üstünlikleri, güýçli dolandyryş medeniýeti, goraglylyk we ş.m. degişli edaranyň, guramanyň gymmatlyklary bolup durýar. Ýolbaşçy guramanyň şol gymmatlyklarynyň we guramaçylyk medeniýetiniň goragçysydyr.

Gündelik gürrüňdeşliklerde ýolbaşçy öz gymmatlyklaryny açyp görkezýär. Soňabaka özakymlaýyn bir görnüşe eýe bolup, guramaçylyk gymmatlyklary redaksiýanyň ýüregine, onuň ynanç-ygtykatyna öwrülýär, ýolbaşçy bolsa bu gymmatlyklaryň arassalygyny üpjün edýän ýokary «hyzmatçysydyr». Öz işgärleri bilen aragatnaşyk saklap, olaryň işine gözegçilik edýär, işiniň mazmunyny we höwesini seljerýär.

Ýolbaşçy bolmak üçin, guramanyň eýesine ýa-da ýokary wezipedäki şahsa redaksiýanyň gymmatlyklaryny diňe bir olar bilen deň

paýlaşýanlygy däl, eýsem, şol gymmatlyklary goraýanlygyny görkezmegi hem zerurdyr, bu bolsa ýolbaşçynyň muny öz işgärlerinden-de talap etjekdigini aňladýar.

Köplenç ýagdaýlarda, kompaniýalar öz içinde ýokary wezipäniň menejerlerini tapyp bilmeýärler, sebäbi işgärleriň hiç biri-de guramalaryň gymmatlyklaryna wepalydyklaryny, ygrarlydyklaryny görkezmegi başarmaýarlar. Meselem, kompaniýanyň esasy gymmatlygy onuň goraglylygyndan ybarat bolsa, onda ol kompaniýanyň eýeleri gorag gulluklaryndan tejribeli ýokary wezipäniň menejerlerini gözleýärler.

Guramada haçan oňşuksyzlyk döreýär? Munuň sebäpleri dürli-dürli bolup biler. Şeýle sebäpleriň biri-de, ol haçan-da ýolbaşçy işgäriň gymmatlyklary bilen gurama üçin has bähbitli hasaplaýan gymmatlyklaryny laýyk getirip bilmedik ýagdaýynda ýüze çykýar. Başga bir ýagdaý, kompaniýanyň has-da ösmegi bilen gymmatlyklaryň üýtgemegi we täzeleriň hasabyna baýlaşmagynda ýüze çykýar.

Eger-de firmanyň işläp başlan irki döwürlerinde onuň esasy gymmatlygy girdeji gazanmak bolsa, firma bazar gatnaşyklarynda öz ornuny tapmak babatda birsyhly gyzyklanyp başlaýar. Özlerinde çeýelik häsiýetini terbiýeläp, üýtgeşmelere uýgunlaşýan menejerler guramada işlemegi dowam etdirýärler, guramadaky üýtgeşmelere uýgunlaşyp bilmedikler bolsa işden gidýärler.

Şeýlelikde, ýolbaşçynyň şahsyýeti onuň garamagyndaky işgärleriň şahsy özgermelerine ýeterlik derejede täsirini ýetirýär. Ýolbaşçynyň öz işgärleri bilen aragatnaşykda bolmagy olaryň şahsyýetine üýtgeşmeleri girizýär. Ýokary netijelilik üçin, diňe bir zähmet toparynda däl, şahsy durmuşda hem işgär öz gymmatlyklaryny guramanyň gymmatlyklaryndan üzňeleşdirilmeli däldir.

## 6.4. Täjirçilik direktory we oňa bildirilýän esasy talaplar

Bazar şertlerinde redaksiýanyň ähli ykdysady gulluklaryna ýerine ýetiriji täjirçilik direktory ýolbaşçylyk edýär. Täjirçilik direktory kärhanany dolandyrmak ulgamynda uly orun eýeleýär. Ol kärhananyň işlemeginiň baş ýörelge meýilnamasyna we satuw meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk edýär, haryt buýrujylar

bilen aragatnaşygy ýola goýýar, logistika we harytlary ýerleşdirme ýollaryny hem-de serişdelerini kesgitleýär, bu ulgamdaky býujet dolanyşygyna gözegçilik edýär, şeýle hem marketing baş ýörelgesiniň amala aşyrylmagyny üpjün edýär. Hut täjirçilik direktory kärhananyň ahyrky netijeleriniň kemala gelmegine hem-de býujetiň girdeji böleginiň mümkin bolan, aňrybaş derejede ýokarlanmagyna jogap berýär.

Kärhananyň dolandyrylmagynda aýgytlaýjy orny eýeleýändigi üçin, täjirçilik direktory, köplenç ýagdaýda, paýdarlar bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýar. Täjirçilik direktory haryt öndürijileriň hünär okuwy babatda işgärler boýunça direktor bilen, satuw baş ýörelgesini kesgitlemekde, nyrhlar syýasatynda we beýleki meseleler boýunça bolsa maliýe direktory bilen hyzmatdaşlyk edýär.

*Täjirçilik direktorynyň esasy wezipeleri:*

– baş redaktor we paýdarlar bilen bilelikde kärhananyň geljekki hem-de häzirki işini meýilnamalaşdyrmak we çig mallary ýerlikli ulanmak;

– baş redaktor we paýdarlar bilen bilelikde söwda markalarynyň (hil nyşany) goruny giňeltmek babatdaky baş ýörelgäni işläp düzmek, kärhananyň bazardaky täsiriniň artmagy üçin täze mümkinçilikleri hem-de kärhananyň harytlary üçin täze bazarlary gözlemek;

– bazarlary we öňki satuw işlerini seljermek bilen kärhananyň önüm syýasatyny kesgitlemek, kärhananyň işlemeli geografiýasyny kesgitlemek, etrap satuwlarynyň baş ýörelgesini işläp düzmek we durmuşa geçirmek;

– kärhananyň talabalaýyk işgärler düzümini emele getirmek we okatmak;

– harytlary ýerleşdirme ýollaryny saýlamak, harydyň hereket etmeginiň, ony ýerleşdirmegiň we satmagyň marketingdäki köptapgyrlaýyn ýollaryny peýdalanmak we gymmatly kagyzlar ýa-da harytlar satylanda, ýa-da satyn alnanda satyjy bilen müşderiniň arasyndaky birža ýa-da söwda dellalçylyk torlaryny döretmek, dolandyrmak, satuw bölümine gönümel ýolbaşçylyk etmek;

– satuwy meýilnamalaşdyrmak we satuw meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine jogapkärçilik;

– kärhananyň müşderileri bilen alnyp barylýan işleri sazlaşdyrmak (ýa-da gönüden-göni işe gatnaşmak) hem-de olar bilen gepleşikleri geçirmek;

– marketing bölümi bilen bilelikde haryt görnüşlerini we baha syýasatyny, satuwy artdyrmagyň dürli meýilnamalaryny işläp düzmek (satuw marketingi: ýörite aksiýalar, arzanladyşlar, sylag meýilnamalary we ş.m.). Hut täjirçilik direktory şu meýilnamalaryň we syýasatlaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine jogap berýär;

– logistiki guramaçylyk – eltip bermek, gaplamak, ammarlar we beýlekiler. Täjirçilik direktorynyň logistiki wezipesiniň wajyplygy geljekki talaplary çaklamak we meýilnamalaşdyrmakdan, harydy eltip bermegiň hökmany gurluşyny döretmekden, şeýle-de ulag we ammar hyzmatlarynyň täze üpjün edijilerini gözläp tapmakdan ybaratdyr;

– maliýe ýyly üçin kärhananyň býujetiniň işlenip düzülmegine gatnaşmak marketingi we söwda ulgamyny hem öz içine alyp, býujetleri tassyklamak we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

– täjirçilik direktory şeýle-de täjirçilik satyn almalaryna, kärhananyň üpjün ediji bilen bökdençsiz işlemegine, üpjün edijileriň we hyzmatlaryň saýlanyp alynmagyna, üpjünçilik bilen baglanyşykly meseleleri sazlamaga hem jogap berýär;

– satuw boýunça menejeriň iş ulgamyny guramak.

Eger-de kärhana o diýen uly bolmasa, onda täjirçilik direktorynyň wezipe borçlaryna marketing hem goşulýar. Şeýlelikde, islendik ugra degişli bolan uly bolmadyk kärhanada satmak, satyn almak we marketing wezipeleri bir hünärmeniň borçlarynyň çäginde bolýar.

*Täjirçilik direktory nähili sypatlara eýe bolmaly? Nämeden baş çykarmaly?* Täjirçilik direktory – menejer wezipesine dalaşgär hünärmende hökmany suratda öz pudagy boýunça netijeli işlemegiň tejribesi bolmaly. Meselem, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde täjirçilik direktory wezipesini ýerine ýetirjek hünärmeniň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň haýsy hem bolsa bir görnüşinden iş tejribesi bolmaly. Ýokary bilimli bolmaly hem-de ykdysadyýetden we täjirçilikden baş çykarmaly. Köpsanly usullara eýe bolmagy we dil bilmegi onuň artykmaç taraplary hasaplanýar.

Täjirçilik direktory öz bilim we hünär derejesini yzygiderli artdyryp durmalydyr. Dürli okuwlara we seminarlara gatnaşmagy onuň bähbidine bolar.

Täjirçilik direktorlygyna dalaşgär hünärmene bildirilýän talaplar:

– Ş*ahsy aýratynlyklar.* Täjirçilik direktory wezipesine dalaşgärleriň şahsy aýratynlyklarynyň hatarynda şulary görkezmek bolar: jogapkärçilik duýgusy we maksada okgunlylyk, gepleşikleri geçirmekde zerur ukyplar, özüňi aldyrmak, topary dolandyryp bilmek ukyby, işde guramaçylyk ukyby, esaslylyk we ulgamlaýynlyk, liderlik aýratynlyklary, adaty däl ýagdaýlarda-da dogry çözgüt kabul edip bilmek, täze pikirleri öňe ilerletmek ukyby, beýniniň maksada ýetmek ugrundaky wezipeleri görmek we çözmek babatdaky ukyby), oňat kabul edijilik, daşky täsirlere jogap hökmünde psihologik we fiziki dartgynlyk ýagdaýyna garşy durnuklylyk we elbetde, ýokary işeňňirlik.

## 6.5. Täjirçilik direktorynyň hukuklary

Täjirçilik direktorynyň esasy hukuklary şulardan ybaratdyr:

– kärhananyň işi bilen bagly tekliplerini we özgertmeler bilen bagly başlangyçlaryny özünden ýokardaky ýolbaşçysynyň garamagyna hödürlemäge;

– döwlet we beýleki edaralarynyň öňünde öz kärhanasyna wekilçilik etmäge;

– öz tabynlygyndakylaryň wezipe borçlaryny kesgitlemäge;

– özüniň alyp barýan iş ugruna degişli bolan ylalaşyklara, taslama bäsleşiklerine gatnaşmaga.

Etrap ýa-da uly bolmadyk şäher gazetinde, baş redaktoryň maliýe menejmenti bilen meşgullanýan ýagdaýlary-da bolýar.

Redaksiýalaryň menejerleriniň maliýe syýasatynyň maksady girdejileriň çykdajylardan artmagyny hem-de peýda gazanmakdan we maliýe müşgilleriniň öňüni almakdan ybaratdyr. Muny redaksiýanyň maliýe hojalygynyň ýagdaýynyň doly hasabatynyň üznüksiz we takyk alnyp barylmagy, önümçilik bilen baglanyşykly harajatlaryň gözegçiligini üpjün etmek arkaly gazanmak bolar. Özi-de girdejiniň ähli çeşmelerini we mümkinçiliklerini bilmek hem-de ulanmak zerurdyr.

*Menejeriň işi* toparda işleri medeni we ruhy taýdan oňaýly guramakdyr. Häzirki wagtda işgärleri dolandyrmakda möhüm özgertmeler amala aşyrylýar: ýolbaşçylary dolandyrmak medeni-ruhy häsiýete eýe bolýar.

Medeni-ruhy:

1) gol astyndaky işgärler bilen gatnaşygyň ýola goýulmagy. (Menejer özüniň wezipesini söz bilen däl-de, öz hereketi bilen berjaý edip, işgärleriň hormatyny gazanmaly);

2) işgärleriň öz işiniň wajyplygyny duýmaklary üçin, olara edaranyň maksadyny aýdyň düşündirmeli;

3) işgärleriň işe döredijilikli çemeleşmegini gazanmaly, olaryň ugurtapyjylygyny maddy we ruhy taýdan höweslendirmeli;

4) işgärleriň iş bilen meşgul bolmagyny üpjün etmeli. Bu işgäriň ertirki güne bolan ynamyny ýokarlandyrýar. Işiň netijeliligini ýokarlandyrmakda esasy itergi bolup durýar;

5) toparda oňaýly gurşawy emele getirmeli, bilelikde baýramçylyklary we çäreleri bellemeli.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Redaksiýanyň menejmenti näme? Onuň öňünde nähili wezipeler durýar?
2. Redaksiýada menejment bilen kim meşgullanýar?
3. Redaksiýanyň täjirçilik direktorynyň esasy wezipesi nämeden ybarat?
4. Redaksiýanyň menejmentine nähili talaplar bildirilýär?
5. Siz redaksiýanyň menejmentiniň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
6. Adam gatnaşyklary arkaly menejment diýlende nämä düşünýärsiňiz?
7. Redaksiýada menejment gullugynyň işi nähili guralýar?

# *VII bap. Habar menejmenti*

## 7.1. Habar menejmentiniň esaslary

Habar menejmenti menejmentiň habary ýygnamaga, redaktirlemäge we ýaýratmaga ýöriteleşen ugrudyr. Ol geçen asyryň ýetmişinji ýyllarynda özbaşdak ugur hökmünde hereket edip başlady.

Habar menejmenti diýlip, auditoriýanyň ýa-da okyjynyň, ýagny müşderiniň isleglerini kanagatlandyrjak hem-de kärhananyň habar hajatlaryny üpjün etjek maglumatyň ýaýradylmagynyň we bahalan-

dyrylmagynyň, düzüminiň we meýilleşdirilmeginiň guralmagyna hem-de dolandyrylmagyna düşünilýär.

Habar menejmenti habaryň ähli görnüşleri we ýagdaýlary bilen bagly bolşy ýaly, tutuş kärhananyň hem işiniň ähli hereketlerini we amallaryny öz içine alýan zerur çözgütleriň berjaý edilmeginiň jemidir.

Habar menejmenti diýlende habary döredýän redaksiýanyň önüminiň taýýarlanyş, önümçilik we goýberiş işiniň ähli bölekleri göz öňünde tutulýar. Olara gatnaşýanlaryň orny we wezipesi, bu işiň gidişiniň şertleri we harajatlary, has ýokary netijeliligi gazanmagyň şertleri, materiallary, serişdeleri, güýçleri we başgalary tygşytlamagyň mümkinçilikleri nazara alynýar.

Elbetde, munda döredijilik işgärler toparynyň kemala gelmeginiň, onuň düzüminiň, göwrüminiň, gurluşynyň kesgitlenilmeginiň, onuň işini guramagyň uly ähmiýeti bardyr.

Bularyň özi uly tagallalary we serişdeleri talap edýär. Žurnalistik zähmetiň bazaryndaky ýagdaý, gazetiň abraýy, žurnalistiň işine hak tölemek babatdaky mümkinçilikleri we başga şertler serişdeleriň möçberi bilen dahylly bolup durýar.

Menejmentiň dürli görnüşleri biri-biri bilen özara gatnaşykda bolýarlar (meselem: resmi, habar). Mälim bolşy ýaly, habar menejmenti düşünjesi dar we giň manylarda ulanylýar. Dar manyda menejmente «iş dolandyryjylyk» sözüniň sinonimi hökmünde garalýar. Habar menejmenti düşünjesine kesgitleme bermek üçin şu aşakdaky ýagdaýlara üns bermek gerek:

*1. Habar* – derejeleriň toplumy, ýagny işewür söhbetdeşligiň şertleri we serişdeleri:

*Habar* – guramanyň maglumatlaryny jemgyýete ýetirmegiň serişdesi;

*Habar* – daşky gurşaw baradaky maglumatlaryň çeşmesi;

*Habar* – önüm.

*2. Habar menejmenti* anyk, açyk ýagdaýda amala aşyrylýar.

*3. Habar* işiniň barşynda dolandyryş çözgüdini kabul etmäge ýardam edýän özbaşdak önümçilik ýagdaýyny hödürleýär.

*4. Habar menejmenti* diňe bir habar bilen baglanyşykly bolman, guramanyň habar işi bilen hem baglydyr.

*Habar menejmenti* habaryň guramanyň bähbidinde döredilmeginiň we ulanylmagynyň dolandyryş işidir.

*Habar menejmentiniň maksady* işiň dürli görnüşleriniň sazlaşmagy esasynda guramalaryň düýpli ösmegini serişdeler bilen üpjün etmekdir.

*Habar menejmentiniň wezipeleri:*

Dolandyryş işiniň barşynda guramany ýokary hilli maglumatlar bilen üpjün etmek;

Dolandyryşy habar çeşmeleri arkaly amala aşyrmak;

Dolandyryşda habaryň dürli derejede işläp taýýarlanylmagyny üpjün etmek;

Dolandyryşy söhbetdeşlik – adamdan adama habary geçirmek arkaly üpjün etmek.

## 7.2. Habaryň görnüşleri we habar ulgamy

*Habaryň görnüşleri* köp resminamalar görnüşinde; habarlaryň resminamasy görnüşinde; söhbetdeşligiň serişdesi görnüşinde mälimdir. Dolandyryş diňe bir çözgüdiň kabul edilmegi hasaplanylman, eýsem, ähli dolandyryş işleriniň toplumydyr. Habar menejmenti häzirki zaman guramalarynyň ähli wezipelerine degişlidir.

Habar tilsimaty habary işläp taýýarlamak we saklamak üçin niýetlenen kompýuteri hem-de programma üpjünçiligini, şeýle hem habarlary geçirmek üçin aragatnaşyk tilsimatlaryny öz içine alýar.

*Habar ulgamy* ýerlerde we obýektlerde, guramanyň içindäki we daşyndaky adamlar barada maglumatlary saklaýar.

Maglumat ulgamynda habar üç sany iş arkaly öndürilýär.

Olar: hyrydarlyk bildirýän guramanyň çözgütleriniň kabul edilmegi üçin, dolandyryş, täze döredilen önüm ýa-da hyzmatlar üçin meseleleriň seljerilişi: girizme, işläp taýýarlama, çykarma.

*Girizme işiniň barşynda* guramalaryň içindäki we daşky gurşawyndaky barlanylmadyk habarlar, maglumatlar ýazylyp bellige alynýar ýa-da toplanylýar. *Işläp taýýarlamagyň* barşynda bu çig mal materialy belli bir derejeli ähmiýetdäki görnüşde üýtgedilýär. Çykar-

ma döwründe işläp taýýarlanylanlar olaryň ulanyljak ýerlerine, işgärlere geçirilýär.

Guramanyň kompýuter habar ulgamy hakyky we hakyky däl görnüşde bolýar. Hakyky ulgam kabul edilen we tertibe salnan, toplanan, saklanan, peýdalanylan maglumatlara daýanýar.

Hakyky däl ulgamda habaryň ýüze çykmagynda, ony işläp taýýarlamakda hiç bir düzgün, kada ýok. Şunuň ýaly ulgam guramanyň hereketde bolmagy we işini dowam etmegi üçin zerurdyr.

Kompýuter maglumaty taýýarlamak we saklamak binýady bilen üpjün edýär. Kompýuter programmalary, programma üpjünçiligi kompýuteriň işiniň dolandyrylyşynda uly ähmiýete eýedir. Kompýuter habar ulgamynyň bir bölegidir.

Bu ýerde binany mysal hökmünde getirmek bolar. Bina çekijiň, çüýleriň we agajyň kömegi bilen gurlandyr, emma şolaryň özleri jaý guranoklar. Binagärlik, taslama, desga, gurluş we bölekleri döretmek ýolundaky ähli çözgütler – bular hem öýüň bir bölegidir.

Kompýuter we programmalar diňe gurallar hem-de materiallardyr, olaryň özleri gurama üçin zerur bolan maglumaty öndürip bilmeýärler. Habar ulgamynda hereket etmek üçin meselä düşünmek, ol ýa-da başga netijä gelmek üçin onuň binagärçiligini anyklamak, şonuň üstünde işlemek zerurdyr.

Häzirki zaman menejerleriniň habar sowatlylyk ulgamynda kompýuter sowatlylygynyň ele alynmagy, özleşdirilmegi zerurdyr. Maglumatlar jemgyýeti birnäçe adamyň döredijilik bilen meşgullanýan, maglumaty goraýan, ony işleýän jemgyýetidir.

Maglumatlar çeşmesi aýratyn resminamalar we resminamalar toplumy, şeýle hem maglumat ulgamynyň (kitaphanalaryň, arhiwleriň, gaznalaryň, banklaryň...) resminamalar toplumydyr. Redaksiýanyň önümiň taýýarlanyş, önümçilik we goýberiş işiniň ähli bölekleri göz öňünde tutulýar: olara gatnaşýanlaryň orny we wezipesi, bu işiň şertleri we şolar bilen baglanyşykly harajatlar, has ýokary netijeliligi gazanmagyň şertleri, materiallary, serişdeleri, güýçleri we başgalary tygşytlamagyň mümkinçilikleri degişlidir.

## 7.3. Redaksiýanyň habarlary taýýarlaýan işgärler babatdaky syýasaty

Döredijilik işgärler toparynyň düzüminiň, göwrüminiň, gurluşynyň kesgitlenilmeginiň, onuň işini guramagyň ähmiýetiniň uludygy äşgärdir. Gazetiň görnüşine, onuň göwrümine, çykyşynyň döwürleýinligine baglylykda baş redaktor redaksiýanyň düzüm birligindäki gazetiň çykarylmagyny, okyjylaryň islegleriniň kanagatlandyrylmagyny we olaryň sanyny köpeltmegi üpjün edip biljek döredijilik işgärleriniň iň pes möçberini kesgitleňýär.

Redaksiýanyň menejerleri mümkingadar az güýç, serişde, energiýa, wagt sarp edip, öz maksatlaryna ýetmäge çalyşýarlar. Olaryň işiniň ähli ugurlar boýunça oýlanyşykly tygşytlylygy has az wagtda, iň gysga we iň tygşytly ýol bilen ýokary netije gazanmagyň esasy şertleriniň biridir.

Baş redaktor düzüm birliginden daşary habarçylary köpräk çekmegiň hasabyna düzümdäki işgärleriň sanyny azaldyp hem biler. Bu redaksiýanyň žurnalistlere zähmet hakyny tölemek babatdaky harajatlaryny azaltmaga ýardam berer. Ýöne, elbetde, her bir redaksiýada gazetiň derejesini peseltmezden, onuň žurnalistleriniň sanyny azaltmagyň-da öz çägi bardyr.

Redaksiýanyň işgärler syýasatynda hem redaksiýanyň menejmentiniň ulgamyna belli bir orun degişlidir. Bu iş baş redaktor tarapyndan amala aşyrylýar, çünki ol iş beriji bolup durýar we onuň ýolbaşçylygynda redaksiýanyň toparyna işgäriň kabul edilip edilmezligi baradaky mesele çözülýär. Birnäçe iri redaksiýalarda işgärler syýasatyny alyp barmakda baş redaktora işgärler boýunça menejer kömek berýär. Işgär kabul etmek, redaksiýanyň içinde işgäri bir ýerden başga bir wezipä geçirmek, wezipeden boşatmak bilen baglanyşykly işgärler syýasaty, köplenç gazetiň redaksiýasynyň geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylýar we her bir aýratyn mesele boýunça anyk netijä gelinýär, ýöne çözgüt baş redaktor tarapyndan kabul edilýär.

Habar beriş serişdeleriniň işgärleri bilen iş berijiniň ýa-da işgäriň başlangyjy bilen möhletleýin şertnama baglaşylyp bilner. Eger şertnamada möhlet bellenilmedik bolsa, onda şertnama näbelli möhlet üçin diýlip hasap edilýär.

Zähmet şertnamalarynyň dürli görnüşlerini ulanmak arkaly iş beriji - baş redaktor öz hünärine ökde işgäri redaksiýada berkitmek üçin onuň bilen şertnamany näbelli möhlet üçin baglaşyp, ýa-da şertnamanyň möhleti tamamlananda onuň möhletini uzaldyp biler, ýa-da munuň tersine, iş beriji täze işgär kabul eden mahaly onuň bilen belli bir möhlet üçin, onuň iş ýüzündäki ukybyny barlamak üçin – ýarymýyllyk, bir ýyllyk synag möhleti bilen baglaşyp biler. Şunuň ýaly şertnama iş berijiniň elinde žurnaliste täsir etmekde, ony dolandyrmakda we onuň işiniň erkinligini çäklendirmekde möhüm gural bolup hyzmat edip biler.

Elbetde, žurnalist öz döredijilik işinde erkindir. Ýöne, bazar gatnaşyklary şertlerinde redaksiýalaryň önümçilik menejmenti çap edilýän materiallaryň tematikasyny we mazmunyny berk gözegçilik astynda saklamak bilen, olaryň redaksiýanyň ykdysady, maliýe bähbitlerine laýyk gelmegini talap edýär. Kanunçylyga laýyklykda žurnalist habar toplamakda we ony ulanmakda köp hukuklara eýe boldy. Ýöne baş redaktoryň hem, eger önümçilik menejmentiniň dowamynda gazete ykdysady taýdan zyýan ýetirjek bolsa, işgäriň işine düzediş girizmek we çäklendirmek babatda giň hukuklary bardyr.

Žurnalistiň hünär ussatlygyna bolan talabedijilik has güýçlendi. Baş redaktoryň özüniň-de hakyna tutulan menejerdigini ýatda saklamak gerek. Iş beriji ýa-da neşiriň eýesi onuň bilen möhletleýin şertnama baglaşýar. Bu gazetiň baş redaktorynyň orunbasaryna we baş hasapçysyna hem degişlidir.

Daşary ýurt tejribesinden mälim bolşy ýaly, redaksiýanyň döredijilik işgärleriniň zähmet haklaryny tölemegiň ulgamyny köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň esaslandyryjysy we menejeri täjirçilik direktory bilen bilelikde kesgitleýärler. Köplenç, gazetleriň redaksiýalarynda žurnalistleriň zähmetine işlenilen wagt we potratlaýyn görnüşinde, ýagny her aýyň zähmet haky we çap edilen materiallar üçin tölenýän galam haky görnüşinde hak tölenýär, işgärlere pul sylaglary hem berlip bilner. Käbir ýurtlarda galam haky tölenmän, diňe uly möçberdäki aýlyk haklary tölenýän tejribesi hem bardyr. Şular bilen birlikde, onuň aýlyk görnüşinde däl-de, diňe galam haky görnüşinde tölenýän ýagdaýlary hem bar. Redaksiýanyň diňe

bir žurnalistleriniň däl, tehniki, täjirçilik işgärleriniň zähmetine hak tölemek hem redaksiýanyň býujetiniň iri harajatlar maddasynyň biri bolup durýar.

Redaksiýanyň baş redaktoryna we başga döredijilik işgärlerine diňe bir toparyň ululygyny we düzümini däl-de, onuň işgärleriniň ýerli-ýerinde goýluşyny sazlamak hem degişlidir. Žurnalist haçan-da özüniň hünär derejesine, döredijilik mümkinçiliklerine we gyzyklanmalaryna laýyk gelýän wezipede işledilse, ondan has ýokary netijä garaşmak bolar. Haçanda ol «öz okarasynda-ýerinde» bolsa, doly güýjünde işlemek bilen, redaksiýa has köp peýda getirip biler. Bu ykdysady taýdan hem bähbitlidir. Redaksiýanyň işgärleriniň şular ýaly şowly ýerbe-ýer goýulmasynyň gazanylmagy önümçilik menejmentiniň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Okyjylaryň öňünde neşirleriň belli bir keşbiniň emele gelmeginde onuň uly ähmiýeti bolar.

Neşiriň keşbi uzak wagtlaryň dowamynda okyjylar tarapyndan döredilýär. Ol gazetiň makalalarynyň tematikasynyň we mazmunynyň aýratynlyklary, onuň görküni, suratlaryň ýerleşdirilişi, bezegi bilen baglydyr.

Haýsy awtorlaryň çykyş edýändigine görä hem gazete baha berýärler. Onuň döwürleýin neşirler bazarynda meşhurlygy we bäsleşige ukyplylygy, köplenç şoňa baglydyr. Redaksiýanyň sowatly önümçilik, döredijilik menejmentiniň dowamynda has ýokary ykdysady netijäni gazanmak üçin öz žurnalistleriniň abraýyny peýdalanmaga çalyşýarlar.

Žurnalistiň döredijilik, önümçilik işiniň etika tarapy bilen baglanyşykly meseleleri hem barha köp ykdysady ähmiýete eýe bolýar. Gazetiň abraýy emele gelende onuň möhüm bölegi bolan etiki abraýynyň ähmiýeti ýokarlanýar.

Baş redaktorlar we beýleki menejerler redaksiýanyň işgärleri tarapyndan žurnalistiki etikanyň kadalaryna eýerilmegini gözegçilikde saklamaly bolýarlar. Okyjylar gazete baha berenlerinde diňe bir onuň neşirleriniň mazmunyna, bezegine, ýerleşdirilişine görä däl-de, žurnalistler tarapyndan kabul edilen ahlak kadalarynyň berjaý edilişine görä hem baha berýärler. Elbetde, gazetiň etiki derejesi onuň okyjylar köpçüliginiň etiki derejesine hem köp derejede gabat gelýär.

Gazetiň abraýynyň adamlaryň öz aralaryndaky gatnaşyklaryň ahlak kadalaryndan pese düşmegi oňlanylmaýar. Ýogsa, gazet köp zat ýitirer, okyjysy azalar. Kazyýete berlen ýagdaýynda, gazet jerime tölemegi bilen baglanyşykly uly çykdajylara hem sezewar bolup biler.

Önümçilik menejmentiniň gidişi döredijilik toparyny dolandyrmagyň dürli usullar ulgamynyň ulanylmagy arkaly aýdyňlaşdyrylýar. Bu redaksiýanyň önümçilik menejmentiniň iň möhüm ugurlarynyň biridir. Ol redaksiýanyň ykdysady, maliýe menejmenti bilen baglanyşyklydyr.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Habar menejmenti näme?
2. Habar düşünjesine häsiýetnama beriň.
3. Habaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
4. Habar tilsimaty näme, onuň wezipesi?
5. Maglumatlar çeşmesi näme?
6. Redaksiýada işgärler düzümi hem-de onuň mukdary kim tarapyndan we nämä esaslanylyp kesgitlenilýär?
7. Redaksiýada işgärleriň ýerli-ýerinde goýulmagynyň ähmiýeti?
8. Neşiriň keşbi kim tarapyndan döredilýär?

# *VIII bap. Redaksiýada ykdysady menejmentiň aýratynlyklary*

## 8.1. Redaksiýada ykdysady menejmentiň orny

Redaksiýanyň ykdysady garaşsyzlygyny, öz-özüni üpjün etmegini gazanmakda ykdysady menejmente örän uly orun degişlidir. Mälim bolşy ýaly, munuň bilen redaksiýanyň toparynyň ikinji bölegini düzýän ykdysady menejerler, redaksiýanyň täjirçilik bölümleriniň ýolbaşçylary meşgullanýarlar. Redaksiýanyň döredijilik böleginiň ýolbaşçylaryndan tapawutlylykda, olara girdeji gazanmaga ugur alan we guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň biri boýunça bellige alnan kärhana hökmünde garaýarlar.

*Baş menejer* (ýerine ýetiriji täjirçilik direktory) redaksiýanyň ähli ykdysady gulluklaryna ýolbaşçylyk edýär. Adatça, ol baş redaktoryň

orunbasarlarynyň biri hökmünde baş redaktora tabyn bolýar, eger redaksiýanyň geňeşi bar bolsa, ol şonuň düzümine hem girýär. Ýöne ol gönüden-göni gazetiň eýesine, neşiriň döredijisine tabynlykda bolup, şonuň öňünde hasabat berip hem biler.

Ozal bellenilişi ýaly, uly bolmadyk etrap ýa-da şäher gazetinde, köplenç baş redaktoryň özüniň maliýe menejmenti bilen meşgullanýan wagty hem seýrek bolmaýar. Ýöne ol özüniň ykdysady bilimleriniň üstüni ýetirip durmaly bolýar.

Iri redaksiýalarda ol haýsy-da bolsa bir ugur bilen meşgullanýar: özi döredijilik işine ýolbaşçylyk edýär, hakyna tutulan işgär bolsa menejment bilen meşgullanýar ýa-da onuň özi ykdysady işler bilen meşgullanyp, döredijilik işlerini alyp barmaklygy orunbasarlarynyň birine tabşyrýar. Ol orunbasaryna döredijilik meseleleri bilen meşgullanmagy ynanyp, özi ykdysady ugurlary ýöredip hem biler.

## 8.2. Redaksiýanyň ykdysady böleginiň işi

Redaksiýanyň ykdysady böleginiň işi barada aýdylanda, ol ykdysady menejmentiň dürli ugurlary bilen meşgullanýan bölümleriň jemi bolup durýar. Olaryň ählisi-de özara ysnyşykly baglanyşyklydyrlar we redaksiýanyň beýleki bölekleriniň özara täsir edişi ýaly, birek-birege hem täsir edýärler. Bulara ozaly bilen, redaksiýanyň maliýe gullugy degişlidir. Oňa bolsa, baş hasapçy tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän hasaphana, şeýle hem iri toparlarda meýilleşdiriş-maliýe bölümi girýär.

Marketing boýunça menejer marketing bölümini alyp barýar. Bu bölümde marketing boýunça hünärmenler işleýärler.

Redaksiýanyň iň möhüm ykdysady gurluşlarynyň biri mahabat bölümidir. Bu bölüme mahabat boýunça jogapkär menejer ýolbaşçylyk edýär. Bu ýerde mahabatçylar – tekst düzüjiler, mahabat hünärmenleri we başgalar iş alyp barýarlar.

Iri redaksiýalarda onuň ykdysady toparynyň ýaýradyjy bölümine habar gullugy, kitap redaksiýasy we başga gulluklar girýärler. Ýokarda bellenilişi ýaly, uly redaksiýalarda baş redaktor orunbasaryna döredijilik meseleleri bilen meşgullanmagy tabşyryp, özi ykdysady ugurlary alyp baryp hem biler.

Wajyp ulgamyň biri bolan maliýe gullugyna redaksiýanyň maliýe menejeri baştutanlyk edýär. Redaksiýanyň býujetini emele getirmek we şol esasda hasaphanada işlenilip düzülýän balansyň redaksiýanyň hakyky harajatlarynyň býujet çykdajylaryny görkezýän býujetleme redaksiýanyň menejmentiniň iň möhüm guralydyr.

## 8.3. Redaksiýanyň býujeti

*Redaksiýanyň býujeti* girdeji hem-de çykdajy böleklerden ybarat bolup, onuň çykdajy bölegine döredijilik we tehniki işgärleriň işini üpjün edýän maddalar degişlidir. Redaksiýanyň umumy çykdajylar bölümine zähmete hak tölemek, maddy taýdan höweslendiriş we durmuş ösüş gaznalary degişlidir. Iş saparlarynyň tölegi, telefon, internet, faks, hatlar ýaly aragatnaşyk serişdeleri üçin çykdajylar hem şolara goşulýar.

Ulag çykdajylary – awtoulagy saklamak, olaryň ýangyç çykdajylaryny öz içine almak bilen, aýratyn madda hökmünde goşulýar. Redaksiýanyň işgärleriniň gündelik ulanýan zerur zatlary – kagyzlar, fotoenjam, kserokslar we başga enjamlary ulanmak üçin köp serişde harç edilýär.

Umumy redaksiýa harajatlarynyň köp bölegi onuň hyzmatdaşlyk edýän çaphanasy üçin harçlanylýar. Eger redaksiýanyň jaýy amanat bolsa, şol jaýyň kärende tölegi, şeýle hem özüne degişli bolmadyk mebeli we enjam serişdeleri, şol sanda elektrik energiýasy üçin uly möçberde çykdajy etmeli bolýar. Eger jaý, mebel, enjamlar redaksiýa degişli bolsa, onda şolaryň amortizasiýa (emlägiň barha könelmegi sebäpli gymmatynyň peselmegi) üçin tölegini töleýär.

Redaksiýanyň býujetiniň çykdajy maddasynyň ähmiýeti önümçilik menejmentiniň dowamynda artýar.

Balans düzülende hasaphana redaksiýanyň menejerine salgyt tölegleri barada maglumat berýär.

## 8.4. Redaksiýada täjirçilik hasap ýöredilmesi

Häzirki wagtda dünýä žurnalistika giňişliginde KHBS-iň redaksiýalary öz işlerini täjirçilik kärhanasy hökmünde alyp barýarlar. Olaryň edara tarap hökmünde ähli hukuklary we borçlary bardyr. Re-

daksiýanyň harydy adaty däl, intellektual, ideologiki harytdyr. Ol habar beriş serişdelerinde döredilýär. Beýleki kärhanalar ýaly, ol hem bazar ykdysadyýetine degişli bolup durýar. Bazar bolsa, ozaly bilen, bäsleşige daýanýandyr.

Redaksiýanyň diňe bir žurnalistleriniň däl, tehniki, täjirçilik işgärleriniň zähmetine hak tölemek redaksiýanyň býujetiniň iri harajatlar maddasynyň biridir. Redaksiýada ykdysady menejmentde üstünlik gazanmakda iň möhüm zat onuň döredijilerinde we ýolbaşçylarynda munuň üçin zerur bolan maýa serişdeleriniň bolmagydyr, ýagny ýeterlik derejede önümçiligi başlamak we dowam etdirmek üçin möhüm bolan fiziki, pul, adam we başga mümkinçilikleriniň ýeterlik bolmagydyr.

## 8.5. Redaksiýanyň esasy we dolanyşyk maýasy

Esasy maýa redaksiýanyň jaýyny gurmak ýa-da satyn almak, onuň enjamlaryny, tehnikasyny, ulag serişdelerini we ş.m. almak üçin goýulýar. Dolanyşyk maýasyna bolsa bazarda haryt bolup durýan gazeti öndürmek üçin goýulýan serişdeler degişlidir. Ol gazet satylanyndan soň, redaksiýa pul görnüşinde dolanyp gelýär.

Dolanyşyk maýasyna, şeýle-de gazet öndürmek üçin harçlanylýan materiallary satyn almak, elektrik energiýasy, işgärlere hak tölemek we başga harajatlar üçin sarp edilýän serişdeler hem degişlidir.

Redaksiýanyň maýasy gazetiň döredijisiniň, maýadarlaryň bank karzynyň we elbetde, redaksiýanyň girdejileriniň hasabyna emele gelýär. Maýanyň ulanylyş maksatlaryna görä, dürli gaznalar döredilýär.

Redaksiýalaryň menejerleriniň maliýe syýasatynyň maksady girdejileriň çykdajylardan artmagyny, peýdany gazanmakdan we maliýe gytçylygynyň bolmazlygyny gazanmakdan ybaratdyr.

Girdejiniň ähli çeşmelerini we mümkinçiliklerini bilmek hem-de ulanmak zerurdyr. Bularyň ählisi redaksiýanyň býujetinde we şonuň esasynda düzülýän balansda (deňagramlylykda) şöhlelendirilýär. Ýagny redaksiýadan gidýän we oňa gelýän maliýe akymlarynyň hereketiniň netijeleri aýdyň görünýär.

### 8.6. Gazet öndürmek bilen baglanyşykly neşir harajatlary

Bu görnüşdäki çykdajy mydama redaksiýanyň menejmentiniň üns merkezinde saklanýar.

Bu ilkinji nobatda gazet öndürmek üçin satyn alynýan *kagyzyň tölegidir*. Bu örän uly çykdajy maddasynyň möçberi kagyz bazarynyň ýagdaýyna, satyjynyň saýlanyp alnyşyna, şeýle hem, kagyzyň hiline we dykyzlygyna, redaksiýanyň menejerleriniň nusga syýasatyna baglylykda üýtgäp durýar.

Kagyzüsti tölegi bar bolan çaphanalarda gazetiň çap etdirilmegi amatlydyr.

Adatça, çaphanalar redaksiýalara kagyzy öz hakyky bahasynyň üstüne töleg goýup hödürleýärler. Bu redaksiýalary bazardan kagyz gözlemek, tölemek, ony daşamak, ammarda ýerleşdirmek ýaly meseleleriň hysyrdysyndan dyndyrýar. Ýöne öz çaphanasy bar bolan iri gazetleriň redaksiýasy, gönüden-göni kagyz öndürijileriň biri – sellýuloza-kagyz kombinatlaryň biri bilen işleşip, gazeti uzak wagtlap çykarmak üçin zerur bolan kagyzyň uly tapgyryny satyn alyp, ony öz ammarynda ýerleşdirýär. Her nähili ýagdaý bolanynda hem gazetiň ähli sanlaryny we nusgalaryny göz öňünde tutmak bilen, näçe mukdarda kagyzyň gerekdigini, hilini we agramyny deslap kesgitlemek peýdalydyr.

Çaphana işleriniň tölegi hem az harajatlary talap etmeýär. Onuň möçberi birnäçe ýagdaýlar bilen aýdyňlaşdyrylýar. Ol haýsy çaphanadygyna görä, kagyzyň we çap edilişiniň görnüşiniň, şeýle hem çaphanada nähili aýlawdaky (sikldäki) hereketleriň amala aşyrylýandygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Öz çaphanasy bolan redaksiýa utuşly ýagdaýda bolýar. Ýöne çaphana edinmek üçin köp serişde talap edilýär. Öz çaphanasy bolmasa redaksiýanyň menejeri neşir bazaryna çykyp, gazetiň çykarylmagyny üpjün edip biljek amatly çaphana gözlemeli bolýar. Gazet çykarmak bilen baglanyşykly harajatlary çekmäge ukyply uly nusga sanly redaksiýalar ýa-da neşirýat öýleri üçin bu gözleg tiz wagtyň içinde çaphana bilen şertnamanyň baglaşylmagyna getirip biler. Emma az nusgaly gazetler üçin müşgillikler döräp başlaýar.

Az girdeji berýän iş bilen meşgul bolmak çaphana üçin amatly bolmaýar. Redaksiýanyň bolsa öz menejerleri tarapyndan hasaplanylyp çykarylan çäkden artyk derejede töleg etmäge mümkinçiligi ýokdur. Ol gazet çykarmak üçin buýurmasy köp bolmadyk çaphana gözlemeli bolýar.

Çaphana hyzmatlary bilen baglanyşykly harajatlaryň möçberi çap etmekligiň saýlanyp alnan görnüşine bagly bolýandygy bellenip geçilipdi. Onuň iň arzan görnüşi bolsa ýokary çap ediliş usulydyr, ýöne ol çaphana usulynyň iň pes hilli derejesidir. Ol gazetiň dizaýnyna, onuň bezegine ýaramaz täsir edýär. Bular bolsa, ahyrky netijede, gazetiň bäsdeşlige ukyplylygyny peseldýär.

Nyrhy has gymmat bolan ofset usulyndaky çap ediliş usuly amatlyrakdyr. Munuň üçin bolsa, has döwrebap enjamlar zerurdyr, ol iň ýokary hil derejesinde gazeti çykarmaga mümkinçilik berýär. Eger redaksiýanyň serişdesi bar bolsa, ol gazeti birnäçe reňkde çykarmaga hem şert döredýär.

Eger çaphanada gazetiň sanyny çykarmak üçin ulanylýan amallar azaldylsa, onda, çaphana harajatlary üçin tölegleriň möçberini peseltmek mümkin. Eger teksti ýygmakdan başlap, nusga sanyny çap etmäge çenli, gazet çykarmak üçin tutuş önümçilik dolanyşygyny öz içine alsa, oýlanyşykly çaphana hyzmatlary üçin tölegiň möçberi epesli ýokary bolar.

Eger gazeti çykarmagyň başlangyç işleri – sözleri ýygmakdan başlap çap galybynyň döredilmegine çenli redaksiýada elektron neşir toplumy ulanylyp amala aşyrylsa we çaphanada diňe gazetiň nusga sany çap edilse, çaphana harajatlaryny düýpli azaltmak mümkin.

Elbetde, şeýle toplumy satyn almak, şonda işlejek hünärmene hak tölemek üçin köp serişde gerek bolýar. Ýöne redaksiýanyň menejeri munuň haýsy biriniň has bähbitli boljakdygynyň hasabyny çykarýar: belli bir döwrüň dowamynda býujetiň ýörite gaznasynda enjam satyn almak üçin zerur bolan pul möçberini harçlamalymy ýa-da çaphana hyzmatlarynyň çykdajylar maddasyny öňküligine, üýtgewsizligine galdyrmalymy?

Gazetiň sanlaryny taýýarlamaga gerek bolan *habarlary satyn almak üçin serişdeler* hem redaksiýanyň neşirýat çykdajylaryna de-

gişlidir. Bular redaksiýanyň işgärleriniň üpjün edip bilmejek, ýöne okyjylar üçin möhüm bolan maglumatlardyr. Mysal üçin, ýerli we sebit gazetleri ýerli, sebit we başga habarlary döwlet hem-de täjirçilik gulluklaryndan satyn alyp bilerler.

Redaksiýanyň menejerleri şeýle gulluklar bilen olaryň hyzmatlaryny tölemek babatda şertnama baglaşýarlar. Olar artykmaç harajatlardan gaça durmak üçin, redaksiýanyň döredijilik böleginiň ýolbaşçylary bilen gazetiň nobatdaky sanlaryny çykarmak üçin nähili we haýsy möçberdäki habarlaryň yzygiderli gerek boljakdygyny kesgitleýärler.

*Nusga sanyny ýaýratmagyň tölegi* redaksiýanyň býujetiniň möhüm çykdajy maddalarynyň ýene biridir. Adatça, ol çaphana hyzmatlarynyň tölegine barabar gelýär. Kähalatda bolsa, ondanam ýokary bolýar.

Redaksiýa neşirýat marketingini geçirmek, gazetiň mahabatyny başga habar beriş serişdelerinde geçirmek we ş.m. hem şu madda goşulýar.

Redaksiýa kärhana bolup durýandyr we ol döwletiň öňündäki salgyt babatdaky borçlaryny berjaý etmelidir. Redaksiýa döwlet we ýerli býujete salgytlar boýunça, zähmete hak tölemek gaznasyna, peýda, mahabatlandyrma we redaksiýanyň önüminiň satylmagyndan goşmaça gymmat üçin yzygiderli töleg geçirmek bilen meşgullanýarlar. Şunuň ýaly býujetiň hökmany çykdajy maddasyna durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça tölegler hem degişlidir.

Gazeti taýýarlamak, ony döwürleýin neşirler bazarynda öňe ilerletmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar hasaplanylyp jemlenilýär we olar redaksiýanyň işlemegini üpjün etmek üçin zerur bolan iň az derejesiniň nähilidigi barada düşünje berýär.

Bu serişdeler dürli çeşmelerden redaksiýa gelýän serişdeleriň möçberi bilen barabarlaşdyrylan bolmalydyr. Ýöne redaksiýanyň maliýe menejerleriniň wezipesi toparyň işini has amatlaşdyrmak, neşiriň derejesini ýokarlandyrmak, onuň bazardaky ornuny pugtalandyrmak maksady bilen girdejileriň çykdajylardan artyk gelmegini gazanyp, peýda gazanylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Bu girdeji çeşmeleri redaksiýanyň býujetiniň ikinji böleginde hem şöhlelendirilýär. Ol indiki maliýe ýyly üçin redaksiýanyň geljegi, ykdysady işiniň meýilnamalary barada göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. Bu çeşmeleriň käbiri redaksiýanyň we onuň gazetiniň işjeňliginde uly ähmiýete eýedir.

Gazetiň nusgasyndan we mahabatlardyr bildirişleri çap etmekden gelýän girdeji çeşmeleri şolaryň hataryna degişlidir. Olar hemişe diýen ýaly redaksiýanyň balansynda hasaphana baş redaktora we redaksiýanyň menejerine berýän hasabatynda öz beýanyny tapýar.

Diňe haçanda gazet mugt peýdalanylýan ýa-da neşirde mahabatlandyrma materiallary çap edilmeýän bolsa, bu çykdajy maddalary redaksiýanyň býujetinde bolmaýar. Ýöne onda şolardan başga çeşmelerden, mysal üçin, döwlet pul kömegi ýa-da maýa goýumy görnüşinde gelýän maliýe serişdeleri görkezilýär.

Ýöne köp redaksiýalar başga goşmaça girdeji çeşmelerinden peýdalanýarlar. Şolaryň hatarynda redaksiýalar tarapyndan meşgullanylýan neşirýat we täjirçilik işinden gelýän serişdeler hem bar. Olar gazetiň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga duýarlykly täsir edip bilerler.

Daşary ýurt tejribesinden görnüşine görä, redaksiýalaryň täjirçilik işi – dürli harytlaryň önümçiligini we olaryň söwdasyny ýola goýmakdan, sagaldyş merkezlerini döretmekden we gyzykly çäreleri guramakdan başlap, biržadaky maliýe amallaryna gatnaşmaklyga çenli dürli ugurlar boýunça ýaýbaňlandyrylýar. Şol dürli görnüşleriň biri-de gazet sahypalaryň kärendesine berilmegidir.

Munda redaksiýa haýsydyr bir firma bilen gazetiň bir sahypasyny kärendesine bermek barada şertnama baglaşýar we firma sahypany belli bir möhletlerde öz maksatlary üçin, ýagny mahabatlandyrmalary ýerleşdirmäge, öz işgärleri tarapyndan ýa-da sarp edijiler tarapyndan taýýarlanylan tekstleri çap etmäge hukuk gazanýar. Adatça, kärendeçi, redaksiýanyň mahabat sahypasynyň degişli nyrhyny töleýär. Sahypada berilýän materiallaryň mazmuny bolsa kanunçylyk arkaly kadalaşdyrylýar.

Redaksiýanyň menejerleriniň işiniň üstünlikli bolmagy onuň täze başlangyçlary öňe sürmek ukybyna, tiz we çeýe pikirlenmek başarnygyna bagly bolýar. Bu babatda olar bäsdeş telekeçilerinden birjik-de pes däldirler, köplenç bolsa, öz medeniýeti, munuň üstüne-de, köptaraplaýyn dessin habarlara eýe bolýandygy bilen güýçli gelýärler.

Bir tarapdan, täjirçilik işi, olara girdeji almak bilen baglanyşykly giň mümkinçilikleri açýar. Emma başga bir tarapdan bolsa, duýdansyz ýagdaýda uly möçberdäki puly ýitirmek bilen baglanyşykly howpa-türwekgelçilige hem sezewar edip biler. Bu işe laýyklykda, redaksiýanyň içinde hem, onuň daşynda hem täjirçilik gurluşlar döredilýär.

Redaksiýada kompýuter merkezi bolup, ol diňe, öz gazetiniň däl-de, degişli tölegler esasda başga döwürleýin neşirlere hem hyzmat edip biler. Habarlar gullugy bolsa, ähli isleg bildirýänlere öz hyzmat edýän sebitinde bolup geçýän wakalar baradaky habarlary satyp bilýär. Zerur bolan halatynda, redaksiýadan daşarda mahabatlandyrma işi bilen ýerli ilaty dürli görnüşdäki, ozaly bilen-de, habarlar boýunça hyzmatlary amala aşyrmak bilen meşgullanýan kiçi kärhanalary döredýärler.

Her nähili ýagdaý bolanda hem, redaksiýa üçin az bolmadyk girdeji getirýän täjirçilik işi baş maksat däl-de, ol redaksiýanyň işgärleri üçin gazetiň maliýe binýadyny pugtalandyrmak ugrunda goşmaça mümkinçilik bolmalydyr.

**Bap boýunça sowallar:**

1. KHBS-de ykdysady menejment hem-de onuň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
2. Redaksiýanyň ykdysady böleginiň işi nämeden ybarat?
3. Redaksiýanyň býujeti diýmek nämäni aňladýar?
4. Redaksiýada täjirçilik hasap ýöredilmesi nähili alnyp barylýar?
5. Redaksiýada nähili görnüşli maýalar bolýar.
6. Redaksiýanyň esasy we dolanyşyk maýasy näme?
7. Gazet öndürmek bilen baglanyşykly nähili neşir harajatlary bolýar?

## *IX bap. Menejment we döwürleýin neşir. Neşiriň imiji hem-de brendi*

### 9.1. Menejment we döwürleýin neşir. Neşiriň abraýynyň (imijiniň) kemala gelşi

Maglumat bazaryndaky üýtgeşmeler redaksiýanyň menejmentini marketing maglumatlaryny ulanyp, olardan çalt netije çykarmak, maksatly auditoriýanyň ýagdaýyny we onuň döwürleýin neşiriň abraýyna bolan garaýşyny öwrenmek zerurlygy bilen ýüzbe-ýüz goýýar. Döwürleýin neşiriň döwrebaplygyny üpjün edýän birnäçe ugurlaryň arasynda onuň abraýy-da mynasyp orny eýeleýändir.

Imij (iňlisçe, image – şekil, surat) gazetiň, teleradioýaýlymlaryň keşbi, olaryň häsiýeti, eýeleýän orny we garaýyşlary, mazmun aýratynlyklary, bezegi we beýleki alamatlary hem-de aýratynlyklary babatda maglumatlary ulanyjylarda döreýän durnukly düşünjedir. Belli bir derejede ol neşiriň diňe bir daşky keşbini däl, eýsem mazmun aýratynlyklary barada hem düşünje berýän we biziň üçin adaty bolan gazetiň ýa-da başga bir neşiriň «ýüzi» diýlen düşünje bilen meňzeşdir.

Döwürleýin neşiriň imiji uzak wagtyň dowamynda kemala gelýär. Onuň neşiriň ornunyň kesgitlenilmeginde, köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň maksatly auditoriýasynyň giňemeginde we pugtalanmagynda uly ähmiýeti bardyr. Döwrebap gazet özüniň durnukly, ýokary hilli neşir imiji bilen okyjylary özüne çekýär. Neşiriň imiji onuň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekde uly ähmiýete eýedir. Imiji döretmek kyn, emma ýoýmak we hatda ýitirmek, şonuň bilen birlikde-de auditoriýanyň ep-esli bölegini özüňden daşlaşdyrmak bolsa aňsatdyr.

Gazetiň ýa-da ýaýlymyň belli bir imijini döretmek üçin olaryň ähli aýratynlyklary, ähli taraplary möhümdir. Döwürleýin neşiriň sahypalarynda ýa-da ýaýlymda çykyş edýän žurnalistleriň meşhurlygynyň, tanymallygynyň, özboluşly şahsy imijiniň hem aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr.

Neşiriň geljekki imiji makalalaryň ulgamyny, tematiki rubrikalaryny we žanr aýratynlyklaryny kesgitlemek bilen, eýýäm neşiriň

nusgasyna salynýar. Eger, mysal üçin, işewür neşir – gazete ýa-da teleýaýlyma degişli rubrikalar bilen statistika maglumatlaryny, haryt bazarlarynyň ýagdaýy we ş.m. barada maglumatlary yzygiderli çap etmese, onuň imiji auditoriýanyň köp bölegini özünden daşlaşdyrar. Neşiriň habar bilen seljerme, meseleleýin çykyşlarynyň arasyndaky gatnaşygy hem ähmiýetlidir. Gazetleriň imiji, aýratynam, kiçiräk habar materiallarynyň agdyklyk etmegi bilen tapawutlanýar.

Neşiriň imiji belli bir derejede onuň materiallarynyň guralyşyna, olaryň sahypalarda we ýaýlymda berlişine baglydyr. Materiallaryň guralyşyndaky bisarpalyk, bitertiplik okyjynyň gyzyklanmalaryny kanagatlandyrýan zatlary tapmagyny kynlaşdyrýar. Özüne gerekli zady tapmasa, okyjy gazeti taşlar, telegörüji telewizory öçürer. Diňe kompozision nusgada gurnap, maglumaty ulgamlaşdyryp, esasy zady tapawutlandyryp we materiallary aýdyň görnüşde ýerleşdirip, olaryň ünsüni gazanmaga bil baglamak bolar.

*Brend düşünjesi* (iňl. brand – firma markasy, görnüş) maglumat bazarynda döwürleýin neşiriň we onuň söwda markasynyň imiji düşünjelerini birleşdirýändir. Brende neşir görnüşiniň, onuň derejesiniň aýratynlyklary we hili, belli bir auditoriýa gönükdirilenligi degişlidir.

Bazardaky her bir harydyň öz haryt (söwda) nyşany – alyjy üçin belli bir önüm we ony öndürýän ýa-da satýan firma bilen baglanyşykly söz, nyşan ýa-da bellik bardyr. Maglumat bazarynda haryt hökmünde hödürlenilýän döwürleýin neşir üçin şeýle haryt nyşany onuň adydyr. Ol neşiriň esaslandyryjylaryny we redaksiýany ýa-da kompaniýany görkezýän firma belgisidir. Teletomaşaçy ýa-da radiodiňleýji öz isleg bildirýän adyny gepleşikleriň hepdelik tertibinden gözleýär. Okyjy – gazeti satyn alyjy şol ady gazet-žurnal dükanynyň satyjysyna aýdýar ýa-da bu ady abuna ýazylyşyk peteginde görkezýär. Gazetiň hemişelik okyjysy bolsa onuň adyna öwrenişýär we beýleki ähli döwürleýin neşirleriň arasynda ony derrew tanaýar.

Ozal gazetleriň atlary bir görnüşli we adatydy. Merkezi «Prawdadan» başga-da beýleki neşirlerden diňe sebitleýin anyklaşdyrylma-

sy bilen tapawutlanýan ýüzlerçe ýerli «prawdalar» çykýardy. Häzirki wagtda ýagdaý düýpgöter üýtgedi. Täze köpçülikleýin habar beriş serişdelerini esaslandyryjy oňa islendik mynasyp ady berip bilýär. Ol bu adyň – diňe bir many-mazmunynyň däl, eýsem logotipiniň, ýagny şekiliniň hem eýesidir. Gazetiň ýa-da teleýaýlymyň ady brende, söwda markasyna öwrülýär. Ony köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň eýesiniň ygtyýarynda berkitmek üçin, söwda markasy köplenç patent ekspertizasy (intellektual eýeçilikdäki iki sany obýektiň meňzeşligi hakyndaky ekspertiň garaşsyz pikiri) edaralarynda hasaba alynýar, bu barada neşiriň çykyş maglumatlarynda habar berilýär.

Başga bir neşir esaslandyrylanda ozal çykýan gazetiň söwda markasyny ýa-da logotipini ulanmaga synanyşyk bikanun bolup durýar. Şonuň üçin täze neşiriň ady saýlananda we hasaba alnanda şular göz öňünde tutulýar: täze at başga biriniň, eýýäm hasaba alnan neşiriň adyny gaýtalamaly däldir. Şol bir wagtyň özünde bu häzirki wagtda çykýan döwürleýin neşirleriň atlarynyň birmeňzeş bolmagynyň öňüni alýar.

Ýene bir zat – resmi däl talap möhüm bolup, onuň ýerine ýetirilmegi bazar şertlerinde uly ähmiýete eýedir. Özüniň habar ornuna (paýyna) dalaş edýän neşir aýratyn manyly ada eýe bolmaly. Ol şol bada bu neşiriň haýsy auditoriýa gönükdirilendigini we haýsy maglumaty oňa hödürlejekdigini görkezer.

Haçanda, okyjy «Mugallymlar gazeti» gazetini ýa-da «Bilim» žurnalyny eline alanda, olaryň mugallymlar, bilim işgärleri üçin niýetlenendigine düşünýär. «Watan» habarlar telegepleşigini açan teletomaşaçy hem ýurtdaky soňky wakalar barada dessin (operatiw) maglumatyň habar beriljekdigini bilýär. Şonuň üçin köne neşirleriň aglabasy täze ýagdaýa uýgunlaşyp, atlaryny üýtgetdiler.

Neşiriň – gazetiň, teleradioýaýlymlaryň anyk we aýdyň adyny, onuň firmalyk adyny we firma nyşanyny – gysgaltma, simwoliki surat, zastawka (kitabyň başynda ýa-da her babyň öňünde berilýän surat) tapmak, oňa bazarda öz ornuny pugtalandyrmagyna, onuň maglumatyna ulanyjylara tarap goşmaça ýol açmaga kömek etmekdir.

## 9.2. Dizaýn işinde neşiriň maddy-enjamlaýyn binýadynyň ähmiýeti

Neşiriň bäsdeşlik ukyplylygyna belli bir derejede onuň dizaýny (iňlisçe, dizaýn – surat, eskiz) – daşky, grafiki «ýüzi» (şekili) täsir edýär. Satyn alyjynyň, bazarda önüm saýlanda, onuň gaplanyşyna üns berip, şoňa görä hem önümiň hiline baha berşi ýaly, okyjy hem haýsy neşiri gazet-žurnal dükanyndan satyn aljakdygy ýa-da poçta arkaly ýazyljakdygy baradaky meseläni çözen mahaly, onuň dizaýn artykmaçlyklaryna we kemçiliklerine hem baha berýär. Solgun, tertipsiz gabyň alyja ýokary hilli önümi saýlamaga päsgel berip bilşi ýaly, gazetiň çal, aýdyň däl «daşy» solak – gödek düzüliş, neşir eserleriniň owunjak sözbaşylary, şeýle-de açyk illýustrasiýalaryň (bezeg) bolmazlygy geljekki abunaçyny özünden daşlaşdyryp, ony başga bir neşiri saýlamaga iterip biler.

Döwürleýin neşiriň dizaýny birnäçe ýagdaýa baglydyr. Neşiriň düzülişi we bezegi bilen meşgullanýan žurnalistleriň hünär derejesine we «tagam duýşuna», ilkinji nobatda, onuň jogapkär kätibine baglydyr.

Munda redaksiýanyň maddy binýadynyň, onuň bezeg we çaphana mümkinçilikleriniň uly ähmiýeti bardyr. Meýilleşdirilen dizaýny üpjün etmek üçin zerur maliýe çeşmeleriniň bolmagy wajypdyr. Neşiriň grafiki (şekil) nusgasynyň göwnejaý bolmagy onuň umumy nusgasynyň üçünji bölegini düzýär. Onda çap edilýän döwürleýin neşiriň daşky «ýüzüniň» esasy aýratynlyklary, grafiki görnüşiniň esasy bölekleri – esasy tekst we titul harplary, sanyň sahypasynyň ölçeg bölekleri, düzüliş aýratynlyklary, bezeg we beýlekiler beýan etme görnüşinde bellenilýär.

*Dizaýn we neşiriň enjamlaýyn binýady*. Döwürleýin neşiriň, aýratynam, dizaýnynyň derejesi köp babatda redaksiýanyň enjamlaýyn binýadyna bagly bolýar. Ol redaksiýanyň işgärleriniň neşiri taýýarlamak we çykarmak işiniň dowamynda ulanýan ähli enjam serişdelerini öz içine alýar. Şonuň üçin redaksiýany täze enjam serişdeleri bilen enjamlaşdyrmak we olaryň doly derejeli ulanylmagyny gazanmak redaksiýanyň menejmentiniň iň möhüm ugurlarynyň birine öwrülýär.

Žurnalistik maglumaty ulanyjylaryň onuň dessinligine we ygtybarlylygyna, neşiriň mazmunyna we dizaýnyna bildirýän talaplary redaksiýanyň ýolbaşçylaryny we žurnalistlerini şol talaplary üpjün etmäge ýardam etjek enjam serişdelerini gözlemäge iterýär. Muny ykdysady zerurlyk hem talap edýär: täze enjamlar bilen üpjün edilen redaksiýanyň işgärlerine gazet sanyny ýa-da teleradiogepleşikleri taýýarlamak üçin talap edilýän wagty we güýji tygşytlamaga, şol bir wagtyň özünde olaryň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýändigi sebäpli, onuň bäsdeşlik göreşinde ýeňmek mümkinçiligi artýar. Redaksiýada täze enjam serişdeler ulgamynyň döredilmegi neşiri çykarmak bilen baglanyşykly çykdajylary azaltmaga hem mümkinçilik döredýär.

Bu ulgam üç bölekden ybarat. *Birinjisi* žurnalistiň hususy döredijilik işinde ulanylýan enjamdyr. *Ikinjisine* tutuş redaksiýanyň toparyna hyzmat edýän enjam serişdeleri degişli. Onuň *üçünji* bölegini redaksiýada gazet sanyny ýa-da teleradiogepleşigi çykarmak üçin ulanylýan enjam düzýär.

Täze enjam diňe birnäçe şertler berjaý edilen halatynda garaşylýan netijäni berip biler. Olardan birinjisi – *toplumlaýynlyk*. Ol redaksiýada özara baglanyşykly we biri-biriniň üstüni ýetirýän enjam serişdeleriniň bitewi toplumyny aňladýar. Bu toplumyň esasynda elektronika durýar. Guramaçylyk enjamy – maglumaty bellemek, saklamak we köpeltmek serişdeleri onuň üstüni ýetirýär.

Ýene bir şerti, ýagny täze enjamyň redaksiýanyň mümkinçilikleri bilen *laýyk gelmegi* möhümdir. Diňe maliýe mümkinçilikleri däl, eýsem, täze enjamyň redaksiýanyň işgärleriniň hünär ussatlyk derejesine, olaryň bilimlerine we tejribesine, ony netijeli ulanmagyň mümkinçiliklerine laýyk gelmegi göz öňünde tutulýar. Diňe şu şert hasaba alnan ýagdaýynda, işgärleriň täze enjamy çalt özleşdirmegi, redaksiýanyň üpjün edilýän enjam toplumynyň kem-kemden giňemegi we çylşyrymlaşmagy mümkin bolýar.

Täze enjamyň žurnalistiň öňünde açýan goşmaça mümkinçilikleri, ilkinji nobatda, redaksiýanyň işgäriniň iş stolundaky şahsy kompýuteriň ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda ol žurnalistiň zähmetiniň esasy serişdesidir. Şahsy kompýuter oňa işinde

birnäçe hünäri – teksti döredýän publisisti, ony gaýtadan işleýän redaktory we materialy enjamda göçürýän işgäri birleşdirip, güýjüni we wagtyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Şeýlelik bilen, žurnalistiň işinden her biri esli wagt talap edýän önümçilik amallarynyň birnäçesi aýrylýar. Şahsy kompýuterde işlenilende golýazmanyň zerurlygy bolmaýar, diňe awtor öz tekstini printeriň – çap ediji enjamyň kömegi bilen kagyz ýüzünde çap edilen görnüşde alyp bilýär. Hünärmenleriň belleýşi ýaly, žurnalistiň döredijiliginiň netijesi onuň beýnisinden göni kompýuteriň beýnisine geçýär.

Şahsy kompýuter žurnaliste şahsy elektron kitaphanany, şeýle hem tematiki ýa-da sebit maglumatlarynyň goruny döretmäge mümkinçilik berýär.

Ykjam noutbuklar – uly bolmadyk keýs görnüşindäki şahsy kompýuter – redaksiýadan ýumuş bilen çykan habarçynyň işi üçin hasam amatly. Modemiň kömegi bilen şahsy kompýuteri telefon ulgamyna birikdirip, žurnalist öz habaryny redaksiýanyň kompýuterine dessin iberip bilýär.

Şahsy kompýuter redaksiýanyň kätipliginiň işgärleri üçin hem giň mümkinçilikleri döredýär. Olar şahsy kompýuteriň ekranynda kompýuteriň ýadyndan gazetiň goýberiş meýilnamasyna laýyklykda ol ýerde saklanýan materiallaryň atlaryny gözläp tapyp, neşiriň nobatdaky sanyny düzýärler. Şondan soň gazet sanynyň kompýuter düzülmesi amala aşyrylýar. Işgär sanyň çyzgysynyň görnüşlerini ekrana çykarýar ýa-da maket belliklerini (gazet sanynyň kiçeldilen görnüşdäki çyzgysy) düzülen gazet sahypa geçirýär. Kompýuteriň ýüzünde sanyň her bir sahypasy onuň gazetde ýa-da žurnalda bolmaly görnüşinde görkezilýär.

Neşiri we redaksiýanyň işini nusgalaşdyrmak hem-de onuň çykyşyny meýilnamalaşdyrmak işiniň barşynda şahsy kompýuteriň kömegi arkaly ep-esli wagt tygşytlanylýar. Kätipligiň işiniň şahsy kompýutere salýan programmasynda jemlenen neşiriň möhüm ugurlary oňa sanyň ýa-da gepleşigiň materiallarynyň, olaryň dizaýnynyň modeliň talaplaryna laýyk gelýändigine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Ol öz kompýuteriniň ýüzünde mümkin bolan görnüşleriň iň gowularyny saýlap, nobatdaky sanlaryň meýilnamalaryny düzýär.

Kätiplikde goýlan uly ekranly elektron katalog (bir görnüşli zatlaryň belli bir tertipde düzülen sanawy) sanyň döredilişine, redaksiýanyň žurnalistleri tarapyndan taýýarlanan ähli materiallaryň tabşyrylyşyna gözegçilik edip bilýär.

Žurnalist özüniň döredijilik we guramaçylyk işinde diňe bir şahsy kompýuterden peýdalanmaýar. Oňa guramaçylyk enjamynyň serişdeleri hem ýardam edýär. Diktofon maglumat ýygnamak işini ýeňilleşdirýär. Fotoenjam we şekilkamera şekil maglumaty ýygnamaga kömek edýär. Ykjam telefon redaksiýa bilen habarlaşmaga we toplanan maglumaty dessin ibermäge mümkinçilik berýär. Eger redaksiýanyň işgäriniň ygtyýarynda heniz elektronika ýok bolsa, ýazuw maşynkasy maglumaty bellige almagyň ygtybarly serişdesidir.

Žurnalistiň hususy iş serişdeleriniň käbiri tutuş redaksiýanyň abzallaşdyrylan täze enjam toplumyna doly girizilýär. Mysal üçin, žurnalistleriň şahsy kompýuteri toparyň ähli bölümleri tarapyndan ulanylýan redaksiýanyň kompýuteriniň ulgamyna birikdirilýär. Bize belli bolşy ýaly, kuwwatly kompýuter binýady redaksiýanyň maglumatlar bankyny we habar-gözleg ulgamlaryny döretmäge mümkinçilik berýär. Bu binýat toparyň dolandyrylyşyny, hususan-da ykdysady dolandyrylyşy has amatlaşdyrmaga şert döredýär.

Şeýle-de bolsa, täze enjama ýüzlenmek toparyň ýolbaşçylarynyň öňünde ýeňil bolmadyk meseleleri goýýar. Şolaryň biri – elektronikanyň kömegi bilen alynýan maglumaty özleşdirmek hem-de dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin zerur bolan maglumatlary alyp, ony yzygiderli seljermegi başarmakdyr.

Neşiri çykarmak işini amatlaşdyrmak üçin ulanylýan täze enjam serişdeleri has uly ähmiýete eýe bolýar. Maliýe mümkinçilikleri bolan uly redaksiýalarda kuwwatly enjam bilen üpjün edilen kompýuter merkezi döredilýär. Bu ýerde kompýuterde ýygmak we gazet sanyny düzmek işleri alnyp barylýar. Eger redaksiýanyň «stolüsti çaphanasy» – redaksiýa-neşirýat toplumy bar bolsa, ol çaphana kärhanasynda neşiriň nusga sanyny çap etmek üçin çap şekillerini taýýarlamak mümkinçiligine eýe bolar.

Täze enjam giň sebitde uly nusga sany bilen çykýan neşiriň redaksiýasyna ýaýratmak bilen bagly meseleleri üstünlikli çözmäge

kömek edýär. Nusga sany ýüz-müňlerçe ýa-da million sany bolan neşiriň merkezden uzakda hem çap edilmegi üçin uly mümkinçilikler açylýar.

Käbir ýurtlarda uzak aralyga ýaýraýan neşirleriň sanynyň internet ulgamy arkaly berilmegi bilen olar müňlerçe kilometr uzaklykdaky uly şäherlerde hem çap edilýändigini bellemek bolar. Şol bir wagtyň özünde munuň tersine, uly bolmadyk ýerli neşirleriň önümçiligini merkezleşdirmek-de ösdürilýär. Şeýle gazet sebitdäki çaphanada ýa-da uly çaphana toplumy kärhanasynda çykarylýar. Onuň redaksiýasy neşiriň çaphana derejesini ofset çap ediş usulynyň hasabyna ýokarlandyrmak mümkinçiligini alýar. Elbetde, ol çap edilen gazet nusgalaryny çaphanadan redaksiýa eltip bermek we neşiri ýaýratmak meselesini çözmeli bolýar.

Şeýlelik bilen, redaksiýada ulanylýan ähli täze enjam serişdeleri sazlaşykly ulgamy emele getirýär. Onuň bölekleri neşiriň taýýarlanmagyny we çykarylmagyny üpjün edýän bitewi zynjyra birleşýär. Uly neşiriň redaksiýasynda ol şeýle görnüşde bolup biler: guramaçylyk enjamy – şahsy kompýuter – internet – kompýuter merkezi – redaksiýa-neşirýat toplumy – ofset çap ediş usuly – nusganyň uzak ýerlere ýaýradylmagynyň serişdeleri. Netijede, enjamlaşdyrmak neşiriň taýýarlyk we önümçilik döwrüni, redaksiýanyň işiniň ähli tarapyny gurşap alar. Uly bolmadyk ýerli neşiriň redaksiýasynda bu zynjyr şeýle görnüşde bolup biler: guramaçylyk enjamy – şahsy kompýuter – internet – sanyň önümçiligini merkezleşdirmegiň serişdeleri – ofset çap ediş.

Her bir redaksiýanyň öz enjam toplumy bolýar, onuň tapawudy neşiriň aýratynlyklaryna, redaksiýanyň we onuň işgärleriniň mümkinçiliklerine laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylykda, menejment bilen meşgullanýan işgärleriň wezipesi artýar. Hut şolar redaksiýanyň üpjün ediljek enjam toplumyny emele getirýärler. Olar toparyň döredijilik we önümçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin nämäniň has gowy boljakdygyny we täze enjamyň netijeli ulanylyşyny nähili üpjün etmelidigini kesgitlemelidirler. Elbetde, islendik ýagdaýda-da redaksiýanyň maliýe mümkinçiliklerinden ugur alynmaly.

Täze enjamyň netijeli ulanylyşyny gazanmagyň birnäçe ýollary bardyr. Bu enjamy, mysal üçin, kompýuter merkezinde ýüklemek,

beýleki döwürleýin neşirleriň redaksiýalaryndan sargytlary almak bilen ýa-da redaksiýanyň her bir işgärini tehniki serişdelerini özleşdirmekde özüniň ähli mümkinçiliklerini ulanmaga itergi bermek. Şeýle netijä gelmek aňsat däldir.

Täze enjamyň öz mümkinçiliklerini çalt giňeltmegine garamazdan, aýratynam, internet torunyň döremegi bilen, žurnalistikada esasy aýgytlaýjy zatlardan adam – žurnalistiň özi, onuň döredijilik şahsyýeti, žurnalistleriň döredijilik birleşmesi – redaksiýanyň topary bolmagynda galýar. Hatda has kämil enjam hem diňe bir žurnalistiň işini ýeňilleşdirýän gural, serişde bolup durýandyr. Bu guralyň ähli artykmaçlyklaryny ýüze çykarmak üçin žurnaliste ýa-da redaksiýanyň beýleki bir işgärine birnäçe ýagdaýlary göz öňünde tutmak gerek bolýar. Olaryň aglabasy özboluşly psihologiki «böwetdir».

Şolaryň, *birinjisi,* şahsy kompýuterde işlenilende «golýazmanyň ýitip gitmegidir». Kompýuterde işlemek žurnalistden iň ýokary döredijilik üns jemlenilmesini, ykjamlygy we dessinligi talap edýär. Ol öz eseriniň gutarnykly görnüşini şahsy kompýuteriň ýadyna iberenden soň, öz işini tamamlaýar.

*Ikinji «böwet»* kompýuterde işlenilende «hünärleriň birleşdirilmesi» bilen baglanyşyklydyr, şonda žurnalist publisistiň, enjamda hat ýazýanyň, redaktoryň we kätipligiň işgäriniň wezipelerini ýerine ýetirýär.

Üçünji «*böwediň»* döremegi täze enjamyň çylşyrymlylygy bilen düşündirilýär. Ýandepderçeden, awtoruçkadan we hat-ýazuw enjamyndan diktofona, kompýutere, ykjam telefona we sanly fotoenjama geçmek başgalar üçin gaty duýdansyz görnüp biler. Ýöne tejribe täze enjam bilen işlemegiň başlangyç endiklerini ele almak üçin köp wagtyň gerek bolmaýandygyny görkezýär. Umumy döwrebap enjamda işlemek medeniýetini ýokarlandyrmak zerurlygy köp wagty we tagallany talap edýär, şonsuz täze enjamdan baş çykarmak we onuň ähli mümkinçiliklerini açmak başartmaýar.

Diňe döredijilik, tehniki we täjirçilik işgärleriniň bu «böwetleri» ýeňip geçmegi üçin şertleriň döredilmegi bilen redaksiýanyň enjam binýadyny pugtalandyrmagy dowam etdirmek bolar.

## 9.3. Döwürleýin neşir we onuň okyjylar köpçüligi

Redaksiýanyň menejmentiniň bir ugry döwürleýin neşiriň öz okyjylar köpçüligi bilen aragatnaşygyny berkitmek bilen baglanyşyklydyr. Şeýle aragatnaşyklaryň bolmazlygy, neşiriň maglumat boşlugynda galmagyna getirer. Okyjynyň we teletomaşaçynyň gazetiň çykyşyna we ýaýlyma garaýşy baradaky maglumatyň bolmazlygy, toparyň ýolbaşçylarynyň neşiriň işini meýilnamalaşdyrmak we netijeli ykdysady syýasaty alyp barmak babatdaky mümkinçiliklerini çäklendirer. Ulanyjylar bilen aragatnaşyk saklamagyň tejribede barlanan usullaryny ulanmak arkaly redaksiýanyň neşiriň okyjylar köpçüligi bilen jogap aragatnaşygyny ýola goýmak bolar. Şeýle usullaryň biri *guramaçylyk-köpçülikleýin işdir.*

Köpçülikleýin iş diýlip, döwürleýin neşiriň okyjylar köpçüligi bilen aragatnaşygy ýola goýmak we ony berkitmek maksady bilen alnyp barylýan guramaçylyk çäreleriniň ulgamyna düşünilýär. Käbir neşirleriň ýolbaşçylarynyň gazet-žurnallary diňe hünärmen žurnalistleriň güýji bilen çykarmak islegi, tejribäniň görkezişi ýaly, önümiň derejesiniň peselmegine getirýär. Bu düşnüklidir – hiç bir žurnalist hem haýsy-da bolsa, aýdaly, bilim ýa-da ykdysadyýet pudagynda işleýän ökde hünärmençe şol ugur boýunça ýeterlik derejede ukyply bolup bilmez. Hatda uly redaksiýa topary hem öz neşirini onuň ýaýraýan sebitiniň dürli şäherlerinde we obalarynda bolup geçýän wakalar baradaky hemmetaraplaýyn derwaýys habarlar bilen üpjün edip bilýän däldir.

Şonuň üçin her bir redaksiýanyň öňünde öz işjeň toparyny döretmek we onuň bilen işleşmek wezipesi durýar. Gazetiň hemişe kömege gelmäge taýýar onlarça dostlary redaksiýanyň möhüm ýardamçylarydyr. Uly bolmadyk ýerli neşirleriň redaksiýalary bolsa öz işjeňleriniň goldawy bolmazdan, asla işläp bilmez.

Redaksiýanyň işjeňler toparynyň düzümine kimler girýär? Onuň birinji bölegini habar berijiler düzýär. Olar žurnalistlere gazet ýada telewideniýe üçin gyzyklanma döredýän täzelikler barada habar bermäge taýýar adamlardyr. Neşiriň hyzmat edýän sebitiniň döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda, kärhanalarda we medeni merkezlerde, institutlarda – jemgyýeti gyzyklandyrýan wakanyň

bolup biljek ähli ýerinde habar berijileriň bolmagy redaksiýa üçin peýdaly bolar. Habar berijiniň özi hemişe gazete ýazmaýar, ol dilden habar ýa-da resminamanyň ülňüsi görnüşinde maglumaty berýär, redaksiýanyň işgäri bolsa bu maglumaty bellik (zametka) ýa-da başga bir tekst görnüşinde taýýarlaýar.

Redaksiýanyň işjeň toparynyň düzümine maslahatçylar girýärler. Bu hünärmenler – alymlar, hukuk boýunça hünärmenler, maliýeçiler, inženerler we beýlekiler bolup, redaksiýanyň işgärleri olara hemişe maslahat üçin ýüzlenip bilýärler. Eger mazmuny žurnalistde şübhe döredýän makala redaksiýa gelip gowuşsa, maslahatçy ony neşir etmegiň maksadalaýykdygyny ýa-da däldigini aýdar, şübhe döredýän ýagdaýy düzetmäge kömek eder.

Ýöne redaksiýanyň işjeňleriniň iň möhüm bölegini hünärmen awtorlar düzýär. Redaksiýanyň işgärleri olara dessin habar, gazet çykyşyna seslenme ýa-da derwaýys temada makala ýazmak, redaksiýanyň duşuşygyna – möhüm meseläni maslahatlaşmaga gatnaşmak baradaky haýyş bilen ýüz tutup bilýärler. Şeýle awtorlaryň hataryna bilim ýa-da başga ugurdan başarjaň, öz pikirini kagyz ýüzünde oňat beýan edip bilýän adamlar girýär.

Redaksiýanyň belli bir tematiki ugurlara we rubrikalara ýolbaşçylyk edýän her bir žurnalistiniň öz şahsy işjeňleri bolýar. Ol awtorlar hökmünde çykyş edip biljek öz tanyşlary, habar berijiler we maslahatçylar bilen hemişe aragatnaşyk saklaýar. Olar näçe köp bolsa, wajyp maglumaty almak we gyzykly çykyş taýýarlamak mümkinçiligi şonça-da giň bolýar.

Žurnalistler redaksiýanyň işjeňleriniň arasynda redaksiýanyň toparynyň göwrüminiň we gurluşynyň ýetmezçiliginiň öwezini dolup biljek adamlary saýlap bilýärler. Bu ýerli neşirleriň kiçi redaksiýalary üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Adatça, olarda öz habarçysy diýen wezipe birligi bolmaýar. Düzüm birliginden daşary habarçylaryň ulgamyny emele getirmek bilen bu ýagdaýdan çykalga tapmak bolar. Sowatly, başlangyçlary öňe sürýän adamlar – mugallymlar, talyplar, inženerler we beýlekiler – gazetiň hemişelik okyjylary we tarapdarlary bilen maslahatlaşmak, olary redaksiýanyň iş meýilnamasy bilen tanyşdyrmak, ýumuş tabşyrmak bolar. Olaryň gazet çykyşlaryna ga-

lamhak tölemek, eger olaryň haýsydyr biri öz materiallarynyň derejesi we dessinligi bilen tapawutlansa, onuň bilen degişli şertnama baglaşmak mümkindir.

Uly neşirleriň redaksiýalarynda, köplenç, düzüm birligindäki synçylar işleýär. Olaryň çykyş edýän materiallaryny taýýarlamak üçin giň we çuňňur bilim, ep-esli wagt talap edilýär. Kiçi neşirleriň köpüsiniň býujetiniň düzümdäki synçylary saklamaga mümkinçilik bermeýändigi düşnüklidir. Ýöne şeýle neşiriň redaksiýasy düzümde däl jemgyýetçilik synçylarynyň uly bolmadyk toparyny döredip bilýär. Olary ýerli hünärmenleriň – ykdysatçylaryň, mugallymlaryň, institutlaryň, sport tälimçileriniň we beýlekileriň arasyndan tapmak bolar. Gujurly pensionerleri, ysnyşykly işleşmäge höwesli dürli medeniýet, ylym we ykdysadyýet ugurlaryndan tejribeli hünärmenleri hem gözden salmaly däl. Olaryň käbirleri bilen gazetiň haýsydyr bir maksatlaýyn sahypasy üçin materiallary taýýarlamak barada ylalaşmak, olara käwagt redaksiýanyň düzümindäki işgärine başartmaýan tematiki rubrikany alyp barmagy-da tabşyrmak bolar.

Eger žurnalistlere redaksiýanyň töwereginde şeýle işjeň topary döretmek başartsa, onuň bilen ýakyndan işleşmek zerurdyr. Ilkibaşda munuň üçin esli wagt sarp etmeli bolar, ýöne soň işjeňler munuň öwezini dolarlar. Redaksiýanyň işine çekilenler bilen hemişe aragatnaşyk saklamaly, olara maslahatlar bilen kömek bermeli we ş.m. Elbetde, olary galamhak bilen höweslendirmeli, mümkinçilik bar bolsa – pul sylaglaryny bermeli. Makalanyň astynda gol goýlanda şol awtoryň jemgyýetçilik synçysy ýa-da düzümden daşary habarçy diýip görkezmegi ýatdan çykarmaly däl, käwagt çykyşy onuň kiçeňräk suraty bilen bermek hem bolar.

Täze şertlerde hem üstünlikli peýdalanylýan köpçülikleýin işiň köne görnüşleriniň biri «tegelek stoldur». Redaksiýada telekeçiler ýa-da döwlet we hususy kärhananyň, orta mekdepleriň müdirleri, baş hasapçylar ýa-da dürli jemgyýetçilik birleşiklerinden bolan işjeňler bilen duşuşmaklyk oňa gatnaşyjylara-da, neşire-de köp zat berer. «Tegelek stoluň» başyndaky şeýle duşuşygy redaksiýanyň žurnalisti taýýarlaýar: ol onuň temasyny kesgitleýär, gatnaşyjylary saýlaýar we olary çagyrýar, söhbetdeşlige ýolbaşçylyk edýär hem-de onuň je-

mini jemleýär. Duşuşygyň barşynda, «pikirleriň çapraz gelmeginiň» – jedel we çekişmäniň dowamynda wajyp meseleler gozgalýar, olary çözmegiň ýollary teklip edilýär. Redaksiýa köp maglumat almak bilen, soňra ony hasabat görnüşinde taýýarlaýar. Duşuşygyň käbir gatnaşyjylary neşiriň awtorlary bolýar.

Eger gazet ýa-da žurnal bezegi foto we başga suratlaryň ýetmezçiliginden kösenýän bolsa, köpçülikleýin işiň başga görnüşlerini ulanyp, şeýle ýagdaýdan çykmaga synanyşmak bolar. Redaksiýa tarapyndan iň gowy fotosurat, surat üçin yglan edilen, ýeňiji üçin pul sylagy we baýrak goýlan bäsleşik ýerli fotosöýüjileri we höwesjeň nakgaşlary özüne çekip biler. Şeýle bäsleşiklere gatnaşmaga göwünjeň adamlar bolsa köpdür we şolaryň köpüsi öz makalalaryny neşir etdirmegiň arzuwyndadyrlar. Şonuň üçin bäsleşigiň şertlerini görkezmegi we oňa gatnaşyjylara degerli maslahatlary bermegi ýatdan çykarmaly däl: fotosuratlaryň tematikasy, olaryň ölçegleri we ş.m. barada deslap duýdurmak gerek. Soňra redaksiýa gelen köp sanly fotosuratly hatlardan käbirini çap edip ýa-da telewideniýe arkaly görkezip boljaklaryny saýlamak we olaryň awtorlary bilen duşuşmak hem bolar. Ýöne esasy netije, redaksiýada kiçiräk fotoklub – neşiriň meýletin bezegçi işjeňleriniň topary döredilip bilner.

Redaksiýa haýsydyr bir temadan ýa-da žanrdan material ýetmese-de bäsleşikleri geçirmeklik, ýagdaýdan çykalga tapmaga kömek eder. Bu jemgyýetçilik-syýasy ýa-da ýaşlar neşiriniň netijeli peýdalanyp biljek köpçülikleýin işiniň bir görnüşidir. Işewür gazetlere bu çäräniň maksatlaryny we görnüşlerini düýpli kesgitlemek zerur. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hereket etmeginiň bazar şertlerinde köpçülikleýin işiň ozalky görnüşleriniň ählisini peýdalanmak aňsat bolmaz, olaryň käbiri ep-esli çykdajylar bilen-de baglanyşyklydyr. Mysal üçin, materiallar toplumyny taýýarlamak üçin häzirki wagtda hatda iri gazet hem özüniň göçme redaksiýasyny haýsydyr bir şähere ýa-da sebite ibermez – şeýle žurnalistik çäre has gymmat düşer, ýöne işewür, täjirçilik neşiriniň redaksiýasy Işjeňler klubuny gurnap hem bilýär.

Şol bir wagtyň özünde täze şertlerde köpçülikleýin işiň täze görnüşleri döreýär. Köplenç, olar pablik-rileýşnziň (PR) – jemgyýetçilik

bilen aragatnaşyklaryň görnüşleri bilen kybapdaş gelýär. Olaryň arasynda – sergileri gurnamak, telewideniýäniň, radionyň we döwürleýin metbugat neşirleriniň žurnalistleri bilen duşuşyk, gazet festiwallaryny (çärelerini) geçirmek we ş.m. bar.

Köpçülikleýin iş wagty, güýji we belli bir çykdajylary talap edýär. Onuň haýsy görnüşiniň we usulynyň has köp peýda getirjekdigini her bir redaksiýanyň özi kesgitleýär. Ol islendik ýagdaýda-da, redaksiýanyň maglumat ulanyjylaryň hatlary bilen işleýşi ýaly, bu redaksiýanyň işi bazar şertlerinde neşiriň ýagdaýdan baş alyp çykmak ugrundaky tagallalarynda goldaw bolup biler.

Neşiriň okyjylar köpçüligi bilen aragatnaşygy pugtalandyrmagyň ýene bir täze görnüşi internet dünýä toruny ulanmaklyga esaslanýar. Redaksiýanyň işiniň bu ugrunda-da ähli zat žurnalistleriň hünär ussatlygyna we oňyn başlangyçlaryna, şeýle-de belli bir derejede redaksiýanyň menejmentiniň meselelerini çözýänlere bagly bolýar.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Möwsümleýin neşiriň imiji näme we onuň kemala gelmegi nämä bagly bolup durýar?

2. Neşiriň adynyň imije nähili täsir edýär?

3. Siz neşirleriň nähili köpçülikleýin guramaçylyk işlerini bilýärsiňiz?

4. Neşiriň dizaýny näme we onuň redaksiýanyň bäsdeşlige ukyplylygyna nähili täsir edýär?

5. Dizaýn işinde neşiriň maddy-enjamlaýyn binýadynyň ähmiýeti.

6. Redaksiýanyň enjamlaýyn serişdeler toplumyna nämeler degişli?

7. Redaksiýanyň işjeňleriniň hatarynda kimler bolup biler?

# IV BÖLÜM.
# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINDE MARKETING

## *X bap. KHBS-iň baş marketing ýörelgesi*

### 10.1. Marketing düşünjesi. KHBS-de marketingiň orny

Marketing ylymda iň ýaş ugur bolup, ol barada dürli düşündirişler berilýär. *Marketing harydy satmak, ony bazara ilerletmek we şol bazary öwrenmek* diýen manyda düşündirişler giňden ýaýrandyr. Şonuň üçin gürrüň bazaryň nähili öwrenilýändigi, ýerlemek üçin harydyň taýýarlanylyşy we onuň ýerlenilişi barada bolar. Bu babatda kärhananyň nähili aragatnaşyk ulgamyny herekete girizýändigi we ösdürýändigi hakynda gürrüň etmek gerekdir. Özi-de, häzirki globallaşýan we habarly jemgyýetde köp hünärmenler nusgawy marketingi ilkinji hatarda goýýarlar, häzirki kärhana, köplenç, öz imijini satyn alyjylaryň boýnuna dakýar. Munda mahabat işjeň ulanylýar.

Häzirki zaman haryt öndürijileri diňe hyrydarlyga görä uýgunlaşman, auditoriýanyň aňyna täsir etmek arkaly şeýle islegleri özleri emele getirýärler.

Marketing bazar we önümi sarp edijiler baradaky habar-maglumat toplamakdan başlanýar. Habar beriş serişdelerinde bazaryň peýda bolmagy her dürli täjirçilik başlangyçlaryna bil baglamaga gözükdirýär. Ösen bazar şertlerinde KHBS-den maliýeleşdirmegiň täze şertlerine uýgunlaşmak talap edilýär. Redaksiýalar önümi ýerlemegiň berk bäsleşigine girýärler. Olar diňe bir makalalaryň, gepleşikleriň hili barada däl-de, şolary döretmekligiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň, nusga sanlaryny ýaýratmagyň has oňaýly ugurlaryny tapmagyň, amatly ölçegini we eşitdirmegiň hem görkezmegiň geografiýasyny aýdyňlaşdyrmagyň aladasyny etmeli bolýarlar.

Bu ýerde gürrüň önümi ýerlemegiň täjirçilik ýollary hakynda barýar. Bu işde marketinge uly orun degişlidir. Munda bazar gatnaşyklarynyň şertleriniň hemmetaraplaýyn seljerilmegi we hasaba

alynmagy, gazet-žurnallaryň, radio-telewideniýäniň önümleriniň bazarda ýerlenilmeginiň iň amatly ýollarynyň gözlenilmegi üçin zerur bolan usullaryň ornaşdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Olary ýerlemegiň möçberini has artdyrmagyň ýoluny gözläp tapmaly bolýar.

Döwür habar beriş serişdelerinden iş ýüzünde marketingi içgin özleşdirmegi talap edýär. Ol bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşmakdyr, ähli ünsi mäkäm jemlemekdir we bazarda iş alyp barmagyň ýoludyr.

Dünýäde XX asyryň otuzynjy ýyllaryndan bäri özakymlaýynlyk ýagdaýyndan marketinge geçilýär. Önümçilik, paýlaýyş we önümi ýerlemegiň çäklerinde dörän bu ulgam harydy döredijileriň, satyjylaryň hem-de sarp edijileriň ykdysady, hukuk, etiki we başga gatnaşyklaryny öz içine alýar. Ol adamyň alyş-çalyş ýoly arkaly zerurlyklary hem-de islegleri kanagatlandyrmaklyga we ş.m. gönükdirilen işiniň görnüşi hasaplanylýar.

## 10.2. Marketing – zerurlyklary kanagatlandyrmaga gönükdirilen iş

Bu babatda: «Zerurlyklary gözläp tapyň we kanagatlandyryň», «Harydy we harydyň ýanynda özüňi däl-de, müşderini söýüň!», «Öndürýän zadyňyzy satjak bolman, satyp biljek zadyňyzy öndüriň!» diýen şygarlar örän ýörgünlidir.

Bazar harytdan aňryçägi bilen doly, hödürleme hyrydarlykdan artyk gelýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri satyn alyjylaryň bazarynda işleýärler we satyjylar däl-de, alyjylar kesgitleýji güýç bolup durýar.

Bäsdeşlik bar ýerinde satyn alyjynyň ünsüni gazanmak ugrunda göreş gidýär.

Erkin bazar gatnaşyklary bolanda, hakyky paýlamak däl-de, saýlamak usuly ýörgünli bolýar. Satmakda we satyn almakda, nyrh kesgitlemekde bazary saýlamakda hiç kim çäklendirilmeýär.

Baş täjirçilik ýörelgesi özbaşdak kesgitlenilýär.

Kärhananyň ýolbaşçylygy öz hereketlerinde, ýagny kärhananyň maksatlaryny, gurluşyny, zähmet haklaryny kesgitlemekde, serişdeleri paýlamakda erkindirler.

Ozalky merkezleşdirilen ykdysadyýetde bu beýle däldi. Marketing bolsa «Olaryň ahlagy» diýlen ýaly gazet mowzuklarynda tankyda sezewar edilýärdi.

Emma indi diňe satyn alynjak zat çykarylýar, öndürilýär. Indi sarp edijiniň hyrydarlygyny kärhananyň girdejisine öwürmek sungatyna eýe bolmak zerur bolup durýar, sarp edijileriň şeýle hyrydarlygyny kemala getirmek başarnygyň bar bolsa, elbetde, işiň has-da şowuna bolýar.

## 10.3. KHBS-iň marketinginiň kesgitlenilişi. Redaksiýada marketing we marketing boýunça hünärmenleriň işi

Häzirki wagtda dünýä žurnalistikasynyň tejribesinden mälim bolşy ýaly, redaksiýanyň menejmentiniň esasylarynyň biri we onuň üstünliginiň şerti marketing bolup durýar. Bu döwürleýin metbugat neşirleriniň bazaryny öwrenmekligi, bazarda gazetiň tutýan ornuny we bu ugurda ony öňe iteklemegiň usulyny, onuň okyjylar köpçüligini we bäsdeşlerini aýdyňlaşdyrmagy aňladýar.

Redaksiýada marketing bilen marketing boýunça hünärmenler meşgullanýarlar. Olara bolsa redaksiýanyň marketing bilen meşgullanýan menejerleri ýolbaşçylyk edýärler. Olar redaksiýanyň menejerligi, žurnalistikany we gazet işini hem-de bazar ykdysadyýetini utgaşykly bilýän hünär ussatlarydyr.

Marketing boýunça hünärmeniň öňünde durýan ilkinji we iň möhüm mesele gazetiň çykýan ýa-da çykmaga meýil edýän döwürleýin neşirler bazaryny öwrenmekdir. Gürrüň, ozaly bilen, gazetler bazary barada barýar. Emma başga döwürleýin neşirler-žurnallar, býulletenler we başgalar hem marketing boýunça hünärmeni gyzyklandyrýar. Eýsem, olar hem şol sebitde ýaýradylmak bilen, bu gazetiň ornuna we ähmiýetine gürrüňsiz täsir edýärler. Olaryň okyjylar köpçüligi bir, ýagny umumydyr. Munuň üstesine-de, bazary öwrenýän adam başga habar beriş serişdelerine biparh garap bilmeýär. Eýsem, telewideniýe hem, radio hem öz aýratynlyklaryna we mümkinçiliklerine görä, gazetiň berýän habarlaryny berýändir.

Eger gürrüň täze döredilen gazet hakynda barýan bolsa, onda marketing boýunça hünärmeniň wezipesi has-da uludyr. Ol döredijä

we baş redaktora gazetiň eýelemeli ornuny aýdyňlaşdyrmaga kömek berýär, bazaryň maksatlaýyn bölegini–okyjylar köpçüligini kesgitläp, onuň şol bölegini, ýagny gazetiň öz okyjylaryny tapjak, gazetiň çykjak sanyny ýaýratmakda, girdeji gazanmakda eýelemeli ornuny kesgitleýär.

Ol täze görnüşdäki ýa-da täze döwürleýinlikdäki täze bir neşir bolup biler. Belki-de, ol okyjylar köpçüliginiň haýsy-da bolsa bir anyk bölegine gönükdirilen, ýagny aýal-gyzlar, sportsöýüjiler we ş.m. ýa-da başga bir alamatlar – jynsy, ýaşy, milleti... boýunça okyjylar toparynyň gazeti bolup biler.

Bazar okyjylar köpçüligini saýlamak bilen, mundan beýläkki marketingiň dowamynda has köp girdeji almak üçin nähili habarlar çap edilse gowy boljakdygyny anyklamaga redaksiýa mümkinçilik alar.

Ýöne onlarça ýyl bäri çykyp gelýän gazetiň marketing boýunça hünärmeni hem gazetiň ýaýradylýan sebiti baradaky maglumaty yzygiderli ýygnap durmaly bolýar.

Şeýle maglumatlar bolmazdan, menejerler netijeli nyrh we nusga san syýasatyny ýöredip bilmezler. Bu gazetiň ýaýradylýan çäkleri, onuň ilatly ýerleri – şäherler, şäherçeler, obalar, olaryň ilatly ýerleri we olaryň arasyndaky ulag aragatnaşyklar baradaky maglumatlary öz içine alýar. Eýsem, şolaryň her biri, hatda iň çetki oba hem redaksiýa tarapyndan hyzmat edilýän gazet bazarynyň giňişligindäki bölekleri özünde jemleýär.

Sebitiň ykdysadyýeti, onuň aýratynlyklary, senagaty hem-de oba hojalygy, maliýe ulgamyndaky – banklar, biržalar we ş.m. baradaky maglumatlar hem az ähmiýete eýe däldir. Elbetde, bu ýerde ýaýradylýan habar beriş serişdeleri: çap edilýän we elektron, ýerli we umumydöwlet neşirler hakynda hem maglumatlar toplanylýar. Bu maglumatlar mümkin bolan ähli çeşmeler – döwlet, welaýat, jemgyýetçilik çeşmelerinden, wezipeli adamlardan we şahsy raýatlardan toplanylýar. Özi-de munuň üçin töleg tölenýän wagty hem bolýar. Bu çykdajylar redaksiýanyň marketing geçirmegi bilen baglanyşykly harajatlaryna degişlidir.

**Marketingde okyjylar köpçüliginiň öwrenmek ýörelgesi.** Marketing boýunça hünärmeniň möhüm wezipeleriniň ikinji biri ga-

zetiň okyjylar köpçüligini öwrenmekdir. Ozaly bilen bolmagy mümkin okyjylar köpçüligi – sebitde gazetiň ähtimal okyjylary bolup biljekleriň mukdary we düzümi öwrenilýär. Şeýdip, marketing boýunça hünärmen gazetiň çak edilýän okyjylarynyň – gazetiň satyn alyjylarynyň möçberini göz öňüne getirer, emma şol çäge ýetmek hiç wagtam başartmaýar. Sebäbi onuň hakyky okyjylar köpçüligi göz öňünde tutýan çäginden az bolar. Eger redaksiýanyň menejerleri we toparyň ýolbaşçylary öz hakyky okyjylar köpçüligini gowy bilseler, şonça-da onuň gazet bilen gatnaşyklaryny has gowulandyryp bolar.

Şonuň üçin-de, bu baradaky marketing hiç wagt togtadylmaýar. Munda okyjylary öwrenmek boýunça ähli serişdeler we usullar – žurnalistleriň olar bilen aragatnaşyklaryny, redaksiýanyň poçtasyny öwrenmek, internet arkaly hat alyşmak we sosiolog-hünärmenleriň kömegi arkaly yzygiderli, iň bolmanda, her birnäçe ýyldan bir gezek auditoriýany hemmetaraplaýyn sosiologik barlagdan geçirmek dowam etdirilýär. Bularyň hemmesi belli bir harajatlary talap edýär. Ol býujetiň marketinginde meýilleşdirilýär.

Okyjylar köpçüligini öwrenmek demografiki seljermäni– okyjylaryň jyns, ýaş, millet aýratynlyklaryny öz içine alýar. Durmuş seljerme olaryň hünär düzümini, işleýänleriň we işsizleriň işe ukyplylarynyň we pensionerleriň özara gatnaşygyny, okaýanlar we başga häsiýetnamalary öwrenýär. Munuň üstesine-de, auditoriýanyň aýratynlyklaryny açyp görkezýän okyjylaryň däp-dessurlary, adatlar, ahlaklary, olaryň uýýan dini bilen baglanyşykly seljermäniň netijeleri hem goşulsa, peýdaly bolar. Bu maglumatlaryň ählisi bolsa, gazet makalalarynyň tematikasyny, onuň rubrikalar ulgamyny, onuň iň amatly nusga sanyny we ony ýaýratmagyň ulgamyny kesgitlemek üçin wajypdyr.

**Marketing boýunça hünärmeniň bäsdeş neşirleri öwrenmek ýörelgesi**. Marketingiň möhüm wezipeleriniň biri-de bäsdeş neşirleri öwrenmek, olaryň artykmaç we bärden gaýdýan taraplaryny ýüze çykarmak, olaryň döwürleýin neşirler bazaryndaky hereketlerini gözegçilikde saklamakdyr.

Kämahal bu üznüksiz monitoring (ýagdaýlara göz ýetirmek we geljegi çaklamak, işgärleri yzygiderli synlamak) geçirmekligiň zerur-

lygyna getirýär – bäsdeş gazetiň her bir sanyny, onuň gurluşynyň aýratynlygyny, tematiki materiallaryny, dizaýnyny we ş.m. öwrenmek gerek bolýar. Netijede, bäsdeşlik göreşiniň tutuş dowamynda ulanmak üçin gazanylan maglumatlar dessine redaksiýanyň ýolbaşçylaryna ýetirilýär.

## 10.4. Gazetiň döwürleýin neşirler bazaryndaky hereketi

Marketing gazetiň döwürleýin neşirler bazarynda öňe tarap ynamly hereketine baglydyr. Ol gazeti bazara hödürlemegiň çykarmagyň meýilnamasyny işläp düzmegi, onuň bazara çykmagynyň laýyk wagtyny saýlap almagy, bu işiň dowamynda ulanylýan marketingiň usullaryny kesgitlemegi, hususy, dürli habar beriş serişdelerinde neşiriň mahabatyny, gazetiň nusga sanyny ýerlemegiň görnüşlerini we usullaryny öz içine alýar.

Bu işe redaksiýanyň menejmentiniň birnäçe ýöriteleşdirilen wekilleri – marketing boýunça hünärmenler, mahabatçylar bilelikde gatnaşýarlar. Olaryň ählisiniň maksady birdir, ýagny gazetiň tizden-tiz öz okyjylaryna – satyn alyjylaryna gowuşmagyny gazanmak we nusgany ýerlemekden girdeji almakdyr.

Redaksiýanyň marketinginiň üstünligi köp derejede onuň usullar ulgamynyň işlenilip düzülmegi we olaryň talabalaýyk ulanylmagy arkaly kesgitlenilýär. Bu ulgama gysga möhletli amallar: hususy çaklamalary taýýarlamak – okyjylar köpçüliginiň möwsümleýin üýtgemegi we ş.m. synag sanlarynyň çykarylmagy we olaryň netijeleriniň seljerilmegi, bir gezekleýin çäreler – gazetiň şüweleňlerini geçirmek, döwürleýin neşirleriň sergilerini, diwarlyklaryny gurnamak, redaksiýanyň myhmanlary bilen duşuşyklar we ş.m. bilen birlikde uzak möhletleýin marketing häsiýetli çäreler degişlidir. Olaryň arasynda döwürleýin neşirler bazarynyň, gazetiň ösüşiniň ýakyn geljekki hereketi we ş. m. baradaky uzakmöhletleýin çaklamalary işläp düzmek hem bardyr.

Redaksiýanyň marketing boýunça hünärmenleri başga habar beriş serişdelerinde marketing kampaniýalarynyň we mahabatlaryň geçirilişine aýratyn üns bermeli bolýarlar.

Marketingiň bu usullaryny ulanmak bilen baglanyşykly harajatlar onuň býujetiniň uly bölegini düzýär. Ýöne marketing bu çykdajylaryň öwezini dolmak we umumy redaksiýanyň býujetiniň deňagramlylygyny gazanmak üçin ähli mümkin bolan çeşmelerden redaksiýa gelýän pul akymynyň güýçlenmegine ýardam etmelidir.

## 10.5. Neşiriň brendiniň ähmiýeti

Marketingiň dowamynda neşiriň brendiniň – onuň söwda markasynyň öňe sürülmegi we peýdalanylmagy uly ähmiýete eýedir. Brend (brend-iňl. tagma, marka) gazet redaksiýasynyň eýeçiligi bolup durýar we ol kanun arkaly goralýar. Edil islendik firmanyň harydynyň brendi ýaly, ol söwdanyň, satyn aluw-satuwyň obýekti bolup durýar we onuň ep-esli bahasy-da bardyr.

Brend bazara hödürlenilýän harydyň abraýyny aňladýar. Ol gönüden-göni gazetiň imiji bilen baglanyşyklydyr. Gazetiň söwda markasy, onuň brendi okyjynyň öňünde söwda markasy (hil nyşany) ady, abbrewiaturasy ýa-da simwoly söz görnüşinde ýüze çykýar.

Redaksiýanyň menejerleri hemişe öz brendlerini işläp taýýarlamak we ony durmuşa geçirmek, ony dolandyrmak bilen meşgullanýarlar. Redaksiýanyň marketşynaslary başga metbugat neşirlerinde, telewideniýede we radioda mahabat bilen öz neşiriniň brendini, onuň adyny güýçli depginde öňe sürýärler. Gazetiň abraýy näçe ýokary bolsa, bolmagy mümkin satyn alyjylar üçin gazetiň brendi näçe özüne çekiji we meşhur bolsa, şonça-da onuň nusga sany-tiražy tiz ýerlenilýär we redaksiýanyň girdejisi artýar.

Redaksiýanyň marketingi üznüksiz dowam edýän işdir. Onuň alnyp barylmagy döwürleýin neşirleriň öz işini dowam etmeginiň wagtyna barabardyr. Bu döwürde redaksiýanyň maliýe menejeri elmydama marketingiň netijeliligine gözegçilik edýär, ýagdaýy düzetmek üçin guramaçylyk we ykdysady çäreleri görýär.

Marketing bazary doly öwrenip, şoňa laýyklykda önümçiligi, žurnalistik-neşir işlerini ýola goýmak üçin zerur bolup durýar.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Marketing näme?

2. Redaksiýada marketşynaslar näme bilen meşgullanýarlar?

3. KHBS-de marketingiň orny barada gürrüň beriň.

4. Marketing çaklamasy näme? Onuň maksatlary, wezipeleri näme?

5. Marketingiň usullar ulgamy. Okyjylar köpçüligini, bäsdeş neşirleri öwrenmek usulynyň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

6. Marketingiň usuly hökmünde neşiriň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde mahabatlandyrylmasynyň ähmiýeti hakynda aýdyp beriň.

7. Marketingde okyjylar köpçüliginiň öwrenilişi barada gürrüň beriň.

8. Marketşynaslaryň bäsdeş neşirleri öwrenmek ýörelgesi barada nämeleri bilýärsiňiz?

9. Gazetiň döwürleýin neşirler bazaryndaky hereketi barada gürrüň beriň.

10. Neşiriň brendiniň nähili ähmiýeti bar?

## *XI bap. Habar beriş serişdelerinde marketing aragatnaşygy*

### 11.1. Marketing aragatnaşygy we marketing gözegçiligi

Hukuk nukdaýnazaryndan marketing diýlip, haryt önümleri bilen üpjün edijiler we müşderiler (şol sanda bolup biljek üpjün edijiler we müşderiler) tarapyndan bazaryň dolandyrylmagyna düşünilýär.

Marketing aragatnaşygy meýilnamalaşdyrmakdan başlanýar. Marketing işini meýilnamalaşdyrmak bazaryň mümkinçiliklerini seljermekden, maksatly okyjylar köpçüligini saýlamakdan, marketing toplumyny işläp düzmekden we marketing çärelerini durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

Marketingiň girdeji getirmegi üçin diňe bir onuň işlerini dogry meýilleşdirmek we onuň durmuşa geçirilişine ýolbaşçylyk etmek ýeterlik däldir. Tejribe munuň marketing gözegçiligi bilen utgaşdyrylmalydygyny görkezdi. Ol marketing meýilnamasyny onuň netijeleri bilen deňeşdirmek işiniň barşynda amala aşyrylýar. Şeýle gözegçiligiň usuly bolup marketing kampaniýalarynyň, gözlegleriniň we beý-

leki çäreleriň netijeleriniň ölçegleri hyzmat edýär. Bu ölçegler belli bir ýygylykda, mysal üçin her çärýekde ýa-da ýarym ýylda bir gezek yzygiderli geçirilýär. Olar redaksiýanyň nyrh syýasatynyň, girdeji akymynyň barşynyň we ş.m. üýtgeşmelerine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Marketing gözegçiligini ýa-ha redaksiýanyň marketology, ýa-da redaksiýanyň ýolbaşçysynyň tabşyrygy boýunça başga bir işgär amala aşyrýar. Eger şeýle gözegçiligiň netijesinde marketingiň garaşylýan netijeleri bermeýändigi ýüze çykarylsa, kompaniýanyň ýa-da redaksiýanyň ýolbaşçylary marketinge täzeden garamak kararyna gelip bilerler. Onuň maksady marketingi meýilnamalaşdyrmakda we onuň çärelerini durmuşa geçirmekde kemçilikleri we ýalňyşlyklary ýüze çykarmak, şeýle-de ýüze çykarylan ýagdaýy düzetmek üçin teklipleri taýýarlamakdyr.

Şeýlelik bilen, marketingi girdeji almak maksady bilen bazaryň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen iş hökmünde kesgitlemek bolar. Giň manyda, marketingiň wezipesi «adamzat we jemgyýetçilik zerurlyklaryny kesgitlemekden we kanagatlandyrmakdan» ybaratdyr.

Marketing ylmy ykrar edilmezinden ozal hem onuň usullary ulanylypdyr. Ol, esasan, doly aňşyrylmadyk derejede bolup geçipdir: haryt we bazar peýda bolandan soň her bir söwdagär öz harydyny satmaga gyzyklanma bildirip, ony öňe ilerletmek üçin mahabat, satyn alyjylary öwrenmek we ş.m ýaly dürli ýollary ulanypdyrlar. Elbetde, bularyň ählisi ýöntem görnüşde bolupdyr. Diňe soňky döwürde dolandyryş ylmynda täze, anyk kesgitlenen çäkleri, wezipeleri we maksatlary, usullary bilen «marketing» atly akym peýda bolýar.

## 11.2. Habar beriş serişdelerinde marketing aragatnaşygynyň düýp özeni

Marketing işini dolandyrmagy meýilnamalaşdyrmak bazaryň mümkinçiliklerini seljermekden, marketing çärelerini durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

Bellenilen marketing çärelerini amala aşyrmak üçin kömekçi ulgamlar hereket edýär:

– marketing maglumaty (gözleg, häzirki daşky maglumatlary toplamak, firmanyň içindäki hasabatlary, marketing maglumatlaryny seljermek we baha bermek);

– marketingi meýilnamalaşdyrmak (ýyllyk meýilnama, önümçilik meýilnamasy, esasy ugry meýilnamalaşdyrma);

– marketing hyzmatlaryny guramak (marketingiň geografik, haryt-bazar ýörelgeleri we haryt önümçiligi boýunça bölüminiň gurluşy);

– gözegçilik (esasy ugurlara gözegçilik, ýyllyk meýilnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik, girdejililige gözegçilik).

## 11.3. Sergileriň we ýarmarkalaryň mysalynda KHBS-iň marketing aragatnaşyklarynyň maksatlary we wezipeleri

Islendik köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň sergä gatnaşmagy barada gutarnykly netijä gelmezden ozal öňde anyk maksatlary goýmak gerek bolýar. Bu maksatlar, mysal üçin, gazet redaksiýasynyň umumy marketing meýilnamasynda bolmaly. Redaksiýanyň marketing maksatlary we wezipeleri şulardan ybarat bolup durýar.

*Redaksiýanyň netijeli imijini döretmek.* Sergiler imiji döretmek üçin ajaýyp mümkinçilikleri berýär: dürli tanyşdyrylyşlar, şoular (şüweleň), sergidäki işler, bularyň ählisi redaksiýanyň täsirli imijini döretmäge mümkinçilik berýär.

*Täze bazarlary gözlemek.* Redaksiýanyň elmydama täze söwda bazarlarynyň, täze okyjylaryň gözleginde bolýandygy sebäpli, bu örän möhüm marketing wezipesidir.

*Täze alyjylary-okyjylary çekmek.* Sergilere diňe bir döredijі hünärmenler däl-de, alyjylar hem gatnaşýarlar. Şonuň üçin täze alyjylary-okyjylary çekmek örän derwaýysdyr.

*Täze dellallary (araçylar) gözlemek.* Täze alyjylaryň çekilişi ýaly, täze dellallary gözlemek hem marketingiň möhüm bölegidir.

*Neşir önümiňiziň bäsdeş neşirleriniň arasyndaky ornuny kesgitlemek.* Bäsdeşlik bazar ykdysadyýetinde hökmany hadysadyr we sergide haýsy redaksiýanyň nähili orun eýeleýändigi aýdyň görünýändir.

*Täze neşir üçin bolup biljek hyrydarlygy kesgitlemek.* Sergide-satuwda täze neşir üçin hyrydarlygy, şeýle-de gyzyklanma derejesini çaklamak bolýar.

*Başga bir ýurtda işewür aragatnaşyklaryny açmak.* Aragatnaşyk bolmazdan, başga bir ýurtda täjirçiligiň üstünlikli ösüşi mümkin däldir. Sergi meýdançasy — işewür gatnaşyklary, üstesine-de gerekli pudakda ýola goýmak üçin iň amatly ýerdir.

*Täze neşiriň mahabatyny güýçlendirmek.* Sergi redaksiýany ýa-da neşiri ilerletmek üçin meýdança hökmünde hem çykyş edip biler.

*Köne okyjylar-alyjylar bilen aragatnaşygy saklamak.* Sergilere gatnaşmak imiji saklamagyň bir bölegi bolmak bilen, ozalky okyjylar bilen gatnaşygy-da saklamaga kömek edýär.

*Täzelikler, meýiller we täze üstünlikler bilen tanyşmak.* Innowasiýa sergileriniň möhüm wezipeleriniň biri adamlary pudagyň täzelikleri bilen tanyşdyrmakdyr.

*Senagat «içalylygy».* Serginiň dowamynda bäsdeşleriň nähili işleýändigini aç-açan görmek mümkinçiligi bolýar.

*Neşir önüminiň gönüden-göni söwdasy.*

## 11.4. Žurnalistikada işi meýilnamalaşdyrmak

Edil beýleki täjirçilik işlerindäki ýaly, media täjirçiligiň hem öz işiniň baş ugry we başlangyçlary berjaý etmegiň anyk hereketleriniň meýilnamalaşdyrylmasy bolýandyr. Žurnalistikada baş ugruň meýilnamalaşdyrylmagy redaksiýanyň hereketleriniň esasy we marketing aragatnaşyklarynyň başlangyjy bolup hyzmat edýär.

*KHBS-iň baş ugruny işläp taýýarlamak* – bu uzak möhletleýin taslamany meýilnamalaşdyrmak bolup, oňa şu aşakdakylar girýär:

– žurnalistikanyň wezipelerini we maksatlaryny kesgitlemek;

– köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň häsiýetli aýratynlyklaryny kesgitlemek;

– köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň gurluşlaryny düzmek;

– öňde goýlan maksatlara ýetmegiň ýollaryny we usullaryny saýlamak;

– redaksiýanyň içindäki serişdeleri ulanmak we paýlamak: adam, enjam, habar, maddy çeşmeler;

– köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk strategiýasyny amala aşyrmak;

– köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini öňünden çaklamak.

*KHBS-iň gysga möhletleýin meýilnamasynda*:

– daşky üýtgeşmeler (syýasy, ykdysady we ş.m);

– redaksiýanyň içindäki täzelikler;

– marketing gözleglerini alyp barmak;

– redaksiýanyň işiniň gowşak taraplaryny berkitmek we güýçli taraplaryny pugtalandyrmak;

– KHBS-i öňe ilerletmek üçin marketing we PR aksiýalaryny (çärelerini) geçirmek;

– bäsdeşleri öwrenmek;

– häzirki wagtda KHBS-iň başga bir işi bilen baglanyşykly belli bir döwür üçin dolandyryş wezipesiniň we marketing aragatnaşyklarynyň meýilnamasynyň işlenip düzülmegini göz öňünde tutýar.

Şeýlelik bilen, baş ugruň hem-de gysga möhletleýin meýilnamalaşdyrma – media täjirçiligini sowatly we sagdyn alyp barmagyň kepili bolan üznüksiz we möhüm işlerdir. Guramada esasy içki bölekler şulardyr, ýagny maksatlar, gurluş, wezipeler, tilsimat we adamlar.

Redaksiýanyň bölüm redaktorlary, žurnalistler, korrektorlar, operatorlar, režissýorlar, ses režissýorlary, çaphana, çap neşirini düzmek we çykarmak ugrundan hünärmenler hem-de KHBS-iň beýleki tehniki işgärleri onuň içki adam gory bolup durýar. Redaksiýanyň içerki maddy hususy serişdeleri we döredijilik önümi žurnalistik materialdyr.

Mundan başga-da, redaksiýanyň içki üýtgeýän çykdajylaryna enjamlaýyn üpjünçilik, kanselýariýa harytlary we beýlekiler degişlidir. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasynyň daşky gurşawyny şular düzýär: gündelik maglumatlar, çap önümini ýaýradyjylar, kagyz bilen üpjün edijiler, döwlet kömek pullary, täjirçilik gurluşlarynyň hemaýatkärlik goldawy we beýleki maýa goýumlar, bäsdeş köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, sarp edijiler, KHBS barada, mahabat barada kanunlar.

## 11.5. Marketing işini dolandyrmagyň ugurlary

KHBS-iň daş-töwereginde bolup geçýän islendik syýasy, ykdysady, durmuş, tilsimat häsiýetli üýtgeşme köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işine we, umuman, žurnalistika täsir edýän daşky aragatnaşyklardyr.

Marketing aragatnaşyklary belli bir anyk maksada gönükdirilen we maksada gönükdirilmedik bolup biler. *Maksatly marketing aragatnaşyklary* diýlende mahabat we şahsy satuwlar, *maksada gönükdirilmedik*, ýöne *belli bir täsirini ýetirýän marketing aragatnaşyklary diýlende* bolsa önümiň daşky keşbi, gaplanylyşy we nyrhy göz öňünde tutulýar. Netijeli we öndürijilikli hereket etmegi iş ýüzünde durmuşa geçirmek guramanyň üstünligidir. Massmedianyň işjeňligi «mümkingadar uzak wagt hereket etmek mümkinçiliginde» jemlenýär, ol ömürlik hem bolup biler.

Netijelilik we dürs ýerine ýetirmeklik KHBS-iň üstünliginiň we hereket etmeginiň möhüm bölekleridir. Haçan-da jemgyýetçilik hajatlaryna gabat gelýän zerur mediaönüm döredilende, habar beriş serişdeleriniň işiniň netijeliligi ýüze çykýar. Eger mediaönüm «dogry» döredilen bolsa, bu dürs ýerine ýetirilenliginiň görkezijisidir. Dürs ýerine ýetirmeklik daşyndan – köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maksatlaryna ýetmegi we içinden – redaksiýanyň mümkinçilikleriniň talabalaýyk ulanylmagy hem-de täjirçilik işleriniň amatly alnyp barlyşy bilen kesgitlenýär.

KHBS-iň netijeliligini «ölçäp we mukdar taýdan aňladyp» bolmaýandygy sebäpli, ony kesgitlemek kyn, dürs ýerine ýetirilmegini bolsa redaksiýanyň sarp edilýän serişdeleriniň we öndürilen mediaönümiň kömegi bilen anyklap bolýar. Guramanyň öndürijiligi - bu mukdar taýdan ölçäp bolýan ýokary hilli işdir. Aýdaly, eger öndürilýän mediaönümiň möçberi, mysal üçin çap neşirlerinde sahypalaryň sany artdyrylanda onuň hili ýaramazlaşsa, öndürijilik pese gaçýar. Şonuň üçin guramanyň işiniň iňňän dürs ýerine ýetirilmesi ýokary öndürijiligi kepillendirýär.

Mukdar görkezijileri okyjylaryň we mümkin bolan bazar sygymynyň çäginde bolmagy mümkin okyjylar, diňleýjiler, tomaşaçylar köpçüliginiň ölçegi, barlag geçirýän KHBS-iň bäsdeşi ýa-da bäsdeşi bolup biljek KHBS-iň sany we häsiýetnamasy bolup durýar. Hil görkezijileri – okyjylar köpçüliginiň oňa girýän çäkler boýunça ilatyň ýerleşişini, uly şäherlere we olaryň etraplaryna ünsüň jemlenmegini, oba ýaşaýjylarynyň şäherçeler boýunça ýerleşdirilmegini görkezýän geografiki aýratynlyklaryny kesgitlemekdir. Gurama-

nyň üstünliginiň ahyrky görkezijisi – iş ýüzünde durmuşa geçirmek, ýagny redaksiýanyň dolandyryş ýörelgeleriniň netijeli berjaý edilmegidir. Iň dogry we öňdebaryjy taglymlar hem, eger olary ösdürmeseň we durmuşa geçirmeseň, ol taglymlygyna galýar.

### 11.6. Köpugurly žurnalist düşünjesi

Häzirki wagtda žurnalistika äleminde KHBS-e «uniwersal» ýa-da «täze» žurnalist ýörelgesiniň girizilýändigini görmek bolýar. Şeýle žurnalist häzirki zaman media gurşawynyň esasy işçi birligidir. «Uniwersal» media işgäriniň esasy häsiýeti «habar» önümini bermegiň iň gowy görnüşini çalt kesgitlemek başarnygydyr. Haýsy mazmunyň gowudygy barada anyk düşünjäniň bolmagy üçin žurnalist köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşlerinde iş başarnyklaryna eýe bolmaly we belli bir görnüşdäki mazmunyň nähili döredilýändigini bilmeli.

«Täze» žurnalistiň köp maglumat ýygnamak we mediaönümiň düýp mazmunyny doly açyp görkezmek üçin şekile düşürip, tekst ýazyp, onlaýnda diňlemek üçin audiogepleşikleri, seriallary taýýarlamak, sýužetleri timarlap, wakalar internet-žurnallary bilen işlemegi başarmalydygyny belläp geçmek gerek. Munuň üçin žurnaliste multimedia (bir wagtyň özünde maglumatlaryň, mazmunyň ses, animasiýalaşdyrylan kompýuter çyzgysy, şekil hatary ýaly dürli görnüşde berilmegi) taýdan pikirlenmegi öwrenmek gerek.

Konwergent redaksiýada, ýagny dürli metbugat neşirleri, telewideniýe, radio üçin mediaönümleri döredýän önümçilik we döredijilik häsiýetindäki redaksiýa gurluşynda işleýän *«täze» žurnalist şulary başarmalydyr:*

– onlaýn çeşmeler üçin habar materiallaryny döretmek;
– internete audio we şekil ýazgylaryny ýüklemek;
– şekilli reportažlary kamera düşürmek;
– fotosuratlary düşürmek, olary işlemek we internete ýüklemek;
– kompýuterde dessin işlemek;
– internet ulgamlaryndan baş çykarmak;
– SMS görnüşinde täzelik habarlaryny döretmek;
– mümkin bolan ähli kompýuter programmalaryny ulanmak;

– maglumaty Wi-Fi arkaly çykarmaga, şol sana we saýta ibermek;
– mümkin bolan ähli internet wakalar gündeliklerini alyp barmak;
– ýokary hilli faktlary we maglumatlary saýlamak;
– günüň islendik wagtynda elýeterli bolmak.

*Internet neşirleriniň özboluşly taraplary*. Häzirki wagtda habar beriş serişdeleriniň ählisiniň diýen ýaly diňe bir öz web sahypalary bolman (şol sebäpli täze alamat – *intermedialylyk* barada gürrüň etmek bolar), eýsem, habarlara we makalalara salgylanmalar ýerleşdirilýän durmuş ulgamlardaky sahypalary hem bardyr. Neşirleriň durmuş ulgamlardaky sahypalary her kimiň öz garaýyşlaryny anonim görkezip bilýändigi sebäpli, ulanyjylaryň arasynda meşhurdyr. Şol bir wagtyň özünde, soňky ýyllarda media bazaryndaky ýeterlik derejede durnuksyz ýagdaý barada hem gürrüň etmek bolar. Çap neşirleri azalýar we täze internet çeşmeleri açylýar.

Media bazarynyň geljekki ösüşinde tölegli mazmunyň ornunyň ýokarlanjakdygyny, KHBS-iň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we materiallaryň wizuallaşdyrylmagyny çaklamak bolar. Ýene bir meýil hökmünde «auditoriýanyň internet ulgamyna garanyňda mobil programmalarda köp wagt geçirmek islegini; messenjerleriň (bir pursatda habar alyşmaga mümkinçilik berýän ykjam telefon ýa-da kompýuter üçin programma) täze durmuş medialara öwrülmegini» bellemek bolar.

*Internet KHBS-iň* aýratynlyklary:
– maglumat önümçiliginiň ýokary hünär häsiýeti;
– öndürijileriň işiň bu görnüşine ýöriteleşmegi;
– habar çeşmeleriniň özüni KHBS hökmünde görkezmek meýli;
– redaksiýanyň esaslandyryjysy/döredijisi, ýolbaşçysy we onuň awtorlar topary barada maglumaty, redaksiýanyň salgy we aragatnaşyk telefonlary bilen doly salgylaryny öz içine alýan redaksiýanyň «çykyş maglumatlarynyň» bolmagy;
– materiallary neşir etmegiň tertipliligi we yzygiderliligi;
– hemişelik auditoriýanyň bolmagy;
– multimedia tilsimatlarynyň ulanylmagy.

Internet KHBS-iň ýokarda bellenilen esasy aýratynlyklaryndan başga-da, medianyň bu görnüşiniň ony beýleki köpçülikleýin habar

beriş serişdeleriniň arasynda tapawutlandyrýan käbir häsiýetli taraplary hem bardyr. Internet neşirleriniň KHBS-iň adaty görnüşleri bilen meňzeşligine garamazdan, internet KHBS-i özüne mahsus alamatlara, ýagny interaktiwlige, gipertekstuallyga we dürli media tilsimatlar topary arkaly maglumat ýetirmek mümkinçiligine eýedir. Olarda anyk kesgitlenilen ölçeg ýokdur (internet KHBS-i beýleki adaty media serişdelerinden tapawutlylykda, ýaýlym wagt ýa-da neşir sahypalarynyň sany babatda çäklendirilmeýär).

*Multimedia* habarlary dürli belgi ulgamlarynda – werbal, çyzgy, sesli, foto, şekil arkaly bermek mümkinçiligini aňladýar. «Multimedia» adalgasynyň özi «ähli maglumat beriş ýollarynyň – döwürleýin neşiriň, radio ýaýlymyň, TW-niň we internetiň – bir bitewilige birikdirilmegini» göz öňünde tutýar. Media konwergensiýasynyň esasynda birnäçe görnüşdäki iş durýar:

– *Digitallaşdyrma* – tekst, grafiki we şekil materiallaryny sanly görnüşe geçirmek. Şeýlelikde, «interaktiwlik häzirki zaman aragatnaşygynyň möhüm bölekleriniň biri bolýar»;

– Biri-birinden aýrybaşga medialary birleşdirmek. Netijede, täze birleşdirilen žanrlar emele gelýär.

*Bazarlary birleşdirmek.* Häzirki zaman köpçülikleýin habar beriş serişdeler pudagy telearagatnaşyk ugur, durmuş enjamynyň önümçiligi, habar tilsimatlar bilen birleşdirmäge gönükdirilendir. Netijede, täze birleşdirilen bazar emele gelýär we ol ýerde multimedia hyzmatlary programma önümleriniň döredilmegi bilen birleşýär.

Internet KHBS-iň indiki möhüm tarapy – bu gipertekstuallyk, ýagny tekstli sahypalardan ybarat ulgamdyr, ol gipersalgylanmalaryň üsti bilen aýry-aýry resminamalaryň arasyndaky aragatnaşyk ulgamyny göz öňünde tutýar. Onda dürli tekstleriň bir tekstden başga bir tekste salgylanmak arkaly birleşdirilmeginiň netijesi däl-de, «şahsy ýörite alamatlaryň toplumy bilen özboluşly obýektdir, onda aýry-aýry bölekleriniň biri-biri bilen gatnaşygy möhümdir».

Şeýlelikde, tekst internet KHBS-inde hereketsiz ulgam bolmagyny bes edýär, ol möçber we hatda awtorlyk babatda hem çäklendirilen däldir. Internet KHBS-i üçin giperteksti̇ň esasy artykmaçlygy – maglumatyň dolulygyny we ygtybarlylygyny güýçlendirmek, audi-

toriýa üçin bolsa dürli çeşmelerden peýdalanmak, maglumata özbaşdak düşündiriş bermek, şeýle-de gipersalgylanmalar arkaly belli bir tema boýunça öz tekstiňi döretmek mümkinçiligidir.

Internet medialarynyň üçünji aýratyn tarapy – *interaktiwlik,* ýagny köptaraplaýyn maglumat alyş-çalyş mümkinçiligidir. Oňa kagyz köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, radio we telewideniýe üçin diňleýjilerden jaňlary, hatlary, ýüzlenmeleri kabul etmek görnüşinde ýüze çykýan interaktiwlik mahsusdyr. Ýöne internet üçin aýratyn «ikitaraplaýyn gatnaşyk şol bir fiziki gurşawda bolup geçýär». Interaktiwligiň esasy artykmaçlygy – auditoriýany köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň mazmunyny döretmäge çekmek mümkinçiligidir, şeýlelik bilen, aragatnaşyk ikitaraplaýyn bolýar, yzyna jogap almagyň wagty ep-esli gysgalýar. *Interaktiwligiň birnäçe derejesi bardyr:*

– bir adamdan başga bir adama (aragatnaşyk redaksiýanyň işgäri bilen aýratyn okyjynyň arasynda bolup geçýär);

– bir adamdan köp adama (elektron habarlaryň iberilmegi);

– köp adamdan bir adama (onlaýn maslahatlardaky soraglar);

– köp adamdan köp adama (bildiriş tagtalary, web saýtlardaky maslahatlar).

Interaktiwligiň ýene-de iki ugry bolýar:

– «Adamlar we resminamalar» (bu ýagdaýda okyjy diňe bir döretmek däl-de, maglumat sorap almak mümkinçiligine-de eýe bolýar);

– «Adamlar we tilsimatlar» (ulanyjy üçin habar tilsimatynyň oňaýlylygy).

Interaktiwligiň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

– *ikitaraplaýyn, ýöne interaktiw aragatnaşyk däl (jogap (seslenme) aragatnaşygy);*

– *doly interaktiw aragatnaşyk*, bu ýerde aragatnaşygyň ähli subýektleri maglumat alyş-çalşygyna gatnaşýarlar.

Ýokarda sanalan aýratynlyklardan başga-da, internet KHBS-iň birnäçe özboluşly alamatlary bolup, olara şular degişli:

– *dessinlik.* Täzelik habarlaryny göni neşir etmek mümkinçiligi.

KHBS-iň bu alamaty diňe bir waka, hadysa bolup geçende däl, eýsem, redaksiýanyň gündelik durmuşynda-da örän möhümdir,

sebäbi neşir ol ýa-da beýleki bir habary näçe çalt neşir etse, şonça-da beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde bu neşire salgylanma köp bolýar, diýmek bähbitli mahabat meýdançalarynyň gözleginde gyzyklanma bildirýän bolmagy mümkin mahabat berijileriň sanyna täsir edýän neşiriň sitata alynma indeksi şonça-da ýokary bolar.

*Arhiwleri ýöretmek mümkinçiligi.* Arhiwler habar saýtlary üçin aýratyn ähmiýetlidir. Haçanda täzelik köp bolanda, arhiw emele gelýär we oňa her bir okyjynyň elýeterliligi bolýar. Bu alamat maglumata elýeterliligiň göwrümi bilen häsiýetlendirilýän häzirki zaman maglumatlar jemgyýetinde örän möhümdir. Maglumat ykdysady çeşmä öwrülýär, okyjynyň özi bolsa indi faktlaryň yzygiderliligini gowşak ýatda saklaýar, logiki aragatnaşyklary gowşak dikeldýär, ýöne zerur bolan maglumaty çalt tapyp biler.

*Elýeterlilik.* Islendik internet neşiri Ýer şarynyň islendik künjeginden elýeterlidir, ýöne internete birigýän elektron gurluşyň bolmagy hökmanydyr.

*Geografik serhetleriň bolmazlygy*. Ol elýeterlilik alamaty bilen baglanyşyklydyr. Internet KHBS-i üçin çäk serhetleri ýokdur. Diňe dil araçägi bardyr.

*Maglumaty gaýtadan ulanmak mümkinçiligi*. Maglumaty birnäçe gezek okamak, görmek we diňlemek mümkinçiligi.

*Az çykdajy.* Metbugat KHBS-inden tapawutlylykda internet neşirlerini öndürmek we saklamak arzan düşýär.

Ş*ahsy çemeleşme*. Internet oňa girýän islendik adamyň islegini göz öňünde tutmaga mümkinçilik berýär. Ol ýa-da beýleki harpy ýa-da reňkli bezegi ulanmak üçin belli bir sazlamalaryň kömegi bilen ulanyjynyň geografik ýa-da durmuş ýagdaýyny nazara almak bolýar. Şeýle tilsimatlar kontekst, ýagny sarp ediji tarapyndan internetde anyk temada berlen gözleg boýunça görkezilýän tekst, çyzgy we şekilli bildirişler hem-de auditoriýada isleg döretmek maksatly (targetlenen, iňl. maksatly) mahabat üçin, ýagny ulanyja onuň öňki isleglerini göz öňünde tutýan mahabat önümi görkezilende ulanylýar.

Ö*lçemek mümkinçiligi*. Internet – hasaplanyp we sanly seljerilip bilinýän maglumaty ýygnamak üçin amatly meýdançadyr. Internet til-

simatlary auditoriýanyň düzümine we özüni alyp barşyna gözegçilik etmäge we onuň isleglerine dessin jogap bermäge mümkinçilik berýär.

Saýtyň eýesi öz sahypasynda haçan we näçe adamyň bolandygy baradaky ähli maglumata eýedir. Şeýle çemeleşme saýtyň mazmunyny we ölçegini her gezek kämilleşdirip, aragatnaşygy netijeli ýola goýmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki günde maglumat sarp edilişiniň üýtgeýändigi barada gürrüň etmek bolar: adam şahsy we interaktiw KHBS-e ymtylanda sarp etmegiň gowşak nusgasy işjeň internet usuly tarapyndan gysylyp çykarylýar. Sarp ediş diskret, ýagny arasyny üzüp bölek-bölek okamak mümkinçiligi peýda bolýar.

Muňa garamazdan, ähli tor çeşmelerini internet KHBS-ine degişli etmek bolmaýar: saýtyň ýokarda agzalan belli bir alamatlara we häsiýetlere eýe bolmagy hökmanydyr. Şol bir wagtyň özünde internet neşirleri gurluşy, ölçegi we gelip çykyşy boýunça birmeňzeş däldir. Ýöne internet KHBS-i media ulgamyna girýändir. Muny medianyň bu görnüşiniň adaty aragatnaşyk ýaýlymlarynyňky ýalylara eýedigi tassyklaýar, ýagny:

*Aragatnaşyk wezipesi* – adamlaryň arasyndaky gatnaşyk üçin hyzmat edýär, aragatnaşyk zynjyrynyň bir tarapynda ýokary hünärli maglumat öndüriji, beýleki tarapynda köp sanly nämälim ulanyjylar/okyjylar bolýar. Internet üçin bu wezipäniň aýratynlygy onuň serhetden daşary häsiýeti we ikitaraplaýyn aragatnaşyk mümkinçiligidir;

*Habar wezipesi* – gün tertibini emele getirmek we jemgyýetçilik pikirine täsir etmek mümkinçiligi bilen ilatyň ähli gatlaklaryny töwerekdäki barlyk hakyndaky maglumat bilen üpjün etmek. Bu wezipäniň internet KHBS-i üçin aýratynlygy ulanyjylar tarapyndan maglumaty kabul etmegiň wagt taýdan gabat gelmezliginden we ulanyjylaryň sanynyň artmagy sebäpli umumy gün tertibini emele getirmegiň kynlygyndan ybaratdyr.

*Gymmaty taýdan düzgünleşdiriji wezipe* – gymmatlyklaryň emele gelmegi, kadalaryň kesgitlenmegi, tejribe toplamak we ilatyň arasynda däp-dessurlary saklamak. Internet özüňe laýyk nukdaýnazary gözlemäge mümkinçilik berýär, sebäbi maglumaty kabul etmegiň we alyş-çalyş etmegiň erkinlik derejesi giňeýär. Bu wezipe habarlary

saýlamakda, olary teswirlemekde, belli bir sahypalarda belli bir yzygiderlilikde ýerleşdirmekde hem öz beýanyny tapýar;

*Durmuş-guramaçylyk wezipesi* – anyk durmuş birlikleriniň we institutlaryň emele gelmegine gatnaşmak;

*Durmuş-kreatiwlik (*adaty lenç edilen köne ülňüleri gaýtalamaýan we özgelere meňzemeýän özboluşly ýol tapmak) *wezipesi* – diňe aragatnaşygyň kömegi bilen ýaşaýan durmuş birlikleriň emele gelmegi (mysal üçin, internetdäki jemgyýet), bu ulanyjylarda şahsyýet duýgusyny pugtalandyrýar. Internet köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň aýratynlygy ulanyjynyň islendik durmuş aragatnaşygyna goşulmak we dörediji bolmak mümkinçiligine eýe bolmagynda jemlenýär;

*Güýmenje wezipesi* – medianyň ähli görnüşlerine mahsus, ýöne internet KHBS-i interaktiw mümkinçilikleriň we görnüşleriň dürlüliginde üstünlik gazandy.

Bu wezipelerden başga-da, internet KHBS-i diňe özlerine mahsus wezipelere-de eýedir. Mysal üçin, giň göwrümli meseläniň maslahatlaşylýan giňişliginiň (forumyň) we durmuş gatnaşyk ýaýlymynyň wezipesi diňe ikitaraplaýyn aragatnaşyk arkaly mümkindir. Onuň wezipesi KHBS-iň maslahatlaşmak, pikir we maglumat alyşmak üçin meýdançany guramak mümkinçiliginde ýüze çykýar. Adaty köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň çäginde durmuş gatnaşyk ýaýlymyny döretmek ugrunda edilen synanyşyga garamazdan, internet raýatlaryň biri-biri bilen gatnaşyk etmek, işjeň raýat ornuny eýelemek mümkinçiligini giňeltmäge şert döretdi. Internet ulgamlaryndaky KHBS jemgyýetiň, häkimiýetiň we telekeçileriň arasynda söhbetdeşlik we maslahatlaşma üçin işjeň meýdança öwrülýär.

Žurnalistiň öz menejmenti we onuň mümkinçilikleri. KHBS-iň çylşyrymly ykdysady tebigaty göz öňünde tutulyp, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň menejmentine bitewi bir ulgam hökmünde garalsa dogry bolsa gerek.

Şol bir wagtda KHBS-iň mikro-makroykdysadyýetinde, kärhana hökmünde alyp barýan işinde, jemgyýetçilik instituty hökmünde, täsirli wezipelerden ybarat kärhana hökmünde netijeli çözgüt kabul etmegiň jogapkärçiligini özünde jemleýändigini bellemek gerek.

*KHBS-i dolandyrmakda makrodereje we onuň kanunalaýyklyklary:* mikrodereje.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde menejeriň işi, esasan, auditoriýany öwrenmek üçin ulanylýar. Mediahödürleýjiler önümiň hilini we düzümini auditoriýa hödürlemek üçin tomaşaçylaryň «keşbine» mätäç bolýarlar. Auditoriýanyň habar hajatlary, olaryň öwrenýän ýa-da gyzyklanýan zatlary KHBS-iň döredijilik toparynyň ýazýan, görkezýän, diňledýän materiallaryna bagly bolýar. Bu ýerde täsin zat ýüze çykýar – KHBS-iň öz girdejisiniň köp bölegini öz okyjylaryna, diňleýjilerine, tomaşaçylaryna satýan harydyndan gazanmaýanlygydyr, nusga sanyndan gelýän girdeji gazetiň çykdajysynyň deň ýarysyny ýa-da dörtden bir bölegini ödän ýagdaýynda hem, ol gowy görkeziji hasaplanylýar. Çykdajynyň köp bölegi mahabatyň hasabyna ýapylýar. Mediamenejerleriň okyjylar köpçüligini öwrenmekleriniň «ikinji sebäbi» hem şu ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolup durýar.

Mahabat berijilere öz okyjylar köpçüliginiň anyk we kesgitli talaplarynyň häsiýetlerini öwrenip habar ýetirilmegi, media menejerlerini-de gowy girdejileri gazanmak üçin özüne çekýär. Bellemeli zat, redaksiýa öz neşiriniň ýokary derejede bolmagyny gazanmak bilen, abunaçyny pugta özüne çekýär we maýanyň, özüne gelýän pul akymynyň dowamlylygyny näbelli möhlete çenli uzaldýar. Islendik täjirçilik kärhanasy özünde maglumatlar binýadynyň, şol sanda özüniň harydyny satyn alyjylar barada maglumatlaryň bolmagy ugrunda aladalanýar. Bu işiň özi uly tagallalary, wagty we harajatlary talap edýär. Emma gazet redaksiýasy şeýle maglumatlary-abunaçylaryň familiýalary we salgylary görkezilen petekleriň toplumyny erkin we mugtuna öz ygtyýaryna alýar. Diňe şolary tertibe salyp, zerur bolsa, şol adamlar bilen aragatnaşygy ýola goýup we şeýlelikde, alnan şol maglumaty gazetiň bazara girişmeginiň barşynyň iň amatlaşdyrylmasy we nusga sany ýerlemek üçin peýdalanmak mümkindir. Şeýle maglumatlary redaksiýanyň menejerleri gazeti ýaýradyjylardan – abuna ýazylyşygyny geçiren guramalardan alyp bilerler. Bu maglumatlar gazetiň eýeçiligi bolup durýar.

Habar beriş serişdeleriniň maliýe artykmaçlyk mümkinçiligi – habar kompaniýasynyň, şol sanda gazet redaksiýasynyň hem serişde-

leriniň dolanyşygynyň tizleşdirilmegine mümkinçilik bolýanlygydyr. Eger adaty senagat kärhanasy tutuş ýylyň dowamynda diňe birnäçe gezek öz maýasynyň dolanyşygynyň amala aşyrylmagyny gazanyp bilýän bolsa, redaksiýa, eger zerur hasaplasa, öz ykdysady menjmenti arkaly, bu sany onlarça we şondan hem köp artdyryp biler.

Žurnalistiň öz marketingi diýlende, dünýäde meşhur neşirleriň öz okyjy sanyny artdyrmak üçin oýlap tapan, bir ugra ýa-da ulgama degişli bolan materiallar toparyna, degişli neşiriň imijine öwrülen, hut şol neşir bilen brend (ýörgünli, meşhur) ýagdaýa gelen firmalar, kärhanalar, markalar hakyndaky materiallar internet sahypasynda ýerleşdirilýär.

Žurnalistler öz internetdäki işleri arkaly gazanç etmäge has-da kämilleşdiler. Daşary ýurtly žurnalistler öz saýtyňa, sahypaňa adam çekmegiň birnäçe syryny paýlaşýarlar:

– *köpler üçin peýdaly zatlary beýan ediň;*
– *ýazýan zatlaryňyzy özüňiz bilen baglanyşdyryň;*
– *peýdaly boluň;*
– *wakany janlandyryň;*
– *bitarap bolmaga çalşyň.*

Habar beriş serişdelerinde administrasiýa (menejer), döredijilik işgärleri, tehniki we täjirçilik işgärleri hereket edýärler.

*Administrasiýa* – baş redaktor, onuň orunbasarlary, jogapkär kätip, täjirçilik redaktory, baş hasapçy, redaksiýanyň müdiri ýa-da iş dolandyryjy, sürüji, hojalyk müdiri we ş.m. degişlidir. Muňa kompýuter bölüminiň müdiri, korrektorlaryň müdiri hem goşulýar.

*Döredijilik işgärleri* – bulara žurnalistler, habarçylar, synçylar, ýörite habarçylar, kätipligiň habarçylary, surat habarçylary, nakgaşlar, dizaýnerler, kompýuter arkaly neşiri düzmegiň dizaýneri degişlidir.

*Tehniki işgärler* redaksiýanyň iş şertlerini we gazetiň önümçiligini üpjün edýän korrektorlar, enjamda hat ýazyjylar, stenografiýaçylar (tiz ýazyjylar), hatlary we resminamalary kabul edip alyjylar we äkidiji çaparlar, tam süpürijilerdir.

## 11.7. Habar beriş serişdeleriniň marketinginiň özboluşlylygy

Marketingiň esasy wezipesi täjirçiligi dolandyrmakdyr, sebäbi onuň maksady sarp edijileriň zerurlyklaryny kesgitlemekde we bu zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin firmanyň serişdelerini gönükdirmekde jemlenýär.

Marketingiň düýp manysy kärhananyň öz öndüren zadyny satjak bolman, diňe bazara gerek bolan zatlary öndürmegini gazanmakdan ybaratdyr. Şonuň üçin marketinge häzirki zaman täjirçiligiň filosofiýasynyň modeli hökmünde hem garamak bolýar – ol başlangyç nokady haryda bolan hyrydarlyk esasyndaky pikirlenmäniň usulydyr. Onuň kanagatlandyrylmagyna dürli derejelerde kabul edilýän islendik çözgütler tabyn bolýar.

Marketingiň baş ýörelgesine laýyklykda, kärhananyň ähli işleri bazaryň ýagdaýyny hemişe göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylmalydyr we ähtimal alyjylaryň isleglerini we zerurlyklaryny takyk bilmäge, olaryň baha bermelerine we geljekde bolup biljek üýtgeşmeleriň hasaba alynmagyna esaslanmalydyr. Bellenilip geçilişi ýaly, öndürilip bilinjek zady we alyja gerek bolan zady öndürmek - ine, marketingi öz işiniň filosofiýasy hökmünde kesgitleýän kärhananyň ýörelgesi. Marketingiň göz öňünde tutulan mazmunyny öndüriji bilen sarp edijiniň arasyndaky gatnaşygy üpjün edýän, olar tarapyndan amala aşyrylýan alyş-çalşyň netijeliligine ýardam berýän ykdysady işiň barşy bolup durýandyr. Şonuň üçin hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky çaprazlyk iň pes dereje gazanylmagyna getirýär. Görnüşi ýaly, marketing bazar gatnaşyklarynyň bolmagy mümkin gatnaşyjylarynyň arasynda diňe bir haryt däl, eýsem, habar alyş-çalşygyny hem ýola goýýar we ony yzygiderli dowam etdirýär.

*Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň marketingi* – bu sarp edijileriň hyrydarlygyny we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň bazarynyň şertlerini hasaba almak esasynda önümi öndürijiniň maksatlaryna ýetmegi üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümleriniň (dürli göterijileriň üsti bilen berilýän maglumat) önümçiligini we satuwyny kadalaşdyrmak işidir. Eger köpçülikleýin habar beriş serişdeleri barada anyk aýdylsa, önümiň bazardaky şol wagtky ýagdaýyna baha bermek, onuň artykmaçlyklaryny ýüze çykarmak,

bäsdeşleri öwrenmek üçin, şeýle-de alyjylaryň özüni alyp barşyny düýpli seljermek, okyjynyň gönüden-göni «keşbini» we onuň isleglerini kesgitlemek, onuň neşir önümine bolan gyzyklanmasyny artdyrmak maksady bilen marketingiň öz gurallaryny ulanylmagyny göz öňünde tutýar.

Žurnalistikada marketingi maglumatlaryň ýygnalmagyny we seljerilmegini, maksatly auditoriýanyň öwrenilmegini, okyjylar (diňleýjiler, tomaşaçylar) üçin gymmatly bolan mediaönümiň döredilmegini we hödürlenmegini üpjün edýän iş hökmünde kesgitlemek bolar. Şeýlelik bilen, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde marketingiň düýp manysy beýleki pudaklar bilen meňzeşdir – önümi (maglumaty) öňe ilerletmek, şeýle-de bäsdeşleri we auditoriýany seljermek birinji hatara çykýar.

Žurnalistikada marketing işi özboluşlydyr, sebäbi köpçülikleýin maglumaty göteriji bir wagtyň özünde hem haryt hem-de hyzmat bolup durýar. Bir tarapdan, žurnalistika habar kimin aýratyn önümi öndürijiniň wezipesini ýerine ýetirýär. Beýleki tarapdan, hyzmat hödürleýär - ol ýa-da beýleki mahabat ýa-da mahabat habaryny ýaýradyjy ýaýlym hökmünde çykyş edýär. köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýalary habar signallaryny (duýduryşlary) hem-ä iberijiler, hem-de kabul edijilerdir. Iki ýagdaýda-da girdejiniň uzak möhletliliginiň we habar önümiň gymmatynyň marketing aragatnaşyklarynyň netijeliligine baglydygy düşnüklidir. Habar bazarynyň düzüm bölekleri, ýagny köpçülikleýin habar beriş serişdeleri belli bir filosofiýasy, tabşyrygy we maksady bolan guramadyr. Islendik gurama ýaly, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üstünlik gazanmaga, maksatlara ýetmäge we ýurt hem-de jemgyýet üçin peýdaly bolmaga çalyşýarlar.

Mediatäjirçilik üçin üstünlik we maksatlara ýetmek sinonim bolup durýandyr. Mediatäjirçilikde satuw möçberiniň we girdejiniň görkezijisi hemişe köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň şowlulygynyň ölçegi däldir. Eger KHBS-iň redaksiýasy girdeji gazanmagy maksat edinýän bolsa we bu oňa başartsa, onda ol köpçülikleýin maglumat ulgamyny işi rowaç hökmünde hasaplamak bolar. Eger KHBS-iň maksady has ulurak, mysal üçin halkara maglumat meýdançasyna çykmak bolup, emma redaksiýa häzirlikçe diňe ýerli derejede

girdeji almagy başarýan bolsa, onda maksadyň heniz amala aşyrylmanlygydyr we ony şowly diýip atlandyrmak bolmaz. Žurnalistikanyň wezipesi, ilkinji nobatda durmuş ugurly bolmaly we ygtybarly maglumaty bermekde, medeni, syýasy we ykdysady taýdan sowatly ilaty terbiýelemekde, ýaşlaryň watançylyk we medeni gymmatlyklaryny güýçlendirmekde, netijede raýat jemgyýetini emele getirmekde jemlenmelidir.

Dürli KHBS-leriň maksatlary we wezipeleri dürlüçe bolup biler: wezipeleriň kesgitlenmegi köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öňünde duran maksatlardan gelip çykýar. Muňa garamazdan, olaryň ählisi üçin ileri tutulýan wezipeler faktlaryň bellige alynmagy we jemgyýetçilige syýasy, ykdysady, durmuş we güýmenje maglumatlaryň hakykylygyna berilmegidir.

Žurnalistikada marketingiň umumy wezipeleriniň iki sany esasy maksady bardyr: maksatly auditoriýanyň habar zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we KHBS-iň özüni üstünlikli öňe ilerletmek.

Žurnalistikada marketingiň wezipeleri şulardan ybaratdyr:

– media bazary öwrenmek;

– sarp ediji okyjylar köpçüligini we onuň düzümini öwrenmek;

– bäsdeşleri we olaryň žurnalistik önümlerini öwrenmek;

– media bazarynyň talaplary bilen hususy redaksiýanyň mümkinçilikleriniň gatnaşygy;

– köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maksatly auditoriýanyň zerurlyklaryna baglylykda ornuny kesgitlemek;

– mediaönümiň bazardaky öz ornuna laýyk gelmegi;

– redaksiýanyň içinde PR (jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk) çäreleri;

– daşky PR aragatnaşyklary;

– redaksiýalarda enjamlaýyn we tilsimat innowasiýalary;

– habar gurşawynda täjirçilik işleriniň gidişiniň has amatlaşdyrylmagy.

*KHBS-iň redaksiýasynyň marketing syýasaty şulary göz öňünde tutýar:*

– redaksiýanyň toparyny dolandyrmagy başarmak;

– redaksiýanyň düzümini kesgitlemek;

– mediagöterijiniň tematiki, mazmun hem-de žanr aýratynlyklaryny kesgitlemek we bu ugurda mundan beýläkki işleri takyklamak;

– toplamak, seljerme bermek, taýýarlamak işiniň gidişi (düzmek, syntgylamak we ş.m), žurnalistik materialyň çykarylmagy;

– şahsy wezipe bazaryň talaplaryna we hususy maksatlara laýyklykda şahsy mümkinçilikleriň öwrenilmegini öz içine alýar.

*KHBS pudagynyň bazary üçin ulanylýan ölçegler:*

– önümler üçin tölege ukyply hyrydarlyk;

– bazaryň sygymy;

– medeni-bilim derejesi we durmuş gurşawy;

– demografik gurşaw (ilatyň mukdar düzüminiň, onuň ýerleşişiniň görkezijileri);

– bazarda bäsdeş önümleriň bolmagy.

Ýokarda bellenilen ölçegler boýunça we hususy mümkinçilikleri hem-de maksatlary esasynda redaksiýa, agentlik, radio, telewideniýe ýa-da neşirýat özüniň habar akymlary üçin köp sanly bolmagy mümkin bazarlardan geljegi bar bolan we ileri tutulýan, az tagallalar we çykdajylar bilen täjirçilik üstünligine ýetmäge mümkinçilik berýän bazary saýlap alýar. Şeýlelik bilen, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň marketinginiň wezipesi şu esasy ölçegden ybaratdyr: marketing syýasaty; mediaönümiň hili; žurnalistika ulgamy boýunça jemgyýetiň, žurnalistleriň, tehniki we beýleki işgärleriň öňünde jogapkärçilik.

Maksatly iberilýän önümiň ýa-da kampaniýanyň, şol sanda mediaönümiň sarp edijiler tarapyndan makullanylýan birnäçe marketing hereketi bardyr. Haryt dolanyşygynyň, barha artýan berk bäsdeşligiň we döwrebap enjamlaýyn mümkinçilikleriniň ýokarlanmagy bilen marketing bölekleriniň sanawynyň üsti ýetirilýär. Mahabat bilen PR iň gymmat, has täsirli aragatnaşyk serişdeleri hasaplanýar. Žurnalistikada hut şolar habar täjirçiligi üçin berk binýat döretdiler.

Häzirki zaman bazar şertlerinde marketing aragatnaşyklary hem täjirçilik düzümlerinde, hem žurnalistikada düýpli aktiwler (edara tarapa, ýa-da hususyýetçä degişli bolan emlägiň jemi) bolup hyzmat edýär. Erkin bazar harytlaryň we hyzmatlaryň, şol sanda žurnalistik önümiň we mediahyzmatlaryň dürli-dürli bolmagyny şertlendirýär.

Elbetde, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri marketing wezipelerini amala aşyrýarlar we şolary ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýärler. Haçan-da KHBS öndüriji hökmünde çykyş edende, ýagny žurnalistika bazarda subýekt bolanda, çap neşiriniň sahypalarynda, tele we radio gepleşiklerde bazaryň beýleki obýektleriniň harytlary we hyzmatlary öňe sürülýär. Haçanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri özüni öňe sürende, ýagny bazaryň obýekti bolanda, marketing işi auditoriýanyň habar zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. Birinji ýagdaýda maglumat – mahabat ýa-da PR hyzmaty, ikinji ýagdaýda maglumat haryt bolup durýar.

KHBS-iň üstünligi, pajarlap ösmegi we uzak hereket etmegi alyjylaryň kimiň žurnalistik önümini saýlajakdyklaryna baglydyr. Haçanda habar bazarda subýekt, ýagny hyzmat we habar bermegiň ýoly hökmünde görlen ýagdaýynda, köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň marketing syýasaty aşakdaky ugurlarda işlemelidir:

– mahabatlandyrylýan önümiň özüne çekiji keşbini döretmek;

– onuň tapawutly we aýratyn häsiýetlerini görkezmek;

– gyzyklanma döretmek we bu önümiň satyn alynmagyna ýardam etmek;

– bäsdeşlik artykmaçlyklaryny nygtamak.

Eger habar bazarynda *KHBS-e obýekt hökmünde garalsa, onda aşakdaky marketing işi zerur bolýar:*

– bolmagy mümkin müşderileriň hajatlaryny anyklamak we düşünmek;

– şol zerurlyklary bäsdeşiňden has oňat bilmek we olary kanagatlandyrmak;

– ilkinji nobatda alyja üns bermek – žurnalistik materialy manyly we gyzykly etmek;

– maksatly auditoriýanyň nyrh çelgilerini we durmuş keşbini göz öňünde tutmak.

Şeýlelik bilen, žurnalistikada marketing işi diňe bir marketingiň ülňüleýin düzgünleri we guramaçylyk işleri däl-de, eýsem, keşpleýin pikirlenmekdir. Aragatnaşyk maglumatynyň bir adamdan başga birine geçirmek işiniň barşydyr. Hakykat ýüzünde aragatnaşyk örän çylşyrymly iş bolup, oňa düşünmek we netijeli amala aşyrmak üçin bir-

näçe düzgünleri berjaý etmeli bolýar. Aragatnaşyk şahsyýetara işdir. Ol bolup geçýän durmuş gurşawyna we käwagtlar birbada ulanylýan dürli usullaryň kömegi arkaly maglumat iberýän adamlara baglydyr.

*Žurnalistiň marketingi:* ilki bilen adalganyň özüne düşünip geçmek gerek. Bu žurnalistiň döredijilik işiniň bazary diýmegi aňladýar. Žurnalistiň zähmet çekýän redaksiýasy kärhana hökmünde, özi bolsa öndüriji, därediji hökmünde çykyş edýär. Žurnalistiň bazar gatnaşygy redaksiýa bilen özara gatnaşygynda ýüze çykýar. Kärhananyň düzgünnamasyna görä, žurnalistiň işine tölenýän hak we galam haky onuň önüminiň gymmaty bolup çykyş edýär, elbetde bu žurnalistiň alyp barýan işleriniň barşy bilen hem berk baglanyşyklydyr.

Soňky döwürde tilsimatyň ösmegi bilen žurnalistleriň täjirçilik mümkinçilikleri has-da artdy. Ýörite sahypalary döredip, öz okyjylaryna derwaýys habarlary ýetirmegiň üsti bilen gazanç etmek žurnalistleriň ikinji işine öwrülip barýar. Bu ýerde žurnalistiň zähmetiniň muzdy öz sahypasyna ýygnap bilen okyjylarynyň sany bilen ödelýär, şeýle-de žurnalistler öz sahypalarynda mahabatlary bermek, bildirişleri okyjylaryna ýetirmek arkaly hem gazanç edip bilýär, internet sahypalary žurnaliste öz okyjylar köpçüligini döretmek, giňeltmek, adyny marka hil nyşany derejesine ýetirmäge-de ýardam edýär, gysgaça aýdylanda, internet žurnaly, sahypasy ýa-da akkaunty bolan žurnalist öz zähmet çekýän redaksiýasynyň abraýyny hem-de öz mertebesini beýgeldip biler.

## 11.8. Marketing býujetiniň göwrüminiň kesgitlenilmegi

Marketing boýunça redaksiýanyň menejeriniň wezipe borçlarynyň biri redaksiýanyň býujetini kesgitlemek bolup durýar. Täjirçilik, telekeçilik giňişliginde marketing býujetiniň göwrüminiň kesgitlenilmegi synagdan geçen iň täsirli usuldyr. Şol bir wagtyň özünde, marketing işiniň netijesinde meýilleşdirilýän girdejiniň möçberinden ugur alynýar. Soňra bu möçberden firmanyň adaty çykdajylary we onuň maksatlaýyn girdejisi aýrylýar; galyndy hem marketing býujetiniň göwrümi bolup durýar.

Marketing býujeti kesgitlenenden soň, onuň gurluşy anyklanýar. Adatça, ony böleklere bölýärler. Onuň birinjisini mahabat, gazet, te-

lewideniýe we radio redaksiýalary bilen aragatnaşyk babatdaky töleg düzýär. Bu çykdajylar, köplenç, umumy marketing býujetiniň ýarysyndan gowragyna barabar bolýar – ýaýlym we neşir etme wagyz işleriniň bahasy yzygiderli ýokarlanýar. Onuň galan bölegini marketing gözlegleriniň we çäreleriniň arasynda bölýärler. Soňkularyň hataryna hemişe ep-esli çykdajylary talap edýän marketing kampaniýalary-da girýär.

Redaksiýa-neşirýat marketingi indi redaksiýanyň ýa-da kompaniýanyň býujetinde aýratyn bölek bolup girýär. Onuň mazmuny marketingiň ähmiýetiniň artmagy bilen ýokarlanýar. Dogrusy, şol býujetiň girdeji bölegine aýratyn setir edip marketingiň netijesi hökmünde alynmagy meýilleşdirilýän girdejini hem goşmak bolar. Eger-de bu girdeji meýilleşdirilenden ýokary bolsa, onda marketing býujetini hem artdyryp bolar.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Marketing aragatnaşygynyň mazmuny nämeden ybarat?
2. Marketing gözegçiligi näme?
3. KHBS-de marketing aragatnaşygynyň mazmuny dogrusynda gürrüň beriň.
4. KHBS-i dolandyrmakda makrodereje we onuň kanunalaýyklyklary nämeden ybarat?
5. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň marketinginiň nähili aýratynlyklary bar?
6. Žurnalistika işinde nähili meýilnamalar bar?
7. Marketing işini dolandyrmagyň meýilnamalaşdyrylyşy barada gürrüň beriň.
8. Žurnalistikada marketingiň esasy wezipeleri haýsylar?
9. Köpugurly žurnalist diýlende nähili taraplara düşünýärsiňiz?
10. Marketing býujetiniň göwrüminiň kesgitlenilişiniň ugurlary barada gürrüň beriň.

## *XII bap. KHBS-de nyrh hem-de nusga syýasaty*

### 12.1. Redaksiýalaryň nyrh syýasaty

Bazardaky islendik harydyň öz nyrhy bolýar. Gazet-žurnallar, radioteleýaýlymlar kärhanalara belli bir nyrhlarda mahabat teklip edýärler. Žurnalist, aýdaly, bir telekeçilik guramasy tarapyndan öndürilen täze önüm hakda ýazan öz makalasy üçin galam hakyny alýar.

Hünärmenler nyrhyň satyjy tarapyndan alyjydan anyk haryt (hyzmat) üçin alynýan pul möçberidigini belleýärler. Aslynda, ähli täjirçilik we köp täjirçilik däl guramalar, adamlaryň köpüsi, goý, ol hakyna tutulyp işledilýän ýa-da özbaşdak işleýän bolsun, parhy ýok, öz harydy ýa-da hyzmaty üçin nyrh bellemek meselesi bilen ýüzbe-ýüz bolýar.

Gadymdan bäri-de ol deslap harydyň nyrhy bellenilip, soňra alyjy bilen özara söwdalaşyp, ýokary düşewündi göwnünde beslän satyjy bilen has arzanrak almagy niýetlän alyjynyň arasynda netijä gelnen bir nyrhdyr. Bazarda, köplenç, häzirem şeýledir. Söwda etmekde Gündogar we Günorta ýurtlarynyň ilatynyň häsiýetli aýratynlygy bardyr. Häzirki ösen bazarda, şeýle hem, kadalaşdyrylýan ykdysadyýetde nyrhlar ýeke-täk ortalaşan nyrha ymtylýarlar. Iri bölek satuw söwda kärhanalarynyň ösmegi bilen hödürlemäni we hyrydarlylygyň deňagramlylygy netijesinde kesgitlenilen hem-de bazarda bolup geçýän ähli köpsanly geleşikleriň bahasyna öwrülen anyk haryt üçin birmeňzeş nyrh diýen düşünje döredi.

Harytlaryň bahasy hem-ä önümçilik üçin sarp edilýän zähmetiň ýönekeý bahasyny, hem-de satyn alyjynyň islegini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan zähmet harajatlaryna laýyklykdaky bahany öz içine alýar.

Mälim bolşy ýaly, öndürijiler tarapyndan habar bazaryna bitewi eser, ýagny gazet-žurnal sany, tekst, bezeg işiniň asyl nusgasy we ş.m. görnüşinde iberilýän žurnalistik habar haryt bolup durýar.

Halkara žurnalistika ulgamynda bahalar syýasaty redaksiýanyň maliýe syýasatynyň iň möhüm taraplaryndan biridir. Ol maliýe syýasatyny has aýdyňlaşdyrýar, redaksiýanyň maksatlaryna ýetmäge

ýardam edýär – has ýokary girdejiniň gazanylmagy neşiriň maliýe binýadyny üpjün edýär.

Maglumat bazarynda önüm satylanda hem, öz önümçiligi üçin zerur haryt satyn alnan mahalynda hem iň amatly bahalary kesgitlemäge döwürleýin neşiriň redaksiýasynyň baha syýasaty esasyna laýyklykda çemeleşýärler. Birinji ýagdaýda, redaktorlar öz neşirini mümkin boldugyndan, ýokary bahadan satmak isleýärler. Emma ikinji ýagdaýda welin olar alyjy hökmünde çykyş edip, önümçilik üçin çykdajylary has azaltmak maksady bilen harytlary iň arzan bahadan satyn almaga çalyşýarlar. Ýöne satyn alynjak harytlaryň bahasyny arzanlatmagyň hem öz çägi bardyr: redaksiýa pul tygşytlamak üçin arzan, emma hili pes kagyzy satyn alyp bilmeýär.

Redaksiýanyň nyrh syýasatyny we amatly bahalary saýlamagyň ugurlary birnäçe ýagdaýlar arkaly sazlanylýar. Şolaryň biri, *maglumat bazaryndaky hödürlemäniň we hyrydarlygyň özara gatnaşygydyr*. Neşiriň şol bir hödürlemesi bilen, oňa bolan hyrydarlygyň ýokarlanmagy onuň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Munuň tersine, neşiriň hyrydarlygynyň azalmagy onuň bahasyny peseldýär.

Şoňa laýyklykda, üpjünçilik kanuny hem işleýär, ýagny neşiriň hemişeki hyrydarlygy bilen, nusga sanynyň artmagy onuň bahasyny peseldýär, nusga sanynyň peselmegi neşiriň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Redaksiýanyň nyrh syýasatynyň ýene bir düzgünleşdirijisi bolsa marketingdir. Marketing işleriniň netijelerini görkezýän maglumat bolmasa, maglumat bazaryndaky harytlaryň iň amatly bahalaryny kesgitlemek mümkin bolmaýar.

Nyrh syýasatyny kesgitlemekde möhüm zatlaryň biri-de redaksiýanyň önümlerini *sarp edijileriň tölege ukyplylygydyr*. Okyjylarynyň tölege ukyplylygynyň pesligi gazetiň ýa-da žurnalyň redaksiýasyny neşir tä satyn alnyp başlanýança, onuň bahasyny arzanlatmaga mejbur edýär.

Redaksiýanyň nyrh syýasatyny kesgitlemekde *neşiriň imiji-keşbi* hem möhümdir. Galyberse-de, alyja diňe gazetlerde ýa-da teleýaýlym gepleşiklerinde bar bolan maglumatlar we şolarda berilýän mahabat däl, eýsem, neşiriň özüne çekiji derejesi, täsiri hem hödürlenýär. Köp nusgaly abraýly, meşhur gazet okyjylaryna has güýçli täsir edip

biler – redaksiýanyň işgärleri neşiriň bahasyny ýokarlandyryp bilerler. Maliýe we senagat kompaniýalarynyň eýeleriniň iri teleýaýlymlarynyň hem-de meşhur köp nusgaly gazetleriň we žurnallaryň eýelerine öwrülýänligi tötänden däldir.

Redaksiýanyň *nyrh syýasaty üç ugur boýunça* kesgitlenilýär we durmuşa geçirilýär. Bularyň *birinjisinde* ol satuwlara – žurnalistik maglumatlaryň hem-de döwürleýin neşirleriň ýaýramagyna we satylmagyna täsir edýär. *Ikinji ugurda*, nyrh syýasaty şol maglumatlary öndürmek we neşir etmek üçin zerur bolan harytlaryň satyn alnyşyny düzgünleşdirýär. Onuň täsiriniň üçünji ugry bolsa, işçi güýjüni satyn almak we onuň hakyny kesgitlemek bolup durýar. Bu ugurlaryň hersinde, redaksiýanyň çykýan bazarlaryna görä nyrh syýasatynyň öz aýratynlyklary bolýar.

Bellenilişi ýaly, redaksiýanyň nyrh syýasaty, maliýe syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biridir. Redaksiýa maglumat bazarynda önümlerini satmakda-da, neşir taýýarlamak we çykarmak üçin zerur bolan harytlary satyn almakda-da, marketingde-de iň amatly bahalary kesgitlemek babatda tagallalary edýär. Marketing maglumatlary bolmazdan, maglumat bazaryndaky bahalary kesgitlemek mümkin däldir.

Neşirlerde bolan maglumatlaryň ep-esli bölegi mahabat berijä neşir meýdanyny, ýagny gazet sahypasyndaky bir bölegini satmak arkaly hyzmat görnüşinde ýerleşdirilýär.

Çap neşiriniň nusgasynyň sanynyň kesgitlenilmegi onuň bahasyny kesgitleýär. Tersine, onuň bahasynyň kesgitlenilmegi gazetleriň nusgasynyň göwrümini we gurluşyny sazlaýar.

Bahanyň esassyz ýokarlandyrylmagynyň köp okyjyny özünden daşlaşdyrmagy mümkin, bu bolsa redaksiýanyň maliýe ýitgisine sebäp bolup biler. Munuň öňüni almak üçin neşiriň iň amatly bahasy aýdyňlaşdyrylýar. Neşiriň bölek satuwy, neşiriň şertleriniň üýtgemegi, onuň bahasyny has erkin üýtgetmäge redaksiýa mümkinçilik berýär. Ýaýradyjylar neşiriň sanlary üçin dürli bahalary ulanýarlar. Neşiriň lomaý satuwynda onuň mukdaryna baglylykda ylalaşylan lomaý bahasyndan peýdalanýarlar.

*Redaksiýanyň mahabat syýasaty hem nyrh syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.* Maliýe menejeri mahabatyň neşir edilmeginiň

iň amatly bahasyny kesgitleýär. Ol mahabatyň gazet sahypasyndaky tutýan meýdanynyň möçberine baglydyr. Redaksiýa gelýän mahabatlaryň mukdary, neşiriň ulanylýan sebiti we ýaýradylyşy, bäsdeşleriň neşirlerinde mahabatyň nyrhynyň ýagdaýy we beýleki ýagdaýlar mahabatyň bahasyna täsir edýär.

Her neşirde, mahabatyň bahalar ulgamy we dellalçylyk tölegleri, nyrhüsti tölegler, indirimler, arzanladyşlar we şolaryň neşir edilmegine redaksiýa ýardam edilenligi üçin tölegleriň ulgamy kemala gelýär. Bu ulgam hususy mahabatlaryň - täjirçilik setirleýin mahabatlarynyň we raýatlaryň şahsy durmuşy bilen baglanyşykly täjirçilik däl mahabatlaryň bahasyny kesgitlemek üçin hem ulanylýar

*Redaksiýanyň baha syýasatynyň ikinji ugry bolan* döwürleýin neşiriň önümçiligi hem az orun tutmaýar. Neşirýatlar, çaphanalar we ýaýradyjylar tarapyndan hödürlenilýän habary, materiallary, enjamlaýyn serişdeleri we hyzmatlary satyn almak işi üznüksizdir - ol neşir işiniň bütin dowamynda hereket edýär. Redaksiýa ýa-da kompaniýa zerur harytlary iň arzan bahadan satyn almaga çalyşýar. Şol sebäpden, neşir etmek üçin materiallar satyn alynýan bazarlaryň ýagdaýy barada marketing gözlegleriniň netijeleri döwürleýin önüm öndürmekligiň dowamynda nyrh syýasatyny durmuşa geçirmekde aýratyn ähmiýete eýedir.

*Redaksiýanyň baha syýasatynyň üçünji ugry* – işçi güýjüni (žurnalistler, tehniki işgärler we täjirçilik gulluklarynyň işgärleri) edineninde durmuşa geçirilýär. Bazar gatnaşyklary şertlerinde olar haryda öwrüldi we olaryň öz bahasy bolup, işçi güýjüniň bazarynda satyn alynýar. Redaksiýanyň baha syýasaty onuň işgärler syýasaty bilen baglanyşyklydyr we oňa täsir edýändir. Ol anyk hünärmeniň käriniň bazar bahasyna laýyklykda we redaksiýanyň onuň zähmetine hak tölemekdäki mümkinçiliklerine görä işgärleriň zähmet haklarynyň derejesini kesgitleýär. Redaksiýanyň galamhak syýasatynda hem ol durmuşa geçirilýär.

Redaksiýanyň baha syýasatynyň aýratynlyklary bu ýerde döredijilik işgärleriniň zähmetine hak tölemekde ulanylýan ulgama hem baglydyr.

Nyrh aşa pes bolanda girdeji gazanmak kyndyr. Oňaýly nyrh - özüne düşýän gymmaty, bäsdeşleriň nyrhy, harydyň täsin oňat tarapydyr. Has ýokary nyrh goýlanda bolsa, haryda hyrydarlygy emele getirmek, köplenç, başartmaýar.

Adatça, nyrh emele getirilmeginde, hyrydarlyk anyklanylýar, harajatlara baha berilýär, bäsdeşleriň nyrhlary seljerilýär, nyrh emele getirmegiň usullary saýlanyp alynýar we nyrh goýmak babatda gutarnykly netijä gelinýär. Ösen bazar ykdysadyýetinde alyjynyň haryt saýlamagyna nyrh däl zatlar, ýagny satuwy höweslendirmek, harydyň guramaçylykly ýaýradylmagy, hyzmatlar, müşderiler hyzmat hem güýçli täsir edip biler.

Haçan-da bazarda öz eýeleýän ornuňy saklap galmaklyk girdejiden has möhüm bolan ýagdaýynda pes nyrhlar hem goýulýar.

Kärhananyň nyrh goýmak ugruna birnäçe daşky ýagdaýlar we bäsdeşligiň derejesi jemlenip täsir edýär. Hünärmenleriň belleýişleri ýaly, nyrh goýmagyň *täze önümlere nyrh goýmak, önüm bollugynyň çäginde nyrh goýmak, nyrhy düzgünleşdirmek* ýaly birnäçe ugry bardyr. Kärhanalar hemişe üýtgäp duran bazardaky ýagdaýlara we alyjylaryň islegleriniň dürlüligine laýyklykda öz başlangyç nyrhlaryna düzediş girizýärler. Nyrh goýmak ugruny we tärini saýlaýan kärhana hemişe bazary öwrenmegiň içki we daşky ýagdaýlaryny hasaba almak bilen öz önümine ýa-da hyzmatyna nyrh kesýär.

## 12.2. Nyrh syýasaty we neşir sanynyň iň amatly bahasy

Döwürleýin neşir näçe işjeň satylsa, redaksiýa şonça-da köp girdeji alýar. Neşiriň girdejisiniň möçberi, esasan, satuwyň – ýaýradylyşyň guralyşyna baglydyr. Emma redaksiýanyň satuwyň ähli basgançaklarynda bahalary kesgitlemeginiň ähmiýeti hem az däldir. Haryt satylanda satyjy tarapyndan ähli girdeji maddalarynyň, ähli mümkinçilikleriň hasaba alynmagy iň amatly bahany kesgitlemekligiň şertleriniň biridir.

Gazetiň bir gezekleýin nusgasynyň bahasyny onuň sanyny taýýarlamagyň we öndürmegiň gymmatyna köpeltmek arkaly nusganyň özüne düşýän gymmaty kesgitlenilýär. Sanyň satylmagyndan girdeji gazanmak üçin redaksiýa onuň özüne düşýän gymmatynyň üstüne bel-

li-bir goşmaça puly goşýar. Şunlukda emele gelen pul möçberi sanyň *satuw bahasy* bolup durýar. Emma neşiriň nusgasynyň ýerlenmeginiň usullarynyň üýtgemegi bilen baglylykda, sanyň bahasy özgerip biler.

Abuna ýazylyşygynda sanyň bahasy, adatça, neşiriň bölekleýin satuwyndakydan birneme pesräk bolýar. Redaksiýa abuna ýazylyşykdan birbada uly möçberdäki puly almaga ymtylýar. Gazetiň sanyny eltip bermek hem bahanyň içine girýär.

Bölekleýin satuwda çap neşiriniň bahasy ýygy-ýygydan üýtgäp biler. Baha onuň satuw nyrhyndan, aragatnaşyk guramasynyň hyzmatynyň bahasyndan ybarat bolýar. Aslynda bölekleýin söwdada oňa gatnaşýan her bir araçynyň redaksiýanyň satuw bahasyna öz islegine görä nyrhüsti baha goşýanlygy sebäpli redaksiýa üçin onuň sanynyň alyja düşýän gutarnykly bahasyny kesgitlemek örän kyn bolýar. Redaksiýanyň nyrh syýasaty döwürleýin neşir bazarynyň ýagdaýyna görä kesgitlenilýär. Täze gazet bazara çykarylanda, adatça, onuň sanynyň bahasy bäsdeş neşiriň nyrhy bilen deňeşdirilip, kämahal 30–40 göterime çenli pese düşürilýär. Ol *bazara täze ornaşdyrylan harydyň bahasy bolup durýar.*

Eger ozaldan belli gazet öz goşundysyny çykarýan bolsa, onda oňa derejeli baha kesgitläp bolar. Köne neşiriň abraýy täze goşunda täsir edip, oňa okyjylary çekýär.

Gazet bölekleýin satylanda *ylalaşylan* ýa-da *erkin bahany* hem ulanýarlar. Bu ýerde satyjynyň alyjylara hödürleýän gazet sanynyň bahasy göz öňünde tutulýar.

Gazetiň *lomaý bahasy* satuwyň möçberine baglylykda üýtgäp durýar.

Redaksiýanyň menejerine nusganyň lomaý bahasynyň peseldilmeginiň serhedini kesgitlemek bilen, onuň indirimleriniň jedwelini düzmek peýdaly hasaplanylýar.

*Redaksiýanyň baha syýasaty we mahabat.* Mahabatyň amatly bahasy mahabat bildirişiniň gazet ýa-da žurnal sahypasynda eýeleýän meýdanynyň göwrümine baglydyr. Munda mahabatdan doly bir sahypanyň bahasyndan ugur alynýar.

Mahabatyň bahasyna redaksiýa gelip gowuşýan mahabatyň möçberi-de täsir edýär. Eger mahabatyň gelip gowuşýan akymy ke-

silse, ol az bolsa, onuň bahasyny peseltmeli bolýar. Mahabatyň bahasy onuň redaksiýa nähili görnüşde gelip gowuşýanlygyna görä hem üýtgäp durýar. Eger ol redaksiýanyň hünärmenleri (tekst taýýarlaýjylar, nakgaşlar) tarapyndan resmileşdirmäge, bezemäge degişli bolsa, onuň neşir edilmeginiň bahasy ýokarlanýar. Mahabatyň bahasynyň emele gelmegine onuň ýaýradylýan sebiti we nusgasy ýaly daşky ýagdaýlar hem täsir edýär.

Metbugat neşirlerinde mahabatyň bahasy şolaryň her birinde nyrh üsti töleg we arzanlatma ulgamynyň emele getirilmegi bilen kesgitlenilýär. Nyrhüsti baha bu mahabat berijiniň aýratyn görnüşli bildirişi çap etmek babatdaky talabyny kanagatlandyrmak boýunça redaksiýa tarapyndan berjaý edilen hyzmatyň tölegidir.

*Arzanladyş* – çap ediljek bildirişiň sahypadaky göwrümini ulaltmak ýa-da ony gazetiň birnäçe sanynda çap etmek we ş.m. babatda mahabat berijiniň ýüz tutan ýagdaýynda mahabatyň tölegini arzanlatmak arkaly ony höweslendirmegiň görnüşi.

*Komissiýa tölegleri* – hususy taraplaryň we guramalaryň redaksiýa mahabatlary hem-de bildirişleri getirmek babatdaky işiniň höweslendirilmegi. Gazetdäki mahabat sahypasynyň bahasyna görä, adatça, kärendesine berilýän sahypanyň nyrhyny-da kesgitleýärler. Kärendäniň dowamlylygyna laýyklykda redaksiýa bu ýerde öz arzanladyş ulgamyny ulanyp biler.

## 12.3. Redaksiýanyň nusga san syýasaty

Uzak wagtlaryň dowamynda gazetiň nusgasyny ýerlemekden gelýän girdeji redaksiýalaryň köpüsi üçin iňňän möhüm girdeji hasaplanylýardy. Habar beriş serişdeleriniň bazar ykdysadyýetine girmegi bilen, onuň ykdysady ähmiýeti düýpli azaldy, indi gazet redaksiýanyň diňe nusgany ýerlemekden alýan girdejisiniň hasabyna ýaşap bilmeýär.

Ýöne häzirki girdeji maddasynyň redaksiýanyň býujetini emele getirmekde tutýan orny kiçi däldir. Bu aýratynam, başga girdeji çeşmelerini ulanmak kyn bolan we nusgany ýerlemek ol redaksiýalaryň ýolbaşçylary tarapyndan maliýe syýasatyny ýöretmekde başdaky orunlara geçýän uly bolmadyk ýerli gazetlerde uly ähmiýete eýedir.

Ýöne islendik redaksiýada girdejiniň maddasynyň netijeli ulanylmagy diňe onuň menejeri tarapyndan iň amatly nusga syýasaty alnyp barlan ýagdaýynda mümkindir.

Gazetiň nusga syýasatyna gazetiň iň amatly nusgasynyň, onuň gurluşynyň, gazet sanynyň bahasynyň kesgitlenilmegi degişlidir.

*Gazetiň* iň *amatly nusga sany* diýlip, onuň ýerlenilmegi bilen redaksiýa has köp girdeji berýän nusga sanyna düşünilýär. Gazeti taýýarlamaga we çykarmaga zerur bolan harajatlary tölemek üçin ýeterlik serişdäniň gazanylmagyny üpjün edip biljek iň pes nusganyň möçberi hasaplanylyp çykarylýar.

Ýitgisiz diýlip hasaplanylýan çägiň gazanylmagy, elbetde, redaksiýa girdeji gazanmaga mümkinçilik bermeýär. Ol diňe ähli harajatlaryň käbir bölegini ýapmaga mümkinçilik döredýär. Redaksiýanyň birbada diňe nusgany köpeltmek arkaly girdeji gazanyp başlamagy mümkin. Ýöne, şonda goşmaça kagyz satyn almak, artýan çaphana hyzmatlary bilen baglanyşykly harajatlar hem köpelýär.

Satuwdan gelýän serişdeleriň gazeti çykarmak üçin edilýän harajatlaryň gatnaşygyny anyklap, iň amatly nusganyň möçberi kesgitlenilýär. Şondan ýokary girdejilere eýe bolunmagy diňe goşmaça çeşmeleriň hasabyna gazanylýan girdejiler arkaly şol artýan çykdajylaryň ýapylmagy bilen gazanylyp bilner.

Russiýada gazetiň her sanynda onuň nusga sanynyň hem görkezilýändigini we mahabat berijileri çekmek maksady bilen nusganyň redaksiýa tarapyndan has ýokarlandyryp görkezilen ýagdaýynda, ol jogapkärçilik çekmeli bolýandygyny bellemek bolar.

*Redaksiýanyň nusga syýasatyny alyp barmakda gazetiň nusgasynyň gurluşynyň kesgitlenilmeginiň uly ähmiýeti bardyr*. Gazet redaksiýalarynyň köpüsinde ol iki bölekden ybaratdyr.

Bellemeli zat, redaksiýalaryň köpüsi öz nusganyň ýaýradylmagynyň bir görnüşli häsiýetini saklap galýarlar. Ynha, gyzyklanmalar we hünär boýunça ýöriteleşdirilen çäkli auditoriýalar üçin niýetlenen neşirleriň *redaksiýalary diňe bir abuna ýazylyşyk nusgasyny* nazarlaýarlar. Ol nusganyň uly bölegini düzýär we uly bolmadyk, uzak wagtyň dowamynda durnuklaşan okyjylar köpçüligi bolan etrap we şäher gazetlerine degişlidir.

Munuň tersine, agşamky gazetler, şeýle hem habarlar, maglumatnama, güýmeýji häsiýetli neşirler *diňe bölek-satuw nusgasyny* göz öňünde tutýarlar. Bular ýaly redaksiýalar üçin nusga diňe kömekçi häsiýete eýedir. Gazetiň nusgasynyň gurluşyna laýyklykda, redaksiýanyň menejeriniň olary ýaýratmak babatdaky işiniň aýratynlyklary kesgitlenilýär.

Mälim bolşy ýaly, redaksiýanyň nusga syýasaty onuň nyrh syýasaty bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Menejeriň gazet sanynyň bölek-satuw we abuna ýazylyşyk iň amatly bahalaryny kesgitlemegi gerek bolup, munda ençeme ýagdaý göz öňünde tutulýar. Şolaryň *birinjisi* kagyzyň we çaphana işiniň bahasyny goşmak bilen, redaksiýanyň gazet sanyny öndürmek üçin edilýän çykdajylardyr. Gazetiň nyrhyny kesgitlemekde bu esasy şertdir. *Ikinjisi - bazar,* gazete bolan hyrydarlykdyr. Şonuň artmagy ýa-da azalmagy degişlilikde gazet nusgasyny peseltmäge ýa-da ýokarlandyrmaga mejbur edýär.

Üçünji ýagdaý – abuna ýazylyşygy üçin satyn alyjynyň tölege ukyplylygydyr. Ozal bellenilip geçilişi ýaly, eger gazetiň bolmagy mümkin okyjysynyň oňa ýazylmaga ýa-da onuň sanlaryny satyn almaga mümkinçiligi bolmasa, onda redaksiýa gazetiň bahasyny arzanlatmaga mejbur bolýar. Ahyrynda bolsa, redaksiýanyň menejeri hemişe ýerli habarlar bazarynyň ýagdaýyny synlap ýörýär we bäsdeş neşirleriň nyrhlaryny göz öňünde tutmak bilen, onuň nyrhyny peseldýär.

Elbetde, ýurtda emele gelýän maliýe ýagdaýy redaksiýanyň nyrh we nusga syýasatyna düýpli täsir edýär. Puluň hümmetsizlenmeginiň güýçlenmegi, puluň güýjüniň gaçmagy derrew gazetiň nusgasynyň gurluşyna, onuň abuna ýazylyşygyna täsir edýär. Abuna ýazylyşygy redaksiýanyň maliýe ýagdaýynda amatsyzlyk döredip, öz zelelini ýetirýär: abuna ýazylyşygynyň ahyrynda redaksiýa gelýän uly pul möçberi, adatça, tiz hümmetsizlenýär. Redaksiýa abuna ýazylyşyk nusgasyny azaltmaly, bölek-satuw böleginiň nyrhyny we şol bir wagtda nusgasynyň nyrhyny ýokarlandyrmaly bolýar.

Ýurtda maliýe ýagdaýynyň durnuklaşýan döwründe hem redaksiýanyň menejeriniň öňünde çylşyrymlylygy boýunça öňküden pes bolmadyk meseleler ör boýuna galýar. Menejer gazetiň sanynyň

özüne düşýän gymmatyny – ony öndürmek üçin edilýän çykdajylaryň möçberini kesgitleýär we ony ýerlemekden girdeji gazanmagy meýilleşdirýän redaksiýa gazetiň nyrhyna goşmaça töleg (nadbawka) goýýar hem-de ahyrky netijede onuň satuw nyrhyny kesgitleýär.

Abuna ýazylyşyk amala aşyrylýan döwürde çykmaly sanlarynyň möçberini kesgitlemek bilen, ýarymýyllyk, çärýek, bir aý üçin neşiriň katalog bahasy bellenilýär. Bu barada döwürleýin metbugaty ýaýratmak bilen meşgullanýan döwlet edarasyna ýa-da başga täjirçilik gurama habar berilýär.

Ol bolsa katalog nyrhynyň üstüne öz hyzmatlary üçin öz goşmaça puluny goýup, gazet sanynyň abuna ýazylyşyk bahasyny yglan edýär. Kähalatda, ol goşmaça pul möçberiniň abunaçynyň töleýän pulunyň üçden bir bölegine, hatda ýarysyna hem barabar bolýan ýagdaýlary bolýandygyny belleýärler.

Bölek satuwa goýberilýän gazet nusgasynyň nyrhy-da peslär ýaly däl. Redaksiýanyň satuwa goýberiş nyrhynyň üstüne ýaýradyjy-gurama, kiosk satyjysy ýa-da gazeti elinde aýlap satýan adamlar hem öz goşmaça pullaryny goşýarlar. Bu işe näçe köp araçy gatnaşýan bolsa, gazetiň sanynyň nyrhy şonça-da ýokary bolýar. Redaksiýalar döwürleýin neşiri ýaýratmak boýunça gulluk döretmek, gazet satylýan kiosklary satyn alyp goýmak we ş.m. arkaly onuň bahasyny peseldip bilýärler.

Abuna ýazylyşygy boýunça çykarylýan gazet nusgasynyň nyrhy tutuş abuna ýazylyşygy döwrüniň dowamynda üýtgewsizligine galýar. Emma bölek satuwa goýberilýän gazet nusgasynyň bahasyny redaksiýalar ýa-da gazeti satyjylar bazardaky anyk ýagdaýa görä üýtgedip bilýärler. Redaksiýanyň ýerleşýän we gazetiň çap edilýän şäheriniň çäklerinde ol nyrh üýtgemeýär. Emma ol bu çäkden daşlaşdygyça bahasy hem artýar.

Gazetiň nusgasy öndürilen ýerinden näçe uzaklykda satylýan bolsa, onuň nyrhy şonça-da ýokary bolýar. Çünki gazeti okyja ýetirmek üçin edilýän harajat hem onuň bahasynyň üstüne goşulýar.

Gazet sanynyň sebit nyrhlary bilen abunaçy-da, bölek satuw görnüşindäki alyjy hem ýüzbe-ýüz bolýar.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Redaksiýalaryň nyrh syýasatynyň düýp manysy we onuň ähmiýeti.

2. Nyrh emele getiriliş ulgamy näme, onuň nähili ugurlary bar?

3. Neşiriň ýerlenişiiniň dowamyndaky nyrh syýasaty nähili alnyp barylýar?

4. Neşiriň nusga san syýasaty näme?

5. Gazetiň iň amatly nyrhy nädip kesgitlenilýär?

6. Neşiriň nusga san düzümi bilen gazet sanynyň bahasynyň nähili arabaglanyşygy bar?

7. Redaksiýanyň nyrh syýasaty bilen mahabat syýasatynyň özara baglanyşygy barmy?

## *XIII bap. Redaksiýada täjirçilik meýilnamalaşdyrylyşy*

### 13.1. Täjirçilik meýilnamasy. Onuň mazmuny

Täjirçilik meýilnamasy kärhanany dolandyrmagyň esasy hasaplanylýar. Dünýä žurnalistikasynyň tejribesinde köpçülikleýin habar beriş serişdeleri diňe bir döredijilik topary däl-de, kärhana hökmünde dolandyrylýar. Olarda maliýe direktory, täjirçilik direktory, önümçilik we täjirçilik boýunça direktoryň orunbasary diýen ýaly wezipeler girizilipdir.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri administrasiýa (menejer), döredijilik işgärleri, tehniki we täjirçilik ýaly wezipedäki işgärleri özünde jemleýär.

Täjirçilik meýilnamany düzmezden ozal, maliýe jogapkärçiliginiň merkezini anyklaýarlar, guramaçylyk gurluşyny kesgitleýärler. Ol önümi döredip, ýerläp, ahyrky netijede redaksiýa girdeji getirmegi üpjün edýän gurluşdyr.

Ozaly bilen, redaksiýada kimiň bäsleşige ukyply önüm döredýändigi we girdeji getirýändigi takyklanylýar. Habar beriş serişdelerinde olar gazetiň abraýyny aýratyn ýokary göterýän awtorlar, welaýatyň ýüzi bolup durýan, radioýaýlymyň sesi bolup durýan adamlardyr. Diňleýji, okyjy, tomaşaçy şolaryň çykyşlaryna muşdak. Mahabat be-

rijiler bilen oňat gatnaşyk saklap, uly göwrümli mahabatlary getirýän, söwda-alyş-çalyş gatnaşyklaryny amala aşyryp, gazeti kagyz bilen üpjün edýän, çaphana bilen arkalaşykly işleşýän adamlar we esasy däl işden girdeji getirýän adamlar şol merkeze degişlidir.

Ýene bir möhüm ýagdaýy belläp geçmek gerek. Redaksiýa döwlet edaralary bilen nähili gatnaşyk saklaýar? Mahabat bölümi doly güýjüne işleýärmi, ýa-da özakymlaýyn häsiýetde iş alyp barýarmy? Bölümiň özi mahabatyň gözlegindemi ýa-da onuň işgärleri dürli tanyşdyrylyş dabaralaryna gatnaşyp, redaksiýa mahabat getirmän, diňe öz aladalary bilen gümramy? Belki mahabatçylar şahsy mahabat berijilere, ýekebara taraplaryň mahabatlaryna kembaha garaýandyrlar? Belki olar her dürli täjirçilik sergilerinde ýeterlik iş alyp barýan däldirler? Sebitdäki kärhanalar bilen ýeterlik derejede işleşip bilýän däldirler, olar mahabaty has köp hem berip bilerdiler!

Belki olar mahabat getirijileri has ýakyndan çekmek üçin oňat iş alyp barýan däldirler? Gazetiň redaksiýasynyň bähbitlerini ileri tutmaýan bolmaklary-da mümkin!? Bu zatlar oňat seljerilýär.

Mahabat bölüminde oňaýly, çeýe gurluşy emele getirmek zerurdyr. Nyrhlarda indirimlere üns bermek gerek. Mahabat gulluklarynyň ýeke-täk höweslendiriş ulgamy bolmalydyr. Mahabaty gowy bezemäge örän eserdeň çemeleşmek zerur. Dizaýn ýerlikli ulanylmaly (bu teleýaýlymlarda has-da derwaýysdyr).

Mahabat bölüminiň işgärleri barada aýdylanda, bölüm oýlanyşykly düzülmelidir, ol özüni ödeýän bolmaly. Ol ýerde wezipeler anyklanylyp, aýdyň bellenilmelidir. Redaksiýanyň bähbidi üçin ýeke-täk umumy baş ugry bolmaly. Maliýe düzgün-nyzamy pugta berjaý edilmelidir

Redaksiýada, köplenç, üstünlikli, tapawutlanyp işleýän 20 göterim işgär onuň ähli girdejilerini, şol sanda at-abraýyny üpjün edýär. Bu adamlar «topara» goşulmalydyrlar. Maliýe jogapkärçiligi merkezleri, hünärmenleriň aýdyşy ýaly, girdejiniň merkezi telekeçilik-meýilnamalaşdyrmanyň obýekti bolup durýar. Diýmek, gazet çykarmakdan we satmakdan (radioteleýaýlymlar hem), mahabatdan, diwersifikasiýalaşdyrylan (dürli ugurly) işden näçe girdeji alynjakdygyny pug-

ta bilmeli. Täjirçilik-meýilnamanyň hakykylygy girdejiniň maddalar boýunça meýilleşdirilişiniň hakykylygyna baglydyr.

Elbetde, kimiň näme, näçe iş etmelidiginiň, ýumuşlaryň, sargytlaryň barlanyp durulmagynyň ulgamy bolmalydyr. Siz özüňize tabşyrylan işi we öz tabşyran işiňizi hiç haçan ýatdan çykarmaly dälsiňiz. Tabşyrygy ýazmaça bermek endik edinilse gowudyr. Öz tabynlygyňyzdakylardan hem ýazmaça hasabaty talap etmeli, ýöne, çakdan çykmaly däl. Tabşyryklary diňe resmi ýygnakda, redaksiýanyň geňeşiniň ýygnagynda bermäge çalyşmaly. Şonda onuň netijeliligi artar.

Şahsy tertipde berilýän tabşyryklar önümçiligiň dowamynda gapma-garşylyklary, jedelleri ýüze çykaryp biler.

Mysal üçin, redaktor žurnaliste bir tabşyryk, onuň orunbasary bolsa oňa başga bir tabşyryk berýär. Žurnalist gyssagly makala taýýarlaýar. Emma gazetiň bu sanynda çap etmek üçin iş gününiň başynda başga bir makala meýilleşdirilen bolup çykýar. Netijede, redaksiýanyň kätipliginde 3–4 sany «gyssagly» material üýşýär. Jogapkär kätip ýene-de baş redaktoryň ýanyna baryp, şolaryň haýsy birini gazetiň şu sanyna goşmalydygyny soraýar. Şol bir wagtda, düşünişmezlik zerarly «zerur» materialy taýýarlamak tabşyrylan žurnalistiň öz meýilleşdiren makalasyny ýazmakdan ünsi-de sowlupdyr.

Şeýle ýagdaýlar, gazetiň täjirçilik işine zyýanly täsir edýär. Eger tabşyryk berlen bolsa, onda şolaryň dürs ýerine ýetirilmegini talap etmek gerek. Bularyň ählisi dowamly menejmente degişlidir. Şol zatlaryň üpjün edilmezligi, täjirçilik-meýilnamanyň düzümleýin gurulmazlygy diňe wagtyňy ýele sowurmaklygy aňladýar.

Mundan öň habar beriş serişdeleriniň işgärleri neşirleri, telewideniýe we radio ýaýlymlaryny ykdysady nukdaýnazardan dolandyrmak baradaky meseleler bilen meşgullanmadylar. Bu ugurda hünärmenler hem taýýarlanylmady. Habar beriş serişdeleriniň menejmenti arkaly maýa toplamak ýörelgesi bolmady. Häzir ol dünýä žurnalistikasynda hereket edýär, ol orta we iri täjirçilik tarapyndan ulanylýar.

## 13.2. Täjirçilik meýilnamasy kärhanany dolandyrmagyň özeni hökmünde

*Täjirçilik meýilnamasy kärhanany dolandyrmagyň* özeni bolmak bilen, ol içki firma dolandyryş guralydyr. Adaty ykdysadyýet ylmynda täjirçilik-meýilnama diýlip, hasaplaşyklaryň ulgamyny, tehniki-ykdysady esaslandyrmany, ykdysady görkezijileriň jemini özünde jemleýän telekeçiligiň esasy maksadyna – köp girdeji almaga gönükdirilen çäreleriň we hereketleriň beýan edilmegi ýaly, maksatlaýyn meýilnama resminamasyna aýdylýar. Bu meýilnama ulgamlaýyn bolup, ol bölümler boýunça düzülýär. Onuň dürli görnüşleri bolýar:

*Kompaniýanyň täjirçilik meýilnamasy* – ol täze maliýe ýylynyň öňünden düzülýär we kompaniýanyň ösüşiniň resminamalaýyn esasy bolup durýar.

*Gurluş bölüminiň täjirçilik meýilnamasy* – ol hem maliýe ýylynyň öňünden düzülýär we tutuş kompaniýanyň täjirçilik meýilnamasynyň düzüm bölegi bolup durýar.

*Täjirçilik meýilnamasy* karz üçin haýyşnama hökmünde hasaplanylyp hem bilner. Onda ol şu kompaniýanyň täjirçilik meýilnamasynyň tehniki-ykdysady esaslandyrma görnüşindäki gysgaça beýany bolar.

*Grant* (ýerine ýetirilen işler barada hasabat bermek şerti bilen pul ýa-da haryt görnüşinde mugtuna berilýän serişde) üçin täjirçilik meýilnamasy – munda täjirçilik meýilnama grant berýän tarapyň talaplaryna berk eýerilip düzülýär. Çünki, şol guramalaryň grant bermek babatda öz bildirýän talaplary bardyr. Ýöne bu täjirçilik meýilnama hem adaty sowatly düzülen kompaniýanyň täjirçilik meýilnamasyndan az tapawutlanýar.

*Maýa goýum taslamasynyň täjirçilik meýilnamasy* – daşky maliýeleşdirmekligi göz öňünde tutmak bilen, kompaniýanyň täjirçilik-meýilnamasynyň bir bölegi bolup durýar we onda marketing barlaglarynyň netijeleri beýan edilýär, bazary özleşdirmegiň, öňe sürülýän taslamanyň maliýe netijeleri görkezilýär.

Dogrusy, täjirçilik meýilnama ýolbaşçynyň oý-hyýallarynyň we arzuwlarynyň belli bir ülňüdäki görnüşe salynmagy we beýan edilmegi babatdaky synanyşykdyr.

Öz hususy täjirçilik işiňe düýpli göz ýetirmeklik tejribäniň toplanylmagy bilen mümkin bolýar. Bu žurnalistikada hem köp derejede şeýledir.

Ýöne, redaksiýada täjirçilik meýilnamany haýdan-haý girizmän, öz mümkinçiliklerinden ugur almak zerurdyr. Eger meýilleşdirilen zatlar doly başa barmasa, oňa düzedişleri girizmek bolar.

*Meýilnamalaşdyryş* – gazet redaksiýasynyň döredijilik bölegininiň işini dolandyrmagyň netijeli usullarynyň biridir. Emma habar beriş serişdeler bazaryna girmegi bilen, redaksiýanyň žurnalistleriniň we döredijilik gurluşlarynyň işini meýilnamalaşdyrmagyň görnüşlerine we usullaryna täze bölek – täjirçilik meýilnamalaşdyrylyş girdi. Munuň üstesine, ol ähli redaksiýanyň işiniň, toparyň ähli bölümleriniň döredijilik, şeýle hem täjirçilik bölümleriniň işiniň ykdysady esasy bolup durýar.

*Täjirçilik meýilnamasy* kärhana tarapyndan öndürilýän önümiň önümçilik maksatlaryny we guralyşyny hem-de onuň bazarda ýerlenilişini kesgitleýän resminamadyr. Ol kärhananyň maliýe syýasatyny, girdeji almagyň we ony ulanmagyň usullaryny-da kesgitleýär. Bazar ykdysadyýetindäki häzirkizaman kärhanasy täjirçilik meýilnamasyz hereket edip bilmeýär. Bu gazet redaksiýasyna hem gönüden-göni degişlidir.

Täjirçilik-meýilnama arkaly maksatlaryň birnäçesine ýetmeklige çalşylýar. Şolaryň biri haýsydyr bir guramadan – bankdan, gaznadan, haýyr-sahawat kompaniýasyndan, işewür hyzmatdaşdan ýa-da başga bir hemaýatkärden önümçilik üçin maýa goýum, kärhananyň menejerleri tarapyndan işlenilip taýýarlanylan taslamasyny durmuşa geçirmek maksady bilen grant, karz görnüşindäki maliýe serişdelerini we ş.m. almakdyr.

Emma täjirçilik meýilnamanyň kärhananyň özi, onuň ähli bölümleri üçin önümçilik we maliýe işlerini guramakdaky ähmiýeti has uludyr. Ol topary netijeli dolandyrmagyň we onuň işiniň has ýokary netijeli bolmagyny üpjün etmegiň serişdesi bolup çykyş edýär.

Redaksiýanyň täjirçilik meýilnamasy onuň tutuş işiniň meýilnamalaşdyrylyşynyň-da esasy bolup durýar. Ol nobatdaky maliýe ýylynyň (ýa-da ýarymýyllygynyň, çärýegiň, ýagny gazet üçin abuna

ýazylyşygy döwrüne gabatlap) başyna onuň bütin dowamy üçin ýa-da zerur bolan halatynda, hatda has uzak möhlet üçin hem işlenilip düzülýär.

Täjirçilik meýilnamanyň taýýarlanmagyna maliýe menejeri jogap berýär, onuň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we tassyklanylmagyna baş menejer we baş redaktor gatnaşýar. Täjirçilik meýilnamada redaksiýanyň ähli girdejileri we çykdajylary, onuň işiniň maliýe netijeleri, şeýle hem maddy şertleri kesgitlenilýär.

Täjirçilik meýilnama belli bir anyk durnuklaşan gurluş boýunça düzülýär. Onuň özeni meýilnamanyň görnüşine garamazdan üýtgewsizdir. Kärhananyň täjirçilik meýilnamasy örän wajyp bolmak bilen bir hatarda, ol öz bölümleriniň täjirçilik meýilnamalaryny-da aýdyňlaşdyrýar.

Grant, karz ýa-da başga maýa goýumlaryny almak üçin düzülýän täjirçilik meýilnamalar bulardan tapawutlanýarlar. Soňkuda olar kärhananyň görkezijileriniň umumylaşdyrylan beýany bolup durýar.

Redaksiýanyň täjirçilik meýilnamasynyň bellenilen netijeliligini gazanmak üçin, onuň durmuşa geçirilmeginiň birnäçe şertleriniň berjaý edilmegi zerurdyr.

*Birinjiden,* täjirçilik meýilnama onuň girizilmeginiň wezipesiniň aýdyňlygynyň üpjün edilmegi we onuň deslap pugta işlenilmegi möhümdir we oňa esaslandyrylan kadalar goşulmalydyr.

*Ikinjiden,* onuň ýerine ýetirilmegine üznüksiz gözegçilik etmek, bellenilen kadalaryň we hususan-da, netijeleriň gündelik we döwürleýin hasabatynyň ýöredilmegi hökmandyr.

*Üçünjiden,* tutuş toparyň, her bir gurluş bölüminiň we her bir işgäriň işiniň gidişiniň oýlanyşykly guralmagy (ol, köplenç, logistika diýlip atlandyrylýar) wajypdyr.

Bu wezipeler işiň ýolbaşçysynyň hem, her bir ýerine ýetirijiniň hem ýeterlik derejede özbaşdaklygyny, çözgüt kabul etmekde ýeterlik derejede erkinligini göz öňünde tutýar. Işiň gidişine ýolbaşçynyň dessin goşulyşmagy göz öňünde tutulýar.

Şunuň bilen bir hatarda, olaryň her biriniň öz işiniň netijesi, hususan-da, onuň ykdysady, maliýe netijeleri üçin şahsy jogapkärçiligi bellenilýär.

Elbetde, redaksiýanyň döredijilik bölümleriniň we olaryň işgärleriniň işiniň täjirçilik meýilnamasyny düzmek toparyň täjirçilik gurluşyny düzenden has kyndyr. Bu diňe bir täjirçilik meýilnamalaryň girizilmeginiň we onuň ýerine ýetirilmeginiň žurnalistleriň hut öz bähbitlerinedigine göz ýetirerlik derejede ykdysady oýlanmasyny, pikirlenmesini terbiýelemek işiniň gidişinde doly mümkindir.

## 13.3. Täjirçilik meýilnama redaksiýanyň iş meýilnamasy hökmünde

Redaksiýanyň toparyny dolandyrmak üçin guramaçylyk işiniň möhümdigi mälimdir. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň görnüşine baglylykda, işi meýilnamalaşdyrmak döredijilik işjeňligini artdyrmak üçin peýdalanylýar.

Žurnalistika ulgamynda habar bazarynyň özgermegi bilen döwürleýin neşirleriň, radio-telewideniýäniň hususy we garaşsyz bolmagy bilen redaksiýanyň meýilnamasyna täze bölek – täjirçilik meýilnama goşuldy. Bazarda onuň çelgisi barha giňelýär.

Habar beriş serişdeleriniň girdejisi we çykdajysy täjirçilik meýilnamada meýilnamalaşdyrylyp, kärhananyň peýdasy we zyýany deňeşdirilýär. Täjirçilik meýilnama düzülende redaksiýanyň nusga syýasaty, döredijilik we tehniki işgärleriniň aýlyk haklary, meýilnamanyň görnüşi bilen baglanyşykly aýlyk ýa-da ýyllyk kärhananyň hajatlary göz öňünde tutulýandyr. Täjirçilik meýilnama redaksiýanyň býujeti bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Täjirçilik meýilnama öz maksadyna görä görnüşlere bölünýär.

1. *Işiň gidişi bilen baglylykda öňdäki ýylyň ýa-da birnäçe ýylyň täjirçilik meýilnamasyny düzmek*. Bu resminama redaksiýanyň redaktory hem-de maliýe menejeri bilen birlikde her geljekki ýylyň öň ýanynda ýaýrawa goýberiljek önümiň çykdajysyny, önümden alynjak umumy girdejini we sap peýdany hasaplamak üçin düzülýär.

2. *Göz öňünde tutulan resminama.* Eger kompaniýanyň ýa-da redaksiýanyň maksady, pul grantlaryny ýa-da şonuň deregini ödeýän serişdeleri kabul etmek bolsa, onda öz esaslandyryjylaryna ugratmak üçin bildiriş üçin möhüm bolan täjirçilik meýilnamasyny düzýärler. Bu täjirçilik meýilnama esaslandyryjylaryň talabyny hem şertini öz içine alýandygy bilen tapawutlanýar.

### 13.4. Täjirçilik meýilnamasynyň mysaly gurluşy

I. Titul sahypasy (kärhananyň ady, täjirçilik meýilnamasynyň düzülen senesi).

II. Mazmuny.

III. Rezýume ( taslama barada gysgaça beýan).

IV. Kompaniýa barada maglumat.

V. Bazaryň seljermesi – maksatly bazar, şol ýerdäki çökgünlikleri ýeňip geçmegiň marketing töwekgelçilikleri, strategiýasy).

VI. Önümçilik meýilnamasy (önümiň grafigi (tertibi), önümiň çykdajylary, önüm birliginiň özüne düşýän gymmaty we ülňüleri, satyn almagyň we ýaýratmagyň, ätiýaçlyk harytlaryň saklanylmagynyň hem-de maliýe gözegçiliginiň amallary).

VII. Menejment we kärhanany guramak.

VIII. Uzak möhletleýin ösüş strategiýasy.

IX. Kärhananyň maliýe meýilnamasy.

X. Logistika-kärhananyň işiniň ýeke-täk algoritmi hökmündäki önümçiligiň gurnalmagy we materiallaryň we habarlaryň akymyny dolandyrmak, işgärleriniň hereketlerini oýlanyşykly tilsimat yzygiderliliginde guramak.

XI. Goşundylar (hasaplamalar, bölümleriň meýilnamalary, ökde menejerleriň rezýumeleri (gysgaça netijesi).

Titul sahypasynda KHBS-iň (kompaniýanyň) ady we resminamanyň düzülen senesi görkezilýär. Gysga netije (rezýume) taslamanyň gysby mazmunyny öz içine alýar. Onuň her bir bölümi esasy habarlara üns berilýän çäge çenli gysylýar. Ol habarlar: kompaniýanyň guramaçylyk-hukuk – edara görnüşi, onuň işjeňliginiň maksatlary, onuň bazara hödürleýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň beýany, maliýe meýilnamasy we başgalar. Gysgajyk netijäni (rezýume) haçanda ähli esasy bölümleri we baplary düzülip, täjirçilik meýilnamasynyň işi tamamlanandan soňra ýazmak amatly bolýar.

*Kompaniýa* bölümi döwürleýin neşiri çykarýan kärhanany, onuň hukuk görnüşini, haryt markasyny, neşiriň we onuň ýolbaçylarynyň (esaslandyryjylaryň) hasaba alnan ýerini, iş ýeriniň ýerleşýän ýerini, iş çägini öz içine alýar. Bu ýerde kompaniýanyň maksatlary açylyp görkezilýär, onuň işgärlerine, ilki bilen bolsa baş menejerlerine

häsiýetnama berilýär, onuň işjeňliginiň başlanyşy we geljekki ösüş mümkinçilikleri barada habar berilýär. Bularyň ählisi kompaniýanyň hödürleýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň, şeýle-de onuň maliýe ýagdaýy baradaky gysgajyk oçerk beýany bilen üsti ýetirilýär.

Täjirçilik meýilnamasynda has köp orny *bazaryň seljermesine bagyşlanan bölüm* eýeleýär. Bu ýerde kompaniýanyň harydynyň çykarylýan bitewi bazarynyň marketing derňewleriniň netijeleri - gazetiň ýa-da teleradio gepleşigiň ýaýraýan sebitiniň, harydy sarp edijileriň häsiýetleri (olaryň demografiki, psihografiki, durmuş aýratynlyklary), şol bazaryň ösüş meýilleri beýan edilýär. Bu zatlaryň ählisi bitewi bazardaky bäsdeşlik ýagdaýy, esasy bäsdeşleriň häsiýetnamasy we olaryň önümi baradaky maglumatlar bilen üsti ýetirilýär. Täjirçilik meýilnamasynyň möhüm bölegi - redaksiýanyň ýa-da kompaniýanyň marketing baş ýörelgesiniň kesgitlenmegi, önümi satmak meýilnamasy, onuň bahalar syýasaty, döwürleýin neşiri distribusiýa etmegiň (ýaýratmagyň) usullary bolup durýar.

Önümçilik meýilnamasy täjirçilik meýilnamasynyň ýene-de bir möhüm bölümidir. Bu ýerde kompaniýanyň ýa-da redaksiýanyň önüminiň tutuş öndüriliş işiniň barşy, munuň üçin gerek bolan materiallar we enjam serişdeleri beýan edilýär. Önümçilik ýerleri üçin harçlanan möçberi görkezmek bilen önümçilik üçin edilen çykdajylar, işgärler düzüminiň işiniň üpjün edilişi, marketing geçirilişi, mahabat bildirişleri we beýlekiler kesgitlenilýär. Redaksiýanyň haryt önümçiligi üçin zerur bolan materiallary edinmek işiniň gidişi, şeýle-de önümçilik çykdajylarynyň maliýe gözegçiligi açylyp görkezilýär.

Meýilnamanyň indiki bölümi *redaksiýanyň menejmentine ýa-da kompaniýa we onuň işiniň guralyşyna* bagyşlanýar. Ol toparyň düzümini, esasy menejerleriň ornuny we wezipesini, topary dolandyrmagyň usullaryny we tärini, ýolbaşçylaryň işgärler syýasatyny açyp görkezýär. Meýilnamanyň redaksiýanyň uzak möhletleýin maksatlaryna, onuň ösüş mümkinçiliklerine we baş ýörelgesine häsiýetnama berýän indiki bölümi hem şunuň bilen baglanyşyklydyr.

*Maliýe meýilnamasy bölüminde* redaksiýanyň býujeti, onuň öňki we şu ýylky maliýe ýylynda ýerine ýetirilişi barada maglumatlara üns berilýär, şeýle-de geljekki maliýe ýyly üçin maliýe meýilnama-

sy (çaklama) görkezilýär. Bu ýerde býujetiň ähli girdeji we çykdajy resminamalary göz öňünde tutulýar. Maliýe meýilnamasy oňa düşünmegi ýeňilleşdirýän jedweller (tablisalar) we hasaplamalar bilen bilelikde hem düzülip bilner. Ol redaksiýanyň ygtyýarynda bolan çykdajy serişdelerine bolan gözegçiligi üpjün eder.

Täjirçilik meýilnamasynyň iň soňky bölümi bolan *logistika* redaksiýanyň döredijilik, önümçilik we ykdysady işjeňligini dolandyrmak ulgamyna bagyşlanýar. Ol topary dolandyrmagyň usullaryny, ýolbaşçylardan – baş redaktordan, baş menejerden başlap tä habarçylara, tehniki we täjirçilik işgärlerine çenli ähli işgärleriň hereketleriniň yzygiderligini öz içine alýar.

Şeýle täjirçilik meýilnamasy redaksiýanyň toparyň işini iň amatlaşdyrmagyň, ony dolandyrmagyň, her bir işgäriň borçlarynyň anyk kesgitlenilmeginiň mümkinçiliklerini açyp görkezýär.

HBS-iň redaksiýasynyň toparyna täjirçilik meýilnamalaryny girizmek, diňe haçanda her bir döredijilik, tehniki we täjirçilik işgärinde ykdysady pikir ýöretme dogry terbiýelenende mümkin bolýar. Täjirçilik meýilnamasyny girizmegiň we onuň talaplaryny ýerine ýetirmegiň her bir redaksiýanyň we her bir işgäriň bähbidine bolmalydygyna düşünmek gerek.

### 13.5. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň kalkulýasiýasy

Önüm öndürmek üçin sarp edilýän zähmet hem-de maýa goýumy çykdajylar diýlip atlandyrylýar. Gazetiň çykarylmagyna dahylsyz çykdajylar näçe az bolsa, şonca-da ululygy boýunça harajatlar we çykdajylar ýakyndyrlar. Şonuň üçin harajatlar bilen çykdajylaryň deňeçerligi kärhanany dolandyrmagyň derejesiniň ölçegidir. Çykdajylardan harajatlar, sarp etmeler nähili bölünip aýrylýarka? Ilkinji tapgyr-kalkulýasiýa. Kalkulýasiýa – bu önümçiligiň we önümi ýerlemegiň, işiň, hyzmatyň harç etmeleriniň hasabyny ýöretmegiň usulydyr. Kalkulýasiýa buýrujynyň haýsy-da bolsa bir işi, hyzmaty buýran mahaly buýrujynyň talap edýän resminamasydyr. Eger ol mahabat ýerleşdirilende diňe praý-sahypa bilen oňan bolsa-da, broşýura buýran mahaly kalkulýasiýa hökmanydyr (*1-nji tablisa*). Kalkulýasiýa-

lamada önümiň özüne düşýän gymmaty hasaplanylýar. Diňe bir göni däl-de, gytaklaýyn çykdajylar hem kalkulýasiýa girizilýär.

Göni çykdajylar üçin ähli hasaplamalary hasaba almak bilen zähmet hak tölegi oňa degişli edilýär. Gytaklaýyn harajatlara tutuşlygyna önümçilik harajatlary (Emlägiň könelmegi sebäpli goýberilen pullar, abatlamak üçin harajatlar, administrasiýanyň zähmet töleg gaznasy, kanselýariýa, poçta we beýlekiler) degişlidir.

*1-nji tablisa*

**1000 birlik önümi öndürmegiň kalkulýasiýasynyň çyzgysy**

| Harajatlaryň görnüşleri | Pul möçberi |
|---|---|
| 1. Maddy harajatlar | 410 |
| 2. Zähmete hak tölemegiň harajatlary (şol sanda galamhak) | 300 |
| 3. Ýeke-täk durmuş salgydy | 107 |
| 4. Esasy gaznalaryň könelmegi sebäpli onuň gymmatynyň peseldilmegi | 30 |
| 5. Umumy hojalyk çykdajylary | 10 |
| Önümçilik çykdajylary, jemi: | 857 |
| 6. Täjirçilik çykdajylary (gaplamak, eltip bermek) | 43 |
| Jemi: | 900 |
| Birligiň özüne düşýän gymmaty | 0,9 |

Indi girdejililigi girizmek (900-i girdejililigiň möçberine köpeldip) galýar  hem-de marketing barlaglar geçirilip, öz önümi we hyzmaty üçin nyrh goýlanda ugur almak üçin gymmat emele geler.

Täjirçilik meýilnamasyny ulanmak arkaly, kärhananyň – köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasynyň önümçilik we maliýe işjeňligini üpjün edip bolýar. Onuň durmuşa geçirilmegi üçin birnäçe talaplara eýermek gerek. Olaryň biri täjirçilik meýilnamasyny deslap pugta gözden geçirmek, köplenç ýagdaýda bolsa, oňa esasly kadalary girizmekdir. Bu ähli wezipeleriň, şol sanda kabul edilen kadalaryň ýerine ýetirilişine üznüksiz gözegçilik etmek häsiýeti bilen üsti ýetirilýär, bu bolsa, her bir işgäriň, toparyň her bir bölüminiň işiniň netijeliliginiň gündelik, döwürleýin we ahyrky netijelerini hasaba alyp durmagy talap edýär. Beýleki bir möhüm şert bolsa işiň

gidişiniň (onuň logistikasynyň) öňünden barlanylan we hasaplanylan guramaçylygydyr.

Täjirçilik meýilnamasynyň girizilmegi her bir iş ýolbaşçysyna bolşy ýaly, her bir işi ýerine ýetirijä hem ähli önümçilik wezipelerini özbaşdak çözüp bilmekde ýeterlik derejede erkinlik berýär. Redaksiýanyň täjirçilik meýilnamasynyň esasynda onuň her bir bölüminiň – döredijilik, tehniki we täjirçilik bölümleri üçin täjirçilik meýilnamalary işlenip düzülýär. Bölüm ýolbaşçysy işiň gidişine dessin goşulmaga mümkinçilik alýar. Ýöne, şonuň bilen bir wagtda täjirçilik meýilnamasy onuň her bir işi, şol sanda onuň maliýe we ykdysady netijeleri üçin hem şahsy jogapkärçiligi talap edýär.

## 13.6. Gazet döretmek üçin mysaly täjirçilik meýilnama

***(Nusga)***

Rezýume

Bu taslama bir welaýatynda «Erkin telekeçi» atly gazeti döretmegi göz öňünde tutýar.

Gazeti döretmegiň maksady şulardan ybaratdyr:

– welaýatda döwrebap telekçiligiň ösüşine ýardam etmek;

– kiçi we orta telekeçilige ykdysady we hukuk taýdan maslahatlary bermek;

– döwlet hem-de beýleki häkimiýet edaralarynyň kiçi we orta telekeçiligiň meselelerine ünsüni çekmek;

– welaýaty ösdürmegiň meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylmagyna hususy telekeçiligiň wekillerini işjeň çekmek;

– häkimiýet bilen kiçi telekeçiligiň sazlaşykly işiniň ýola goýulmagyna ýardam etmek.

Welaýatda heniz şunuň ýaly neşir ýok. Ozal bar bolan gazetlerden tapawutlylykda «Erkin telekeçi» gazeti diňe bir kiçi we orta telekeçiligiň meselelerini şöhlelendirmez, ol telekeçileriň özlerini gazetde çykyş etmäge çeker. Bu maksatlar üçin gazet redaksiýasyna maglumat hyzmatlaryny amala aşyrmak babatda kiçi kärhanalaryň we ýekebara telekeçileriň birnäçesi bilen şertnamalary baglaşmak göz öňünde tutulýar.

Bu neşiriň özüne çekijiligi redaksiýanyň işiniň birinji ýarymynyň dowamynda abunaçylara gazeti mugt eltip bermek arkaly hem gazanylar.

Gazetiň döredijileri häzirki wagtda welaýatda işleýän kiçi kärhanalar we ýekebara telekeçiler baradaky maglumatlar binýadyna eýedir.

Şeýlelikde, ilkinji ýylyň dowamynda (aprel–dekabr 2023ý.) gazet 21000 nusgalykda çap ediler. Ol 16 sahypada, A3 ölçegde hepdede bir gezek çykar.

Mundan beýläk nusga möçberi neşiriň abunaçylarynyň sany we bölekleýin söwdanyň möçberi boýunça kesgitleniler.

Döredijileriň deslapky çaklamalaryna görä, ikinji we üçünji ýyl üçin abuna ýazylyşyk we bölekleýin satylyş bir gezekde 18 müň nusgalygy ýerine ýetirmekligi üpjün eder (abuna ýazylyşyk boýunça 13 müň we bölekleýin söwda arkaly 5000). Bu telekeçiler birleşigi tarapyndan geçirilen pikir soraşmanyň netijeleri arkaly-da tassyklanylandyr.

21 müň nusgadaky neşiri çykarmak we gazeti abunaçylara mugt eltip bermek üçin çykdajy 2023-nji ýylda 4076,2 müň manat bolýar (goşundy-2). 2023-nji ýylyň aprelinden dekabryna çenli bir gazet sanynyň 40 göterimi mahabat üçin bölünip berler, bu bolsa redaksiýanyň hasabyna 4147,2 müň manadyň gelip gowuşmagyny üpjün eder. Şeýlelikde, taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň ilkinji ýylynyň ahyryna redaksiýa girdeji gazanyp başlar, munuň özi 2024-nji ýylyň dowamynda serişde toplamaga, 2025-nji ýylyň dowamynda bank karzyny gaýtarmaga mümkinçilik berer.

Redaksiýanyň durnukly işlemegi üçin 2 million manatdan ybarat başlangyç maýa döretmek göz öňünde tutulýar. Döredijiler 100,00 müň manat möçberinde Tertipnama gaznasyny döredýärler we goşmaça 900, 00 müň manat goýýarlar.

1000,00 manat möçberindäki karz serişdesi talap edilýär. Karz serişdesiniň doly gaýtarylmagyny 2025-nji ýylyň aýagyna çenli 1-nji goşundyda görkezilen tertipde amala aşyrmak meýilleşdirilýär. Meýilnama ýyllyk 30 göterimde alnan karzy 2024-nji ýylyň ikinji çärýeginde üzüp başlamak şertlerinde düzülendir.

**1. Gazetiň teswirlemesi.**

**2. Gazet 16 sahypada,** A3 ölçegde çykar. Ilkinji üç ýylda ol bir reňkde neşir ediler.

Ölçeg we göwrüm hem okamak üçin amatly hem materiallary ýerleşdirmek üçin doly gabat gelýär. Biz gazetiň, esasan, kiçi täjirçilikde meşgullanýan adamlara gönükdirilýändigi sebäpli, awtorlyk materiallaryny we merkezi gazetlerden göçürilen maglumatlary, beýleki çeşmelerden bolan habarlaryň sazlaşygyny tapdyk.

Okyjylaryň ykdysady hem-de hukuk habarlaryndan başga dünýewi häsiýetli materiallary-da okap biljekdikleri gazetiň özüne çekijiligine ýardam berer. Esasy rubrikalar:

– kanunçylykdaky täzelikler;
– ykdysadyýetiň sapaklary;
– tejribämi öwretmekçi;
– hyzmatdaşlyk boýunça teklipler;
– özgeleriň ýalňyşlyklaryndan öwren;
– täjirçilikdäki täzelikler;
– öý hojalykçy zenan üçin ýatlama;
– dynç alyş minutlarynda.

Gazet Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň .... bellige alyndy, hasaba alyş belligi 0000000.

Taslamanyň düzülen wagtynda neşiriň bir nusgalygynyň özüne düşýän gymmaty 5 man. 16 t. ybaratdyr. Abuna ýazylyşykda katalog bahasy bir nusga üçin 60 teňňe hasabyndan ugur alnar, bölekleýin söwda ulgamy arkaly ýaýradylanda, lomaý bahasy bir nusga üçin 1 manat bolar. Şeýlelikde nusga sanynyň ýerlenilmegi gazet önümçiliginiň çykdajylaryny ýapmaýar. Munuň üstesine-de, redaksiýa 2023-nji ýylyň 9 aýynyň dowamynda poçta aragatnaşygygyň bölümleri arkaly gazetleri hem eltip berer, munuň üçin bolsa 735, 84 müň manat goşmaça töleg talap edilýär.

Poçtanyň hyzmatlaryny göz öňünde tutmak bilen, 2024-nji ýylyň ýarym ýyly üçin abuna ýazylyşyk bahasy 39 manat, 2025-nji ýylda 44,20 manat bolar.

2024-nji ýylda bölek satuwda gazetiň 1 nusgasy 2 manat we 2025-nji ýylda 2,20 manat bolar. Redaksiýa okyjylary çekmek maksady bilen, baýrakly ýaryşlaryň kuponlaryny yzygiderli çap etmegi meýilleşdirýär. 2024-nji ýylyň ikinji ýarym ýylynda jemi 75 müň ma-

natlyk, 2025-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda bolsa 250 müň manatlyk baýraklaryň goýulmagy çaklanylýar.

**3. Satuw bazary.**

Eýelenmegi göz öňünde tutulýan bazar segmenti- bölegi bolaýmagy mümkin bolan 21 müň satyn alyjydyr. Gazetiň satyn alyjylary ownuk haryt öndürijiler jemgyýetçiligi we hyzmat ulgamynda işleýänleriň wekilleri bolar. Bular ýekebara telekeçiler, 5–12 adamdan ybarat firmalaryň eýeleridir.

Marketing barlaglaryň görkezişi ýaly, şolaryň 80 göterimi habar beriş serişdeler bazarynyň häzirki ýagdaýyndan, ýagny özleriniň gyzyklanmalaryny doly kanagatlanmaýan we şol sebäpli teleradioýaýlymlarynda mugt berilýän bildirişler we mahabatlar bilen çäklenip, abuna ýazylmaýarlar. Biz orta täjirçiligiň işgärleriniň hasabyna gazetiň okyjylar köpçüliginiň has giň boljakdygyna bil baglaýarys.

Gazeti ýaýratmagyň çägi bütin welaýaty öz içine alýar. 2023-nji ýylyň dowamynda biz gazet nusgalarynyň agramly bölegini welaýat merkezinde ýaýratmagy göz öňünde tutýarys, çünki bu ýerde bolaýmagy mümkin okyjylaryň 85 göterimi ýaşaýar.

**4. Bäsdeşlik.**

Ýerli neşirlerden «Hukuk maslahat» atly ýöriteleşdirilen hukuk neşiri biziň gazetimiziň ýeke-täk bäsdeşi bolup durýar. Ol gazetde biziň auditoriýamyzyň gyzyklanma döredýän we biziň neşirimiziň işiniň diňe bir bölegi bolup durjak hukuk meseleleri öz beýanyny tapýar. Bäsdeşlerimiziň gazeti dar ýöriteleşdirilendigi we aýda iki gezek çykýandygy, diňe bölekleýin satylyp, bahasynyň-da 8 manatdygy sebäpli, giň meşhurlykdan peýdalanmaýar. Şonuň üçin-de onuň çykýan nusgalyk sany köp däldir (4000).

Ol neşir geljekde hem bize bäsdeşlik edip bilmez, sebäbi onuň işgärleri diňe hukukçylar bolup, ýekeje hem publisist ýokdur.

**5. Marketing baş ýörelgesi.**

2023-nji ýylyň aprelinden dekabryna çenli gazet poçta bölümleri arkaly mugt ýaýradylar. Olary eltip bermeklik redaksiýa tarapyndan görkezilen 21 müň salgy boýunça amala aşyrylar.

Soňra ýaýratmaklyk abuna ýazylyşygy we bölekleýin söwda boýunça berjaý ediler.

2024-nji we 2025-nji ýyllarda abuna ýazylyşyk nusgalygy 13000 sany we bölekleýin satuw boýunça 5000 sany bolar diýlip çaklanylýar.

Biz abuna ýazylyşygynyň nyrhyny kesgitlänimizde, 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda 1 sany nusganyň bahasynyň poçta bölümi arkaly eltilip berilmeginiň 82 teňňe bolmagyny, ikinji ýarymýyllykda hyzmatyň bahasynyň ýokarlanyp, 90 teňňe bolmagyny we onuň 2024–2025-nji ýyllarda hem şol derejede saklanmagyny göz öňünde tutýarys.

Redaksiýa katalog bahasyny kesgitlände 2024-nji ýylda bir nusga üçin 60 teňňe, 2025-nji ýylda 80 teňňe bellemekligi maksat edinýär.

Şeýlelikde, 2024-nji ýyl üçin abuna ýazylyşygyň nyrhy şular ýaly bolar:

– katalog bahasy – 15 man. 60 t.;
– eltip bermegiň bahasy – 23 man. 40 t.;
– abuna ýazylyşyk bahasy – 39 man.

2025-nji ýylyň bir ýarymýyllygy üçin:

– katalog bahasy – 20 man. 80 t.;
– eltip bermegiň bahasy – 23 man. 40 t.;
– abuna ýazylyşyk bahasy – 44 man. 20 t.

Bölek söwda bahasy bir nusganyň bahasy 2024-nji ýylda 2 manat, 2020-nji ýylda 2man. 20 t. Bolar. Şol sanda poçta hyzmatynyň bahasy 1 manat bolar.

Satuwdan gelýän serişdeleri smetasy 11-nji goşundyda berilýär.

Biz esasy mahabat hökmünde gazetiň özi çykyş eder diýip hasaplaýarys.

Başga KHBS-de mahabat çäreleri «Erkin telekeçi» gazetiniň ilkinji sanynyň çykmagy bilen bir wagtda, 2023-nji ýylyň aprelinde başlanar. Mahabat üçin 2023-nji ýylyň awgust aýyna çenli her aýda üç müň manat, abuna ýazylyşyk kampaniýasynyň başlanmagy bilen (2023-nji ýylyň sentýabry) bäş müň manat harçlanar.

Şeýlelikde, mahabat kampaniýasy üçin diňe 2023-nji ýylda 35 müň manat harçlamak meýilleşdirilýär. Şondan soňky iki ýylda mahabat işi üznüksiz dowam etdirilip, abunaçylaryň arasynda guralýan utuşly ýaryşlarynyň baýraklary (10-njy goşundy) üçin bölünip berilýän 325 müň manady hem goşmak bilen, harajatlar 373 manatdan

ybarat bolar. Şu pul möçberine şeýle hem «Erkin telekeçi» gazetiniň satuwynyň netijeleri boýunça poçtanyň we bölek gazet söwdasynyň iň oňat işgärlerini sylaglamak üçin çykdajylar hem degişlidir.

**6. Önümçilik meýilnamasy.**

Gazetiň ýygymy we düzülmesi (wýorstkasy) öz enjamlarymyzda, çap etmeklik «Şapak» hususy çaphanasynda amala aşyrylar. Çap etmek üçin kagyzy durnukly nyrhlar boýunça şol çaphananyň özi (4-nji goşundy) berer.

Hasaplamalara görä, 2025-nji ýylyň aýagyna redaksiýa şeýle görkezijiler bilen çykar:

– çykdajylar – 11089,04 müň man.;

– girdejiler – 16712,48 müň man.;

– girdejileriň çykdajylardan artyk gelmegi 5623,44 müň manatdan ybarat bolar.

Ýeke-täk durmuş salgydyny we girdejä salgydy hasaba almak bilen, taslamanyň maliýe netijeliligi 2114,6 müň manada deň bolar.

Şeýlelikde, taslamanyň amala aşyrylmagynyň ahyryna redaksiýa maliýe durnuklylygyna eýe bolup, karzlaryny üzer we mundan beýläk önümçilik girdejililigini üpjün eder.

Taslamanyň awtorlary öz hasaplamalarynda düýpli harajatlary görmeýärler, ýöne taslama amala aşyrylanda, olaryň döräp biljekdigini-de doly inkär etmeýärler. Eger şeýle bolaýan ýagdaýyndaky çäreler «Töwekgelçilige baha bermek we ätiýaçlandyryş» atly bölümde açylyp görkeziler.

**7. Guramaçylyk meýilnamasy.**

Baş redaktor hökmünde ___________ bellenildi. Ol gazetlerde 6 ýyl, soňky iki ýylda bolsa «Zähmet» atly jemgyýetçilik-syýasy» şäher gazetiniň baş redaktory wezipesinde işlän başarjaň žurnalistdir. Habarçylyk wezipelerine çagyryldy ______________________:

Synçylaryň wezipelerine bäsdeşligiň netijesinde: __________

________________________________________________________

saýlanylyp alyndy.

Redaksiýanyň düzüminde şeýle bölümler bolar:

– dolandyryş;

– redaksion-neşirýat;

– mahabat gullugy;
– kätiplik;
– döredijilik topary.

Redaksiýanyň düzüm birliginde şu wezipeler we zähmet haklary göz öňünde tutuldy:

*2-nji tablisa*

| № | Wezipe | Stawkalaryň (zähmet hak birligi) sany | Zähmet haky (man./aý.) | Jemi zähmete hak töleýiş gaznasy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Baş redaktor | 1 | 000000 | 00000 |
| 2. | baş redaktoryň orunbasary | 1 | 0000,00 | 00000 |
| 3. | täjirçilik direktory | 1 | 0000,00 | 0000,00 |
| 4. | synçy | 2 | 0000,00 | 0000,00 |
| 5. | habarçy | 5 | 0000,00 | 00000,00 |
| 6. | fotohabarçy | 1 | 0000,00 | 0000,00 |
| 7. | jogapkär kätip | 1 | 0000,00 | 0000,00 |
| 8. | ýygyjy | 2 | 0000,00 | 0000,00 |
| 9. | dizaýner-düzüji | 2 | 0000,00 | 0000,00 |
| 10. | mahabat boýunça menejer | 1 | 0000,00 | 0000,00 |
| 11. | mahabat hünärmeni | 3 | 0000,00 | 0000,00 |
| 12. | redaktorçylyk – neşir merkeziniň başlygy | 1 | 0050,00 | 0000,00 |
| 13. | korrektor | 1 | 0000,00 | 0000,00 |
| | Jemi | 22 | 0000,00 | 00000,00 |

Redaksiýa düzüm birligindäki işgärlerinden başga hem žurnalistleri we hünärmenleri şertnama esasynda işe çekmekçidir. Munuň üçin her aýda ... manat bölünip berilýär.

**8. Hukuk meýilnamasy.**

Redaksiýa çäklendirilen jogapkärçilikli jemgyýet görnüşinde döredilýär. Döredijiler hökmünde üç şahs we iki sany edara tarap çykyş edýär. Redaksiýanyň işi Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy, döredijileriň ylalaşygy, tertipnamasy we ýolbaşçynyň buýruklary bilen düzgünleşdirilýär.

**9. Maliýe meýilnamasy.**

Iki million manat möçberdäki başlangyç maýa döretmek we redaksiýanyň önümçilik işi taslamanyň amala aşyrylmagynyň şerti bolup durýar.

Gazet nusgalaryny ýerlemekden redaksiýanyň _________ manat gazanmagyna garaşylýar.

Gazet nusgalaryny ýerlemekden we mahabatdan jemi girdeji _______ müň man.

... ýyllar aralygynda aşakdaky çykdajylar göz öňünde tutulýar:

– Iş orunlaryny enjamlaşdyrmak – ... müň man;

– Jaýyň kärendesi, saklamak we ulanmak üçin – ... müň man.;

– Çaphana hyzmatlary – ... müň man.;

– Gazet kagyzy üçin – ... müň man.;

– Gazeti eltip bermek boýunça poçta hyzmatlarynyň tölegi – ... müň man.;

– Zähmete hak tölemek – ... müň man.;

– Ulag hyzmatlarynyň tölegi üçin – ... müň man.;

– Hojalyk hajatlary üçin, iş saparlary – ... müň man.;

– Aragatnaşyk hyzmatlary, abuna üçin – ... müň man.;

– Mahabat çäreleri üçin – ... müň man.;

– Karzy üzmek tölegleri – ... müň man.

Çykdajylar jemi – ... müň manatdan ybarat bolar.

**Bap boýunça sowallar:**

1.Täjirçilik meýilnamasy diýip nämä düşünýärsiňiz?

2. Redaksiýanyň täjirçilik meýilnamasynyň maksady näme?

3. Täjirçilik meýilnamasynyň kärhanany dolandyrmagyň esasy hökmündäki hyzmatyny düşündiriň.

4. Täjirçilik meýilnamasynyň nähili görnüşlerini bilýärsiňizmi?

5. Täjirçilik meýilnamasynyň karz almak üçin, grant üçin haýyşnama, şeýle hem maýa goýum taslamasy görnüşleri barada gürrüň beriň.

6. Täjirçilik meýilnamasynyň gurluşynyň mazmunyny aýdyp beriň.

7. Täjirçilik meýilnamasynyň redaksiýanyň iş meýilnamasy hökmündäki hyzmaty hili.

8. Täjirçilik meýilnamasynyň mysaly gurluşyny düzüp beriň.

9. Gazet döretmek üçin mysaly täjirçilik meýilnamasyny düzüň.

# *XIV bap. KHBS-iň önümçilik meýilnamasy*

## 14.1. Redaksiýalarda önümçilik işiniň meýilleşdirilmegi we onuň ähmiýeti

Redaksiýanyň önümçilik menejmenti çap edilýän materiallaryň temasyny we mazmunyny berk gözegçilik astynda saklamak bilen, olaryň redaksiýanyň ykdysady-maliýe bähbitlerine laýyk gelmegini talap edýär. Baş redaktor önümçiligiň dowamynda gazete ykdysady taýdan zelel ýetirjek makalalaryň neşir edilmegine ýol bermeýär.

Her bir redaksiýanyň durmuşynda çap neşiriniň çykmagyna ýa-da tele we radio gepleşiginiň goýberilmegine getirýän gündelik hereketleri beýan etmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Şeýle pursat näçe ir başlansa, şonça-da gowudyr we bu meseleleri işiň dowamynda däl-de, ol başlamazdan öň meýilleşdirýän ýolbaşçy tarypa mynasypdyr.

Köplenç, redaksiýalarda, elbetde, döredijilik işi, şol sanda käwagtlar marketing we mahabat kampaniýalary, abuna ýazylyş kompaniýalary hem meýilleşdirilýär. Ýöne añly-başly baş redaktor baş hasapçy bilen hyzmatdaşlykda neşir ýa-da radio ýaýlymy döwletden pul kömegini alan bolsa-da, pul maýalaryny hökman meýilnamalaşdyrýar. Sebäbi sarp edilen pullar üçin hemişe esaslandyryjynyň öňünde hasabat bermeli bolýar we şonda mümkin boldugyndan, biderek harçlanan pullar üçin diliň gysga bolmaz ýaly bolmalydyr.

Diýmek, maliýe algoritmini (yzygiderli ýörite maliýe amallarynyň ulgamy) meýilleşdirmeli we, ilki bilen, öz redaksiýadaky ähli önümçiligiň gidişine, ýagny döredijilik işi tamamlanandan soň tekst, fotosurat, surat, şekilli sýužet, magnitofon ýazgysy bilen bolup geçýän zatlara we onuň ykdysady nukdaýnazardan netijeli bolmagy üçin näme etmelidigine düşünýändigiňi subut etmeli.

Ýörite bazar, ýörite sarp ediji, harydyň esasy sarp edijileriniň aýratynlyklary, siziň harydy satmak isleýän bahaňyz (aýdylyşy ýaly, bahany bolsa, köplenç, sarp ediji we bäsdeşler, şeýle-de monopolistler – baglanyşykly kärhanalar, üpjün edijiler we ýaýradyjylar kesgitleýär) aýdyňlaşdyrylandan soň önümçiligiňiziň bu ugurlara, bu çarçuwa-

lara we çäklendirmelere bäs gelip biljekdigini ýa-da ýokdugyny anyklamaly?

Elbetde, önümçilik tertibi (grafik) düzülýär. Çap metbugatynda materiallary ýerleşdirmegiň setka (tor) tertibi (gündelik gazetde hepdäniň dowamynda temalar boýunça nämeler gidýär, hepdelikde, žurnalda nähili publisistik eserler göz öňünde tutulýar) bolýar. Ýaýlym köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde dürli temalar we dürli bölümler üçin gepleşikler we ýaýlyma goýberişler boýunça berk bölünmäni öz içine alýan ýaýlym tory bardyr. Ýöne önümçilik tertibi – bu döredijilik işiniň önümini ýerleşdirmegiň tertibinden birneme başgaçadyr.

## 14.2. Önümçilik tertibiniň sazlanylyşy

Önümçilik tertibiniň sazlanylyşy önümi öndürmek boýunça hereketleriň yzygiderliligidir, şeýle-de iberiliş wagtyna görä munuň üçin zerur materiallaryň we toplumlaryň göz öňünde tutulmagydyr. Adatça, şeýle tertipde önümçilik tertibiniň artykmaçlyklarynyň nähilidigi, önümçiligiň barşynda nämäniň tygşytlanylýandygy, kemçilikleriň nähilidigi, önümçiligiň nähili bölekleriniň satyn alynýandygy, olaryň bahasynyň nähilidigi görkezilýär, şeýle-de subkontraktorlar diýlip atlandyrylýan bölekler bilen üpjün edijiler görkezilýär. KHBS üçin üpjün edijiler diňe bir kagyz, çaphana hyzmatlary ýa-da enjam serişdeleri bilen üpjün edijiler däl-de, bu özboluşly önümi öndürmek üçin zerur maglumatlary üpjün edijiler, ilkinji nobatda, çap neşirleri üçin habarlar gulluklary we bezegçilik gulluklary, ýaýlym KHBS-i üçin habarlar gulluklary we beýleki radio hem teleýaýlymlar bolup biler.

*Adaty önüm öndürmek we satuw maksatnamasy* tutuş kärhananyň telekeçilik meýilnamasynyň iň möhüm düzüm bölegine öwrülýär. Elbetde, çykarylýan önümlere bolan zerurlygy dogry kesgitlemeli, bazaryň ýagdaýyny göz öňünde tutmaly. Önümçiligiň we satuwyň tebigy hem-de nyrh ululygyny utgaşdyrmaly. Bellenilişi ýaly, bu nyrhyň emele gelşiniň dowamynda, aýratynam ýitgisizlik meseleleri gözden geçirilende çözülýär.

Elbetde, maksatnamany bar bolan serişdeler we önümçilik mümkinçilikleri bilen esaslandyrmaly ýa-da önümçilik obýektlerini kären-

desine almak mümkinçiligi bilen (bu köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin derwaýysdyr) delillendirmeli.

Önümçilik maksatnamasy hemişe kärhananyň önümlerine hakyky zerurlygy hasaba almak bilen düzülýär. Aýdaly, sizde önümleriň söwdasy üçin şertnamalar, abuna nusgasynyň möçberi we bölekleýin satyp biljek zadyňyzyň möçberi bar. Radio we teleýaýlymyň önümçilik maksatnamasy ýaýlymyň hakyky göwrümine, ýaýlym sagatlarynyň sanyna esaslanýar. Sanlaryň artýan tertipde ýerleşmegi aňlatmada önümçiligiň möçberi hasaplamalar üçin esas bolup durýar.

Önümçilik we satuw meýilnamasynyň işlenip düzülmegi önümiň aýratyn görnüşleriniň atlarynyň sanawynyň kesgitlenmegini, oňa we üpjünçilik möçberine zerurlygy öz içine alýar.

Üpjünçiligiň möçberi bilen her bir önümiň öndüriliş möçberi kesgitlenýär, aýry-aýry önümleriň öndürilişi önümçilik mümkinçilikleri (kuwwaty) bilen esaslandyrylýar, natural görkezijilerden ugur alyp, önümiň umumy möçberi bahada hasaplanýar. Düzgün bolşy ýaly, senagatda meýilnama iki ölçegde, ýagny önüm öndürmegiň natural we baha aňlatmasynda, hem-de önümçilik kuwwatynyň balansy işlenip düzülýär.

Önümiň aýratyn görnüşleriň atlarynyň sanawy we onuň görnüşleri kesgitlenýär.

*Nomenklatura* bu aýratyn görnüşleriň atlarynyň sanawy, *assortiment* bolsa – önümiň ölçegleri, häsiýetleri, kuwwaty, hili we ş.m boýunça giňeldilen sanawydyr.

Haryt önümçiliginiň hem göwrümi kesgitlenýär – bu belli bir döwürde öndürilýän we çykarmak üçin niýetlenen taýýar önümleriň, ýarym fabrikatlaryň bahasydyr. Mundan başga-da, senagat häsiýetli işleriň ýerine ýetirilmegi hem nomenklatura girýär.

KHBS babatda alnanda, bu redaksiýada alnyp barylýan dürli işleriň toplumy bolup biler – çap neşiriniň häzirki sanynyň önümçiligi, ýygma we düzüş, çapa taýýarlamak hyzmatlary hödürlenýän başga bir neşiriň sanynyň önümçiligi. Ýaýlymyň tor tertibiniň çäginde gepleşikleriň önümçiligi we başga bir kompaniýa ýa-da ýaýlym üçin sargyt boýunça gepleşikleriň önümçiligi we ş.m.

Satuw, satylýan önümler – bu müşderä iberilen we ol tarapyndan tölenýän zatdyr. Şeýle-de, «Jemi önüm» düşünjesi-de bar – bu taýýarlanyşynyň derejesine garamazdan, ähli önümleriň bahasydyr. Iň amatlaşdyrma, iň amatly çykaryş meselesi ýüze çykýar. Bu ýerde şol bir ýitgisiz derejäni göz öňünde tutmak bilen hasaplamalar gerek.

Haýsy serişdeler önümçilik maksatnamasyny bökdäp biler? Mysal üçin, ýetmezçilik edýän materiallar, maliýe, zähmet tölegi üçin serişdeler. Esasy serişde önümçilik gurallarydyr. Hemişe meýilleşdirilen önümçilik mukdary önümçilik kuwwatly enjamlary bilen delillendirilýär. Her bir kärhana köp zähmet serişdelerini, ýagny önümçilik enjamlaryny ulanýar. Onuň mümkinçilikleri onuň önümçilik kuwwaty bilen häsiýetlendirilýär.

Redaksiýada önümçilik kuwwatynyň deňagramlylygyna baha bermek we hasaplamak gerek däl. Bu çaphanaçylaryň we aragatnaşyk pudagyndaky hünärmenleriň işidir, redaksiýa olardan önümçilik obýektlerini kärendesine alýar.

## 14.3. Žurnalistleriň zähmetine hak tölemegiň ulgamy

Redaksiýanyň döredijisi we menejeri bilelikde žurnalistleriň zähmet haklaryny tölemegiň ulgamyny kesgitleýärler. Köplenç, gazetleriň redaksiýalarynda žurnalistleriň zähmet haky işlenilen wagta we işe görä tölenip, ol her aýyň zähmet hakyndan we çap edilýän materiallaryň tölenýän galam hakyndan ybaratdyr. Käbir gurply redaksiýalarda işgärlere sylaglar yzygiderli berlip durulýar. Olar köplenç, aýlyk hakyndan hem köp bolýar. Günbatar ýurtlarynda galam haky tölenmeýän, ýöne ýokarlandyrylan aýlyk haklary tölenýän ýerleri hem köpdür. Kähalatlarda bolsa žurnalistiň işini has tijemek maksady bilen, zähmet haky aýlyk görnüşinde tölenmän, düzümden daşary habarçylaryňky ýaly, diňe galam haklary tölenýän ýerleri hem bardyr. Ýöne şeýle töleg ulgamy seýrek duş gelýär. Munuň özi maliýe kynçylyklary dörände ýüzlenilýän ýagdaýdyr.

Redaksiýanyň diňe bir žurnalistleriniň däl, tehniki, täjirçilik işgärleriniň zähmetine hak tölemek hem redaksiýanyň býujetiniň iri harajatlarynyň maddasynyň biri bolup durýar. Redaksiýanyň býujeti-

niň birýyllyk we şol esasda işlenip düzülýän balansyň redaksiýanyň hakyky harajatlarynyň býujetiň çykdajylaryny görkezýän býujetleşdirme redaksiýanyň menejmentiniň iň möhüm guralydyr.

## 14.4. Redaksiýanyň býujeti we balansy

Býujet redaksiýasynyň ýolbaşçylaryna olaryň ygtyýarynda nämeleriň bardygyny belli bir döwürde redaksiýanyň işini üpjün etmek we gazeti çykarmak üçin nähili serişdeleri peýdalanyp biljekdigini görkezýär.

Islendik kärhanadaky ýaly redaksiýanyň býujeti hem girdeji we çykdajy diýlen iki sany bölekden ybaratdyr. Býujetiň çykdajy bölegine redaksiýanyň žurnalist we tehniki işgärler toparlarynyň gündelik işini üpjün edýän serişdeler degişli bolup, bu umumy redaksiýa bölümine zähmet üçin hak tölemek gaznasy, maddy taýdan höweslendiriş gaznasy, durmuş ösüş gaznasy degişlidir. Şolara iş saparlarynyň tölegi, telefon, internet, faks, hatlar ýaly aragatnaşyk serişdeleriniň ulanylmagy üçin çykdajylar hem goşulýar.

Önümiň özüne düşýän gymmaty önümiň önümçiligi we satuwy üçin kärhananyň çykaran harajatlarynyň pul görnüşinde aňladylmasydyr. Özüne düşýän gymmat ähli sarp edilen önümçilik serişdeleriniň bahasyny (çig mal, materiallar, ýarym fabrikatlar, ýangyç we energiýa, ýeriň (jaýyň) kärendesine alynmagy, esasy gaznalaryň ulanylmagy, olaryň amortizasiýasy (emlägiň barha könelmegi sebäpli gymmatynyň peselmegi) üçin çykdajylary, zähmet tölegi, üçin çykdajylary, durmuş ätiýaçlandyryş üçin serişdeleri) öz içine alýar.

*Kärhananyň çykdajylary.* Bu kärhananyň önümçilik we satuw işlerini dowam etdirmegi üçin çykarylan we zerur bolan çykdajylaryň pul bilen aňladylmasydyr.

Hasapçylyk çykdajylary şertnamalar esasyndaky tölegler ýaly aç-açan, göni çykdajylardyr. Ýöne satyn alnanlardan başga-da, netijeli ulanylmaly hususy serişdeler hem bardyr.

Eger beýle edilse, onda *dürli we aç-açan bolmadyk çykdajylar* barada söz açmaga esas bar. Buhgalter çykdajylary bilen bilelikde olar ykdysady çykdajylary, hemişelik we üýtgeýän çykdajylaryň jemi hökmünde umumy çykdajylary berer.

Adatça, gürrüň çig mal we materiallar, yzyna gaýtarylýan galyndylar, toplumy düzüjiler we satyn alynýan ýarym fabrikatlar, ýangyç we energiýa, esasy we goşmaça zähmet haky, durmuş zerurlyklary üçin pul, önümçiligi taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar, umumy önümçilik çykdajylary, umumy hojalyk çykdajylary, zaýaçylykdan ýitgiler, beýleki önümçilik çykdajylary (salgytlar, ýygymlar, tölegler, abatlaýyş gaznasyna aýyrmalar we ş.m), täjirçilik çykdajylary ýaly bölekleri barada gidýär. Eger täjirçilik çykdajylary barada gürrüň edilse, kanun tarapyndan özüne düşýän gymmatyň sähelçe göteriminiň mahabat üçin çykdajylar bolup biljekdigi kesgitlendi. Ol köp hem bolup biler, ýöne kompaniýanyň girdejisiniň hasabyna, bu hem girdeji üçin tölenjek salgydyň köpelmegine sebäp bolýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri babatda aýdylanda, ofis (guramanyň işgärleriniň iş, şeýle hem resmi wekilçilik ýeri) we beýleki esasy önümçilik ýerleri (jaýlar) üçin çykdajylar kesgitlenýär – eýelenýän ýerleriň umumy möçberi, olaryň ýagdaýy, her bir işgär üçin meýdan, ýeri saklamak üçin çykdajylaryň gurluşy – ýa-da umumy kärende tölegi, şeýle hem ýeri saklamak üçin dürli çykdajylar hasaplanylýar.

Şeýle çykdajylar göz öňünde tutulýar: enjamlar (mebel, kompýuter tehnikasy we programmalar, guramaçylyk enjamlary, telefonlar, beýleki enjamlar), kanselýariýa harytlary, bar bolsa ammar kärendesi, zerur abatlaýyş, howpsuzlygy üpjün etmek, jaýy ätiýaçlandyryş üçin çykdajylar, göz öňünde tutulmadyk çykdajylar. Mukdar jemlenýär we ofis çykdajylary alynýar.

*Materiallar we toplumy düzüji önümler üçin çykdajylar* (önüm birligini öndürmek, ähli önümler üçin materiallaryň we toplumy düzüjileriň sanawy, olaryň umumy bahasy). Mysal üçin, siz döwlet pul kömegindäki döwlet gazeti, şol kömegi ödemek üçin material gymmatlyklary, aýdaly kagyzyň hasapdan aýrylmagy üçin akt düzýärsiňiz – önümçilige, şol sanda, garalama näçeräk kagyz sarp edildi, awtoryň durmuş taýdan ýakyn redaksiýasynyň broşýurasynyň neşir edilmegine näçeräk gitdi.

Önümçilik işgärleri üçin çykdajylar (hemişelik, goşmaça işgärleriň umumy sany, näçe çalşyk, çalşygyň dowamlylygy, talap edilýän hünär, işgärlere kim gözegçilik edýär we beýleki ugurlar).

*Marketing we mahabat çykdajylary* (marketing býujetinden görkezijileri getirmek, neşiriň ýa-da gepleşigiň, ýa-da ýaýlymyň mahabat goldawynyň esasy çäkleri, marketing gözlegleriniň ýygylygy we tematikasy...).

*Enjamlary saklamak we täzelemek üçin çykdajylar* (enjamlary iş ýagdaýynda saklamak üçin her gün, her hepde, her aý üçin gerek boljak serişde. Düýpli täzeleme üçin enjam birligi, önüm birligi üçin meýilleşdirilýän serişdeler).

Hil gözegçiligi üçin çykdajylar (hil gözegçiligi, sarp edijiler bilen aragatnaşyk, mahabat, hil gözegçiligi üçin beýleki işleriň çykdajylary).

*Amalyýet çykdajylary* (kärhananyň haryt ätiýaçlygyna, satuwa, ýaýradyşa gözegçilik etmek, maliýe gözegçiligi, ätiýaçlandyryş, howpsuzlyk üçin çykdajylar).

*Gaýry çykdajylar* – muňa salgyt töleglerini, diwidendleri (paý peýda), wekilçilik çykdajylaryny, hemaýatkärlik çykdajylaryny we beýlekileri degişli etmek bolar.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Redaksiýalarda önümçilik işiniň meýilleşdirilmesine nähili düşünärsiňiz?
2. Redaksiýada önümçilik tertibiniň sazlanylyşy barada gürrüň beriň.
3. Redaksiýanyň býujeti we balansy näme? Bularyň ähmiýeti?
4. Zähmete hak tölemek ulgamyna nämeler degişli?
5. Žurnalistiň zähmetine hak tölenilişiniň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
6. Redaksiýanyň çykdajylary nämelerden ybarat?
7. Redaksiýanyň neşirýat çykdajylaryna nämeler degişli?

# *XV bap. Redaksiýada mahabat işi*

## 15.1. Redaksiýanyň mahabat işinde ilkinji gadamlar

Mahabat bir işiň görnüşi ýa-da şonuň netijesinde öndürilen önüm bolup, bu önümiň maksady senagat, hyzmat kärhanalarynyň

we jemgyýetçilik guramalarynyň söwda ýa-da beýleki tabşyryklaryny olar tarapyndan tölenen we köpçülikleýin ýa-da şahsy aňa ýokary derejede täsir edip biljek maglumaty ýaýratmak arkaly durmuşa geçirmekdir.

Mahabat näme üçin gerek? Mahabat, ilkinji nobatda, hödürlenýän haryda bolan hyrydarlygy ýokarlandyrýar. Mahabatyň hereket ediş ýoly örän ýönekeý – bolmagy mümkin alyjy özünde ýok haýsydyr bir haryt barada eşidip (görüp) ony, elbetde, puly bolan ýagdaýynda derrew satyn almak islär. Şeýle-de, birbada iki maksada gulluk edýän mahabat hem bolup biler: birinjiden, bolmagy mümkin sarp edijilerde haryda hyrydarlyk döretmek, ikinjiden bolsa, harydy bölekleýin satjak lomaý satyn alyjylary çekmek. Mahabat örän güýçli serişde bolup, asla ýaramaz we ýaramly däl, bäsdeşlige ukypsyz harydy satmaga-da ýardam edýär. Gynansak-da, biz sarp edijiler hökmünde, köplenç, hili pes, ýüregedüşgünç mahabat bilen hem ýüzbe-ýüz bolýarys. Şonuň üçin mahabat işiniň hem sungatdygyny ýatdan çykarmaly däldir.

Adaty adamlar ýaly, mahabat hünärmenleri hem telewizora tomaşa edýärler, radio diňleýärler, gazet we žurnal okaýarlar. Ýöne hünärmen hökmünde olar köpçülikleýin habar beriş serişdelerine radio we teleýaýlymlar, gazetler ýa-da žurnallar tarapyndan hödürlenýän esasy (mahabat däl) material arkaly ýygnalan auditoriýa mahabat ýüzlenmesini (habaryny) ýetirýän göterijiler hökmünde garaýarlar. Žurnallaryň we gazetleriň girdejileriniň 60–70 göteriminiň, telewideniýäniň we radionyň girdejisiniň bolsa tas 100 göteriminiň mahabat üçin gelýän pullardan emele gelýändigi sebäpli, mahabat berijileri we olaryň agentliklerini köp wagty we tagallalary gaýgyrmazdan, göwnüni göterip, ruhy taýdan «iýmitlendirýärler».

Şeýlelik bilen, žurnallar, gazetler, telewideniýe we radioýaýlymlar, adatça, gerekli auditoriýany özleriniň mahabat däl mazmuny bilen gazanýarlar, mahabat beriji bolsa hut şol auditoriýa ýüzlenmek mümkinçiligini alýar.

Beýleki mahabat serişdeleri belli bir auditoriýanyň ünsüni çekmek üçin mahabat ýüzlenmesine bil baglamaly bolýarlar. Aýratynam, göni poçta mahabaty, plakatlar, germewler (bildiriş tagtalary), jemgyýetçilik ulaglarynda mahabat planşetleri we söwda ýerleriniň

mahabat bezegi mahabat berijiler bilen ähtimal, ýagny bolup biläýjek alyjylaryň arasyndaky baglanyşdyryjy halkanyň wezipesini ýerine ýetirerler. Mahabat ilkinji nobatda köpçülikleýin habarly etmegiň görnüşi bolup, oňa auditoriýa bilen aragatnaşyga girmäge köpçülikleýin habar beriş serişdeleri kömek edýär.

Islendik mahabat üçin çykdajylaryň harydyň özüne düşýän gymmatyna goşulýandygy sebäpli, olar ýa-ha onuň bahasyny ýokarlandyrýarlar, ýa-da täjirçilik işiniň girdejililigini peseldýärler. Şonuň üçin bolmagy mümkin alyjylar bilen mahabat gatnaşyklarynyň sanyny mümkin boldugyndan artdyrmak bilen, şeýle aragatnaşygyň her biri üçin çykdajylary iň pes derejä çenli azaltmak möhümdir. Mahabat ýüzlenmelerini ýaýratmagyň ýoluny oýlanyşykly saýlamak üçin, aşakdaky ölçegler boýunça köpçülikleýin habar ýaýlymynyň ýörite seljeriş işi geçirilýär:

– *gurşaw* (ýagny, orta hasap bilen ýüzlenmäni (habary) kabul edijileriň sanyny näçeräge ýetirip bolar);

– *elýeterlilik* (başgaça aýdylanda, firma islendik wagt bu ugurlardan peýdalanyp bilermikä, eger bolmasa, ýüze çykan çäklendirme mahabatyň netijeliligini näderejede peselder?);

– *baha* (häzirki mahabat ýüzlenmesiniň bir neşir materialy (gepleşik) üçin umumy çykdajylar, köp gezeklik üçin arzanladyşlar, nusgany (tomaşaçylaryň, diňleýjileriň sany) göz öňünde tutup, bir mahabat gatnaşygynyň bahasy);

– *dolandyryjylyk* (ýagny, kärhana bu ýaýlym arkaly habarlary zerur bolan maksatly gatnaşyk toparyna bermäge mümkinçilik alyp bilermi);

– *abraýlylyk* (häzirki ugur ähtimal, şeýle hem häzirki alyjylar tarapyndan näderejede hormat-sylagdan peýdalanýar);

– *hyzmat edijilik* (ýagny, mahabat ýüzlenmesini neşir etmek, (ýaýlyma bermek) üçin doly taýýar görnüşde bermek gerekmi ýa-da ökde hünärmenleriň tekst, fotosurat taýýarlamagyna, telefilm döretmegine we ş.m bil baglamak bolarmy);

Köpçülikleýin habar ýaýlymlarynyň ähmiýetini deňeşdirmek üçin olaryň her birine ýokarda sanalan derejeler boýunça «agram» be-

rilýär, şondan soň «agramlary» jemläp, ugurlary ileri tutulýan tertipde ýerleşdirmäge mümkinçilik alynýar.

**Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde mahabat**. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki mahabata, adatça, metbugatdaky (gazetler we žurnallar), telewideniýe, radio arkaly we daşky mahabatyň adaty bildiriş tagtalaryndaky mahabat ýüzlenmeleri degişli edilýär.

Iň köp okalýan neşirlerdäki we iň meşhur gepleşiklerdäki mahabat, degişlilikde, iň gymmat bahalysy bolýar. Şonuň üçin olara gezek gelende tygşytlaýan mahabat beriji sarp edijiler köpçüligini ýitirmäge töwekgelçilik edýär. Mahabat ýüzlenmesi, köplenç, göze ilginç, ünsi çekiji edilýär. Şonuň bilen birlikde okyja, diňleýjä, tomaşaça mahabatyň niredededigi, redaksiýanyň materialynyň nirededigi düşnükli bolmaly. Mahabat ýüzlenmesiniň görnüşi gönükdirilen mahabat okyjylar köpçüliginiň medeniýetine we dünýägaraýşyna laýyk gelmelidir.

Döredijilik çemeleşmeleri dürlüçe bolup biler. Mysal üçin, köpçülikleýin hyrydarlyk bildirilýän harytlar mahabatlandyrylanda, adatça, duýguçyl äheňler, senagat ähmiýetli önümler üçin bolsa oýlanyşykly äheňler ulanylýar.

Ýöne islendik ýagdaýda-da aşakdaky talaplara laýyk gelende, mahabat netijeli bolýar:

– harydyň bazardaky ornuny takyk kesgitlände, onuň ulanylyş aýratynlyklary, bäsdeşleriň harytlaryndan tapawutlary baradaky maglumat bolmaly;

– sarp edijä harydy satyn alanda uly bähbidi wada berýär, munuň üçin onuň artykmaçlygy görkezilýär, keşbi döredilýär, mahabat ýüzlenmesiniň hem sözbaşysynda, hem onuň bezeginde, tekst we grafiki materiallary bermegiň stilistikasynda ileri tutmalaryň beýleki şertleri emele getirilýär.

– şowly mahabat ýörelgesini öz içine alýar – özboluşly we şol bir wagtyň özünde kabul ediş üçin ýeňil;

– aňda aýdyň, jikme-jiklikleri bilen oýlanyşylan harydyň keşbini – sarp edijiniň gözüniň öňünde onuň gymmatyny artdyrýan stereotipi-(mizemez keşbi) döredýär;

– hödürlenilýän harydyň ýokary hilini görkezýär we şol bir wagtyň özünde ýerine ýetiriliş derejesi bu ýokary hil bilen utgaşýar;

– özboluşly we ýürekgysgynç däl, ozal lenç edilen, ýüregedüşgünç çözgütleri tekrarlamaýar;

– anyk sarp edijileriň dürli isleglerini, gyzyklanmalaryny şöhlelendirmek we şeýlelik bilen, olary kesgitli mahabat auditoriýasynda sarp ediji isleginiň tapawudyny göz öňünde tutar ýaly derejede habardar etmek bilen anyk maksada eýe bolýar;

– ünsi çekýär, bu hem şowly çeper tekstler, mahabat bildirişiniň abraýly köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýerleşdirilmegi bilen gazanylýar.

– harydyň täze özboluşly taraplaryna we alamatlaryna üns berýär, bu onuň bazarda şowly bolmagynyň şertidir we mahabat deliliniň has täsirli bölegidir.

– çylşyrymlaşdyrman, ünsi esasy zatda jemleýär, sarp ediji üçin diňe möhüm zady hödürleýär we gönüden-göni şoňa ýüzlenýär.

Habar beriş serişdelerinde mahabat ilatyň uly toparyna täsir edýändigi bilen tapawutlanýar we şonuň üçin ol giň köpçülik tarapyndan sarp edilýän we hyrydarlyk bildirilýän önümler hem hyzmatlar üçin maksadalaýykdyr. Haçanda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini saýlamak baradaky mesele ýüze çykanda, dürli çözgütleriň kabul edilmegine «razy» we «garşy» esasy deliller, ynha, şular bolýar: mahabatyň mahabatlandyrylýan haryda bolmagy mümkin gyzyklanma bildirýän maksatly ilat toparyna laýyk gelmegi; olaryň arasynda neşiriň ýa-da gepleşigiň meşhurlygy, olaryň köp nusgalylygy ýa-da degişlilikde, tomaşaçylaryň ýa-da diňleýjileriň köpçüligi; mahabat meýdançalary ýa-da ýaýlym wagty üçin nyrhyň derejesi; ýaýraýyş ýa-da hereket ediş geografiýasy. Elbetde, mahabaty ýaýratmagyň belli bir serişdeleriniň aýratynlyklary göz öňünde tutulýar.

Metbugatdaky, radio, telewideniýe arkaly, açyk bildiriş tagtalaryndaky bildirişleri öz içine alýan çylşyrymly mahabat kampaniýalary her bir mahabaty ýaýradyş serişdesiniň mümkinçiliginiň biri-biriniň üstüni ýetirmegi üçin şol bir mahabat taglymlaryna we döredijilik oýlap tapmalaryna esaslanýar.

Häzirki zaman köpçülikleýin habar beriş serişdeleri – gazetler, žurnallar, telewideniýe, radio, internet – mahabat üçin dürli mümkinçilikleri hödürleýär. Olara seredip geçeliň.

## 15.2. Köpçülikleýin elektron habar beriş serişdelerinde mahabatyň aýratynlyklary

Mahabaty ýaýratmagyň bu serişdesi ilatyň (sarp edijiler) uly bölegini gurşap alýandygy üçin has täsirli hasaplanýar. Şeýle mahabatyň artykmaçlygy onuň dessinliginde jemlenýär. Elektron köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ilatyň giň gatlagy tarapyndan sarp etmäge niýetlenen köpçülikleýin hyrydarlyk bildirilýän harytlar we hyzmatlar mahabatlandyrylanda has gowy netije berýär. Olara şular degişli:

*Mahabat kinofilmleri* (mahabat tehniki filmler, mahabat abraýly filmler, mahabat ekspress çalt maglumaty) – adatça, bu ýa-ha kinoteatrlarda, ýa-da sergilerde we festiwallarda köpçülige görkezilýän gysgaça mahabat filmleridir.

*Slaýdlar* – adatça, mahabatyň bu görnüşi hünärmenleriň gurşawynda ýaýran bolup, sergilerde we tanyşdyrylyşlarda ulanylýar;

*Telewideniýe* – telewideniýede mahabatyň serişdeleri mahabat rolikleri, şeýle-de telebildirişler we telezastawkalardyr. Mahabaty ýaýratmagyň telewideniýe serişdesi şekilleri, sesi, hereketi, reňki öz içine alýar we şonuň üçin mahabat tomaşaçylar köpçüligine beýleki mahabaty göterijilere garanyňda has uly täsir edýär.

## 15.3. Telewideniýe arkaly mahabat

Bu mahabatyň gymmat görnüşi bolup, oňa her bir isleg bildirýäniň mümkinçiligi bolmaýar. Telewideniýe mahabatynda ses, şekil we haýsydyr bir ösüşdäki hereket birleşýär. Şunuň netijesinde mahabatyň beýleki görnüşlerine garanyňda ol auditoriýa has gowy täsir edýär. Onuň kemçiligi, mahabat roliginiň dowamynda tomaşaçynyň ünsüniň ekranda jemlenmelidiginden, bolmasa netijeliligiň puç boljakdygyndan ybaratdyr.

Köpçüligiň mahabata hyrydarlygynyň azdygyna garamazdan, hut telewideniýe mahabatynyň adamlara beýlekilerden has gowy ýaraýandygy mälimdir. Göräýmäge, bu geň-taň ýagdaý ýaly, sebäbi telewideniýe mahabatlary teleýaýlymlarda köp görkezilýär we ol adamlaryň ýüregine düşäýjek ýaly... telewideniýe mahabatynda adamlary özüne çekýän zat näme? Görlüp oturylsa, bu – hereket eken.

Pikir soraşma ilkinji gezek tomaşa eden mahaly köp adama islendik roligiň gyzykly bolýandygyny görkezdi. Ýagny, mahabaty inkär edere esas ýok. Adamlar üçin mahabat gyzykly! Şol bir şekillirolik ençeme gezek gaýtalanyp lenç edilenden soň bolsa onuň gyzygy gaçýar. Aktýora, haryda synyň oturman, mahabat manysyz zat bolup görnen ýagdaýynda ondan ýüz öwrülip bilner.

Mahabat öndürijileriň arasynda ak-gara rolikleri taýýarlamak ýörgünli hasaplanýar. Ýöne käbir pikir soraşmalar tomaşaçylaryň reňkli mahabaty-da halaýandygyny görkezýär. Esasy düşündirişleri şeýle jümleler arkaly görkezmek bolar: «Maňa ähli reňkli zatlar ýaraýar» sebäbi «Meniň telewizorymam reňkli».

Mundan başga-da, sessiz mahabat hem gowy mahabat hilesi hasaplanýar. Çünki, sähel wagtlyk sesiň bolmazlygy-da tomaşaçynyň ünsüni telewizora çekip bilýär. Aslynda welin adamlar sesli rolikleri göwnemakul hasaplaýarlar. Eger has anyk aýtsak, pikir soraşylan adamlar mahabatyň aýdym-saz bilen utgaşmagyny-da halaýan ekenler.

Ýene bir zada üns bermek gerek, mahabatyň netijeliligi onuň haýsy gepleşikde ýerleşdirilendigine bagly bolýar. «Öz ornunda bolmadyk» mahabat gatyrgandyrýar. Mysal üçin, huşsuzlygyň derman serişdesiniň mahabaty ýaşlaryň güýmenje gepleşiginiň arasynda berilse, lapykeçlik döredýär.

Diýmek, tomaşaçy telewideniýe mahabaty gowy görýär eken. Ýöne bu ýerde ileri tutmalar bar: mahabat roligi reňkli, sesli we mümkin boldugyndan, sözleýiş bilen däl-de, aýdym-saz bilen utgaşan bolmaly.

## 15.4. Radio arkaly mahabatyň artykmaç taraplary

Radionyň beýleki habar beriş serişdeleriniň öňünde artykmaçlygy: köp sebitlere 24 sagatlap eşitdirilmegi we gepleşikleriň dürli görnüşdeligi. Radio ýaşaýyş we önümçilik jaýlarynda, aşhanada, arassa howada gezilende, awtomobilde diňlenýär. Şonuň üçin degişli radio gepleşiklerinde ýerleşdirilen mahabat bildirişleri bellenilen sarp ediji diňleýjileriniň, olaryň nirededigine – işdedigine, dynç alyşdadygyna, ýoldadygyna garamazdan, ep-esli göterimini gurşap alýar. Radio mahabaty dessin bolup, onuň nyrhy-da ýokary däldir.

Angliýaly sosiologlaryň maglumatlaryna görä, radio mahabaty ýatda galyjylygy boýunça telewideniýe mahabatyndan sähel yza galýar.

Barlag geçirijileriň maglumatlary hem radio mahabatynyň netijeliliginiň ýokarydygyny tassyklaýar.

ABŞ-nyň radiosynyň mahabat girdejisi 9 mlrd dollardan geçýär, üstesine-de, olaryň ep-esli bölegi ýerli mahabatyň paýyna düşýär. Radio TW-niň we metbugatyň ýetip bilmeýän adamlaryny, mysal üçin, awtomobilçileri we tebigatda dynç alýanlary gurşap alýar, ortaça statistikaly amerikaly adam gepleşikleriň üçden birini öýden daşarda diňleýär.

Radionyň ykjamlygyna, çeýeligine we arzanlygyna mahabat berijiler ýokary baha berýärler. Bir minutlyk radiospotyň (radiorolik) netijeliligi adaty 30 sekuntlyk teleroligiň netijeliliginiň, takmynan, 75 göterimini düzýär. Şonuň bilen birlikde, radio mahabatynyň nyrhy telewideniýe mahabatynyň bahasyndan 5–6 esse arzandyr.

Barlag geçirijileriň garaýyşlaryna görä, döwrebap «telewiziondan soňky» radio, esasan, beýleki iş görnüşleri bilen meşgullanýan diňleýjilere ýüzlenýär. Ol işjeň adamyň işiniň ýa-da dynç alşynyň gurşawyny döredip, onuň galan ünsüne dalaş edýär. Ýöne hut onuň ünssüz adama niýetlenýändigi üçin, amerikaly öwrenijiler we mahabat amalyýetçileri ondaky habarlar öňküsinden-de gyzykly, döredijilikli, kämil bolmalydyr diýip hasaplaýarlar.

ABŞ-da ilkinji mahabat radio habary yzygiderli radio gepleşikler ýüze çykanyndan iki ýyldan soň, 1922-nji ýylyň 22-nji awgustynda ýaýlyma çykdy.

Öwrenijiler radio mahabatynyň aşakdaky ýaly artykmaçlyklaryny belleýärler:

– hemme ýere ýetmek;

– dessinlik;

– saýlap-seçmäge ukyplylyk;

– kamerallyk, ýagny öýde diňleýjilere ýüzlenip bilmek we şonuň bilen ynanyşmak ýagdaýyny döretmek mümkinçiligi.

Radio mahabatynyň şeýleräk taraplaryny hem belleýärler.

Käbir barlaghana gözlegleriniň netijeleri adamlaryň eşitdirilen, aýdaly, okalýan ýa-da plýonka ýazdyrylyp, aýtdyrylan sözleriň sa-

nawyny şekillerde, mysal üçin, suratslaýdlarda görýänlerine garanyňda, has gowy ýatda saklaýandygyny delillendirýärler.

Geçirilen käbir gözlegler adamlary söz arkaly täze harydyň artykmaçlyklaryna ynandyrmagyň has aňsatdygyny görkezýär. Ol dilden ýetirilen bildirişleriň suratlar bilen utgaşan ýagdaýlaryna garanyňda, has gowy ýaraýar we ony köp satyn almaga döwtalap bolýarlar. Diýmek, hiç bir zat bilen berkidilmedik söz arkaly bildiriş adamlarda haryda bolan oňyn duýgyny döretmäge ukyplydyr.

Bu netije kabul edişiň fiziologik aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr. Gulak göze garanyňda çalt täsir geçirýär? Ençeme gezek geçirilen barlaglar beýniniň aýdylan sözleri 140 millisekuntda kabul etmäge ukyplydygyny görkezýär, çap sözlerine düşünmek üçin bolsa 180 millisekunt gerek. Psihologlar 40 millisekunt tapawudynyň beýni tarapyndan görüş şekilini beýniniň kabul edip biljek ses şekiline öwürmäge sarp edilýändigini çaklaýarlar.

Biz görşümizden diňe bir çalt eşitmeýäris, biziň eşidişimiz görşümize garanyňda has uzak dowam edýär. Görüş şekili – surat ýa-da çap sözi – eger biziň beýnimiz görlen zady ýatda saklamak üçin güýç sarp etmese, bir sekuntdan hem az wagtyň içinde ýitýär. Eşidişimiz bolsa 45 esse uzak dowam edýär.

Şeýlelikde, habary diňlemek okamaga garanyňda has täsirlidir. Birinjiden, dilden aýdylan söz beýnide uzak wagtlap galýar. Ikinjiden, adam sesiniň tembri sözlere hiç bir şekil tarapyndan mümkin bolmajak duýgulygy berýär.

Diňleýjä täsir ediş bölekleriniň çäkliligini we harydy görkezmegiň hem-de eşidilen zady gaýtalamagyň mümkin bolmazlygyny radio mahabatynyň kemçiliklerine degişli etmek bolar. Radio mahabaty diňe eşidişe täsir edýär we bary-ýogy üç bölege: söze, ses täsirlerine we aýdym-saza daýanyp, özüniň «hyýal teatryny» döredýär.

*Radio mahabatynyň bölekleri.* Söz audiospotyň esasy gurluş materialydyr. Onuň kömegi bilen haryt ýa-da hyzmat beýan edilýär. Radio mahabatynda sözüň ýene bir wezipesi – ünsi çekmek, gyzyklanma döretmek we saklamak bolup durýar. Mahabat ýüzlenmesiniň düýp manysyny diňleýjä netijeli ýetirmek üçin, köplenç, adam sesiniň ýakymly bolmagy ýeterlikdir.

Beýleki mahabat serişdelerine garanyňda, esasan, radio ssenariçiniň ussatlygyna daýanýar. Islendik ssenariçi öz tekstini, eger ýazylan zady pauzalary (säginmeleri), ritmi ýene bir gezek anyklaşdyrmak, stilistik ýalňyşlyklary aýyrmak üçin sesli barlasa, has netijeli bolar.

Ses täsirleriniň üç sany esasy çeşmesi, ýagny manual, ýazylan tebigy sesler we elektron täsirler bardyr. Manual täsirler göni studiýada döredilýär – açylýan gapynyň, ädimleriň sesi we ş.m. Ýazgylar hünär fonotekadan saýlanyp alynýar – itiň üýrmesi, gök gürrüldisi, awtoýaryşlar we ş.m. Elektron täsirler ýörite enjamlarda (ossilýatorlar, rewerbiratorlar) döredilýär.

Saz gurşawdan başlap, jinglz owazyna çenli dürli wezipeleri ýerine ýetirýär. Radio mahabatynda, köplenç, ýörite ýazylan sazyň birnäçe yzygiderli hereketi önümi kesgitleýär. Bu 4–10 sekunt wagt alýan saz logotipidir. Mahabat aýdymlary (jinglz) şygarlary ýatda saklamaga kömek edýär. Şowly saz şygarlary «Koka-kola», «Makdonalds» ýaly kompaniýalar tarapyndan ençeme ýyl bäri ulanylýar.

Audiospoty düzmek boýunça görkezmeleriň we düzgünleriň sany köp bolup, olaryň ählisine garap geçmek mümkin däl. Häzir olaryň diňe käbirleri hakynda gürrüň edilse, mysal üçin, radiodiňleýjide belli bir zerurlyklary döretmäge niýetlenen ulgam hökmünde görkezýän meşhur mahabat meýdançasynyň nazaryýeti hereket edýär. Onuň esasynda radio mahabatynyň aşakdaky ýörelgeleri düzüldi:

– habaryň düşnüklilik derejesi niýetlenýän durmuş gatlagyň ortaça derejesinden10 belgi pes bolmaly;

– habar teksti ýatda saklamak ýa-da düşünmek boýunça tagallalary talap etmeli däl;

– gepleşik diňleýjiniň 6–8 sekuntda mahabat habarynyň özenine düşünip biljek ýagdaýynda düzülmeli.

Daşary ýurt firmalarynyň birnäçesi habaryň netijeliligi üçin aýdym-saz sesiniň ähmiýetini öwrenýärler. Mysal üçin, «General Backgrounds Music» ýazgylar bilen üpjün etmäge ýöriteleşýär. Onuň hünärmenleri howa şertleriniň dürli görnüşleri üçin programmalara eýe bolmaly, wokal däl-de, instrumental ýazgylary aýtdyrmak has gowy diýip hasaplaýarlar. Maýol uniwersitetiniň gözlegleri super-

marketde çalt aýdym eşitdirilende, alyjylaryň haýal kompozisiýalaryň eşitdirilen wagtyna garanyňda, az söwda edýändiklerini görkezdi.

Mahabatda we radio mahabatynda, aýratynam, belli bir sözleri ulanmak boýunça ýa-da käbir gulaga ýakymsyzlyklardan gaça durmak boýunça psiholingwistleriň maslahatlary ulanylýar. Radio mahabatynyň täsirliligi üçin gymmatly gözlegler köp ylymlaryň wekilleri: psihologlar, sosiologlar, ykdysadyýetçiler, marketologlar, lingwistler, sungat nazaryýetçileri tarapyndan geçirildi we geçirilýär. Häzirki işde hödürlenen käbir maslahatlar we görkezmeler – bu ýokary hünärli bilimler, ýöne olaryň köpüsi dürli ugurlaryň hünärmenleri bilen hyzmatdaşlykda işlenip düzüldi.

*Audiospotyň (adatça, 10–15 sekuntdan ybarat bolan radio mahabatynyň görnüşi) täsirliliginiň çeşmeleri.* Onuň döremegine gatnaşýan sözden, sazdan we galmagaldan başga-da, habaryň täsirliligni umumy ýagdaýlar hem täsir edýär:

– bekediň ölçegi we roligiň görnüşiniň we mahabatlandyrylýan harydyň barabarlygy

– ýaýlyma çykyş wagty;

– ses dowamlylygy;

– onuň başga bir mahabat, saz ýa-da habar bilen «çarçuwalanmagy»;

– onuň gurluşy;

– tekstiň häsiýetnamasy;

– roligiň özboluşlylygy, duýgulaýyn täsir ediş.

Mahabatda, hususan-da, audiomahabatda derwaýys ugurlaryň biri – aň astyna täsir edýän maglumaty geçiriş serişdeleriniň ulanylmagydyr. Bu ýagdaýda radio diňleýji tarapyndan kabul edilýän islendik ses öz wezipesini ýerine ýetirýär. Has üstünlikli we täsirli radiospotlaryň hut olar tarapyndan maglumatlaryň aň asty derejede ýetirilmegi arkaly şeýle bolýandygyny çaklamagyň manysy bar. Adamyň çuň beýnisine gönükdirilen mahabat gödek we gelşiksiz görnüşe eýe bolup biler, ýöne welin bir kemsiz täsir eder. Harydyň artykmaçlyklarynyň düşünjeli esaslandyrylmagy onuň özleşdirilmegi we şahsyýetiň aň asty zerurlyklaryna «deňäp görmek» üçin wagt talap edýär. Käbir psihologlaryň pikiriçe, hut aňyň gizlin ýerlerinde «halamak – halamazlyk» barada gutarnykly karar kabul edilýär.

Aň astyna täsir etmegiň usullaryndan biri – bu öz-özüni boýun bolmaga müşderini mejbur etmekdir. Mysal üçin, diktoryň mahabatlandyrylýan dükana girmek baradaky söz arkaly çakylyk diňleýjiniň beýnisinde, hem aňly, hem aň asty derejede köp sanly päsgelçiliklere duçar bolup biler.

Şeýle ýagdaýlarda adaty «Geliň, siz hoşal bolarsyňyz» jümlesine derek, «Myhman bolarsyňyz» diýmek bolar. Bu söz düzüminiň hereket ediş mehanizmi ýönekeý: «Geliň – myhman bolarsyňyz» durnukly söz düzümi hemmelere mälimdir. «Geliň!» sözüni awtomatik ýagdaýda müşderiniň özi aýdýar.

Özüniň «içki sesine» bolsa adam işewürlere garanyňda ynanmaga has meýilli bolýar. Şeýle usul radiospotyň netijeliliginiň ýokarlanmagyna getirmelidir. Aslynda, «ýitirilen» bölek bilen islendik durnukly söz düzümi şol bir täsire eýe bolar.

## 15.5. Internet torunda mahabatyň ösüşiniň giň gerimleri

Soňky döwürde telearagatnaşyk ulgamy çalt depgin bilen ösýär, olaryň esasy bölekleriniň biri bolsa Bütindünýä kompýuter tory Internet we onuň esasy hyzmaty WWW-dir (World Wide Web). Internet mahabat üçin özboluşly mümkinçiliklere eýe bolan we iki esas goýujy bölek hökmünde çykyş edýän, kompýuteriň üsti bilen aňlanan gipermedia gurşawynyň ilkinji durmuşa geçirilişidir:

*Birinjiden*, Internet sarp edijiler tarapyndan maglumaty kabul etmegiň pull-modeline esaslanýan «köpler-köplere» aragatnaşyk modeli tarapyndan hödürlenýän täze aragatnaşyk serişdesidir.

Mundan başga-da, Internet adaty habar beriş serişdelerinden interaktiw tebigaty, ýokary çeýeligi we göwrümliligi bilen tapawutlanýan maglumaty bermegiň gipermedia usulydyr.

*Ikinjiden,* Internet harytlaryň interaktiw söwdasyna mümkinçilik berýän we harytlary ilerletmekde firmalaryň mümkinçiliklerini we bu işde distribýutor (paýlaýjy) firmalaryň ornuny ep-esli üýtgedýän, haýsydyr bir serhet ýa-da wagt çäklendirmesine eýe bolmadyk köpugurly *hyýaldaky (*wirtual) elektron bazarydyr.

Internetiň marketing ulgamynyň bölekleriniň biri hökmünde ulanylmagy firmanyň oňyn imijine we sarp edijiniň harytlar ýa-da

hyzmatlar baradaky habardarlygyna ep-esli täsir edip biler. Firma marketing toplumynyň aşakdaky böleklerinde Internet çeşmelerini ulanyp biler:

Mahabat Internet serişdeleri arkaly harytlary we hyzmatlary göni mahabatlandyrmak üçin mümkinçilikleriň toplumy haryt baradaky maglumatyň hususy Web-serwerde ýerleşdirilmegini, mahabatyň beýleki serwerlerde ýerleşdirilmegini, elektron hatlaryň ugradylmagyny, telemaslahata gatnaşmagy öz içine alýar.

Internetdäki mahabatyň aýratynlygy hususy Web-serweri mahabatlandyrmak üçin goşmaça hereketleri geçirmegiň zerurlygyndan ybaratdyr. Myhmanlaryň Web-serwere girmeginiň üç usuly bar:

– serwer gözleg maşynlarynyň kömegi bilen tapylyp bilner;

– serwere gipersalgylanmalar arkaly girmek bolar;

– serwer barada beýleki maglumat çeşmelerinden, şol sanda adaty çeşmelerden (gazetler, žurnallar, radio we ş.m) bilmek bolar;

Şundan ugur alyp, Internet ulanyjylara Web-serwer barada habar bermäge gönükdirilen mahabat kampaniýasy aşakdaky çäreleri öz içine alyp biler:

– serweriň gözleg maşynlarynda hasaba alynmagy;

– web-kataloglarda mugt salgylanmalaryň ýerleşdirilmegi;

– «Sary sahypalarda» salgylanmalaryň ýerleşdirilmegi;

– tematiki Web-serwerlerde hasaba alnyş;

– beýleki serwerlerde salgylanmalaryň ýerleşdirilmegi;

– beýleki serwerlerde serwere salgylanmalary öz içine alýan materiallaryň ýerleşdirilmegi;

– gowy girilýän serwerlerde tölegli mahabat bildirişleriniň ýerleşdirilmegi;

– telemaslahatlara gatnaşmak; ýollama sanawlaryny ulanmak;

– kompaniýanyň mahabat önüminiň ähli görnüşlerinde serweriň adynyň we mahabatyň adaty görnüşleriniň ulanylmagy.

## 15.6. Jemgyýetçilik bilen aragatnaşyklar

WWW-de metbugat relizleri ýerleşdirilip ýa-da paýdarlar üçin häzirki maglumatlar berlip bilner. WWW firma bazar ýagdaýyna çalt täsirlenmeli bolanda, çökgünlik ýagdaýlarynda netijeli ulanylyp bil-

ner, şol bir wagtyň özünde WWW-niň artykmaçlygy maglumatlary hakyky wagtda täzeläp bilmekdir.

– *Sarp edijileriň goldawy.* Sarp edijileriň goldawy WWW-de goşmaça köpçülige niýetlenen maglumatyň (statistiki we/ýa-da dinamiki) ýerleşdirilmeginiň we/ýa-da goşmaça seslenme gatnaşygynyň mehanizminiň iş ýüzüne geçirilmeginiň hasabyna ep-esli giňeldilip bilner.

– *Interneti ulanmak arkaly kärhananyň infastrukturasynyň giňeldilmegi.* Bu hem kärhananyň içki infrastrukturasynda Internet tilsimatynyň ulanylmagy, hem onuň çäginden çykma görnüşinde aňladylyp bilner.

– *Kompaniýanyň söwda nyşanyny ilerletmek.*

– *Satuwy höweslendirmek.*

– *Marketing gözleglerini geçirmek. Marketing gözleglerini geçirmegiň esasy usullary we gurallary.*

– *Gözleg maşynlarynyň, WWW kataloglarynyň, tematiki Internet serwerleriniň ulanylmagy; pikir soraşmalaryň geçirilmegi.*

– *Hususy Web-serwere girýänleriň anketalaşdyrylmagy.*

– *Maslahatlaryň öwrenilmegi.*

– *Beýleki serwerlerde geçirilýän pikir soraşmalaryň maglumatlarynyň ulanylmagy.*

Ýokarda sanalyp geçilen marketing bölekleri bilen bir hatarda Internetde marketing ulgamynyň esasy aýratynlyklarynyň biri harytlaryň interaktiw tölegine mümkinçiligiň bolmagydyr, bu gönüden-göni Internetde interaktiw dükanlary guramaga mümkinçilik berip, Internetiň bütindünýä interaktiw elektron bazar hökmünde ösmegine esas bolup durýar.

Häzirki wagtda kompaniýalar tarapyndan Internetdäki mahabat, esasan, oňyn imij döretmek boýunça çäreleriň toplumynyň bir bölegi hökmünde ulanylýar. Şunuň bilen baglylykda Internetdäki mahabata firmanyň oňyn imijini döretmäge gönükdirilen çäreler hökmünde garamak hem bolar. Imij döretmek üçin şu esasy bölekler ulanylýar: korporatiw Web-serwer, bannerler, elektron poçta we täzelikler toparlary.

Korporatiw serwer firma ýa-da haryt/hyzmat barada maglumaty millionlarça adam, şol sanda geografik taýdan has uzakdakylar üçin

elýeterli etmäge mümkinçilik berer. Mundan başga-da, bazar ýagdaýyna dessin seslenip bolar – ýerlenilýän harytlaryň, hyzmatlaryň sanawyny üýtgedip, täze harytlary we hyzmatlary deslap habar bermek bolar. Serwer maglumaty bermegiň mümkin bolan görnüşlerini iş ýüzüne geçirmäge mümkinçilik berer: tekst, çyzgy, ses, şekil, animasiýa we ş.m. Web-serweriň ýene bir artykmaçlygy – dünýäniň islendik nokadyndan hepdede 7 gün, günde 24 sagat elýeterli boljak wirtual wekilligi açmak mümkinçiligidir.

*Banner* – kärhananyň oňyn imijini döretmäge gatnaşýan esasy bölekleriň biri. Mahabat torlarynyň kömegi bilen maksatlary auditoriýa bannerleri görkezip bolar. Internet mahabaty pudagynda geçirilen barlaglar bannerleriň netijeli işleýändigini görkezdi. Internet aýratynlyklary netijesinde adamlar maglumaty gözlemekde we kabul etmekde işjeň bolýarlar, şonuň üçin bu ýerde mahabatyň täsiri ýokarydyr: pikir soraşylanlaryň, takmynan, 30%-i görlen banneri ýedi günden soň hem ýatlaryna düşürip bilýärler.

*Elektron poçta* imiji emele getirmegiň goşmaça serişdesidir. Onuň kömegi bilen müşderiler bilen işiň, firmanyň guralyşynyň aýdyňlygyny görkezip bolýar. Mundan başga-da, dogry ýazylan hatda kompaniýanyň ady (ýa-da siziň adyňyz) hemişe göz öňünde bolýar we adam islese-islemese bu maglumaty ýatda saklaýar.

Eger mowzuk boýunça maglumaty hemişe taýýarlamaga ýagdaý bolmasa, onda ýollama (poçta) sanawyny döretmegiň ähmiýeti bardyr.

Çekişme (diskussiýa) sahypalary maglumatlary alyşmak, belli bir temany maslahatlaşmak üçin döredilýär. Poçta sanawyndan tapawutlylykda oňa diňe gönüden-göni ony döredijiler däl, eýsem, ähli gatnaşyjylar hem ýazyp bilýär.

Liste işjeň gatnaşylmagy, köplenç, meşhur we abraýly çekişme sahypalarynyň ýöriteleşdirilen wekiller tarapyndan görülýändigi üçin, neşiriň sahypalaryndan sitata almak ýa-da makala ýazmak üçin çagyrmaklaryna sebäp bolup biler.

Köpçülige ýetirilýän habarlary seljermek bilen, bolmagy mümkin müşderileri kesgitläp, olar bilen göni aragatnaşyk edip bolar. Şeýle-de, hususy mahabatyndan daşary ýöriteleşdirilen çekişme sahypa-

larynyň gymmatly maglumatlar we täzelikler bilen üpjün edýändigi üçin örän peýdalydygyny ýatdan çykarmaly däldir.

Internet mahabatynyň ösüş mümkinçilikleri barada aýtmak bilen, şeýle mahabat üçin çykdajylaryň birbada ýokarlanýandygyny hem bellemek gerek. Ýöne bu çaklamalar Web-de sarp ediji harytlaryny ýaýradýan alyjylaryň we mahabat berijileriň giň toplumynyň zerurlyklaryna üns berilse özüni ödär.

## 15.7. Çap habar beriş serişdeleri

Gazetlerde we žurnallarda mahabat giň ýaýrawa eýe bolup, ýokary netijelilige eýedir – metbugatdaky mahabat bildirişleriniň bazarynyň, takmynan, göterimini eýeleýär. Muňa şeýle mahabatlar degişlidir:

– gazetlerdäki (şäher, welaýat, ýöriteleşdirilen);
– žurnallardaky (pudaklaýyn ýa-da umumy ähmiýetli);
– firma býulletenlerindäki;
– maglumathanalardaky.



**5-nji surat. Metbugat önüminiň çap edilişinden pursat**

Çykdajylaryň möçberi boýunça, çap köpçülikleýin habar beriş serişdelerindäki mahabat diňe telewideniýe mahabatyndan yza galýar. Gazetlerdäki mahabat telewideniýä garanyňda arzan bolýar. Şonuň bilen birlikde gazetlerdäki mahabat asyl görnüşleriniň beýan ediliş hili, adatça, ýokary däl. Olarda ýerleşdirilýän mahabat bildirişleriň özüne çekijiligi, adatça, pesräk bolýar we her bir neşir şol bir wagtyň

özünde şeýle bildirişleriň birnäçesine eýedir, şol sebäpli aýratynlykda olaryň her biriniň täsiri peselýär.

Metbugatda mahabatyň artykmaçlygy onuň saýlap-seçmek mümkinçiliginiň ýokary bolmagynda jemlenýär. Gyzyklanmalary dürli-dürli bolan adamlar özlerini gyzyklandyrýan durmuş ugruna degişli edebiýaty okaýar. Şeýlelik bilen, gazetleriň we žurnallaryň kömegi bilen mahabat ýüzlenmeleri belli bir sarp ediji toparyna täsir edýär. Metbugatda mahabatyň aýratynlygy onuň döredilmegi we ýerleşdirilmegi üçin aýratyn çemeleşmeleri öňe sürýär. Ol döredilende mahabatyň arassa görüş taýdan kabul edilýändigini göz öňünde tutmaly, diýmek, wizual bölege aýratyn üns bermeli. Ýagny, bezeg ünsi çekip, gyzyklandyrmagy başarmaly, many ýüki bolsa sarp edijini saklap, ony herekete höweslendirmeli. Bu ýagdaýda döredijiler reňki, harplaryň ölçegini, şekillendirilýän zadyň hakykylygyny, ýüzlenme usulyny, şeýle-de, mysal üçin fotosuratyň suratdan has gowudygyny, bir uly illýustrasiýanyň ownuk bezeglerden has gowudygyny we beýlekileri göz öňünde tutmaly.

Metbugatda mahabaty ýerleşdirmegiň nyrhy aşakdakylara bagly bolýar:

– gazetiň ýa-da žurnalyň abraýyna;

– mahabat bildirişiniň ölçegine;

– ýerleşiş ornuna (sahypada, daşynda, rubrikada, mahabat toplumynda);

– mahabatda ulanylan reňkleriň sanyna (eger bu reňkli žurnal ýa gazet bolsa);

Çap sahypasy, umuman, gazet mahabat berijiniň eline döredijilik zerurlygyny aňlatmak üçin özboluşly çeýe serişde berýär. Gazet her bir adam tarapyndan ulanylýan maglumat serişdesidir, ol çeýe bolup, ýazuw görnüşinde aňladylýan pikir gowy ýatda saklanýar. Şeýle-de bolsa, gazetiň hem kemçilikleri bar, olara şular degişli: auditoriýanyň saýlap-seçmek mümkinçiliginiň bolmazlygy, gysga ömür, çap görnüşiniň we suratlarynyň hiliniň pes bolmagy, berk mahabat bäsdeşligi, mahabatyň bellenilen çap meýdanynda ýerleşdirilmegiň kepillendirilmezligi. Muňa garamazdan, gazet ilat üçin öňdebaryjy täzelikleri we mahabatlary geçirijileriň biri bolmagynda galýar.

Žurnallar başga artykmaçlyklara hem eýe. Öz häsiýeti boýunça olar ähli habar beriş serişdelerinden has özüne çekijidir. Olar hem okyjylar bilen baglylykda, hem mahabat bermekde çeýelige eýedir. Olar reňk bilen işleşip bilýärler, ajaýyp çaphana mümkinçiliklerine eýe, şeýle-de abraýly we okyjylar tarapyndan ynama eýedir. Bularyň ählisi gymmat nyrha hem düşýär. Ýöne olaryň çykyş möhleti has uzak, olaryň kömegi bilen zerur gurşawy we ýygylygy almak kyn, žurnallarda mahabat bäsdeşligi hasam ýitidir. Şeýle-de, käbir neşirlerdäki mahabatlaryň bahasy has ýokary.

Mahabaty ýerleşdirmek üçin žurnal saýlananda nusgasy, okyjylar köpçüligi, bahasy we tehniki mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Žurnalyň mahabat nyrhlary birnäçe ýagdaý bilen kesgitlenip bilner: ilkinji we gaýtadan okaýan okyjylar, abunaçylaryň sany we bölek satuwlar, şeýle-de kepillendirilen nusgasynyň hakyky nusga bolan gatnaşygy.

**Bap boýunça sowallar:**

1. Redaksiýanyň mahabat işinde ilkinji gadamlar barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?
2. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde mahabat işiniň guralyşy?
3. KHBS mahabat bazarynda nähili bäsleşýärler?
4. KHBS-däki mahabatlaryň görnüşlerini atlandyryň.
5. Redaksiýada mahabatlar bilen baglanyşykly işi kim guraýar?
6. Köpçülikleýin elektron habar beriş serişdelerinde mahabatyň aýratynlyklary nämeden ybarat?
7. Telewideniýe arkaly mahabatyň meşhurlygynyň sebäbi?
8. Radio arkaly mahabatyň artykmaç taraplary?
9. Internet torunda mahabatyň giňden ösmeginiň ykdysady sebäpleri?
10. Jemgyýetçilik bilen aragatnaşyklaryň görnüşleri we ähmiýeti?
11. Çap habar beriş serişdeleriň mahabat işinde ileri tutulmagynyň sebäpleri?
12. Bannerler, elektron poçtalar we başgalar hakda aýdyp beriň.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I–XIV tomlar. – A.: TDNG, 2008–2022.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: TDNG, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – A.: TDNG, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. - A.: TDNG, 2010.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2015.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan. – A.: TDNG, 2016.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – A.: TDNG, 2017.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. – A.: TDNG, 2018.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan - Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň Döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG, 2020.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyk – Bagtymyz. – A.: TDNG, 2021.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysynyň dowamaty. – A.: TDNG, 2023.

15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. «Türkmenistanyň elektroenergetika kuwwaty». – A.: TDNG, 2022.

16. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar-Watanyň buýsanjy. – A.: TDNG, 2023.

17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy (rejelenen görnüşi). – A.: TDNG, 2023.

18. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. 2009.

19. «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 1992.

20. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2000.

21. «Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2012.

22. «Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2012.

23. «Neşirýat işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2014.

24. «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2014.

25. «Mahabat hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2016.

26. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüşi). 2021.

27. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy». – A.: TDNG, 2022.

28. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy». – A.: TDNG, 2022.

29. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. I tom. A-Ž. – A.: TDNG, 2016.

30. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom. K-Z. – A.: TDNG, 2016.

31. *Mämmedow A.* Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti, – A., 2010.

32. *Ataýew Ç.* we başg. Marketing (I kitap). – A.: TDNG, 2013.

33. *Şallyýew Ç.* «Makroykdysadyýet». Okuw kitaby. – A.: TDNG, 2015.

34. *Ýazmyradowa O., Nabatowa A.* «Kärhananyň ykdysadyýeti». Okuw kitaby. – A.: TDNG, 2017.

35. *Nabatowa A* we başg. «Menejment». Okuw kitaby. – A.: TDNG, 2018.

36. *Назайкин А.Н*. Рекламная служба газеты: Структура. Принципы. Функции: М.: Группа «Сегодня», 1996.

37. *Кондрашова В.К.* Экономика полиграфического предприятия: М., 2000.

38. *Гуревич С.М.* Экономика средств массовой информации. 2-е изд. М., 2001

37. *Киверин В.И*. Экономика редакции газеты: – М.: Аспект-пресс, 2002.

38. *Свитич Л.Г.* Профессия журналист. – М., 2003.

39. *Гуревич С.М.* Газета: Вчера, сегодня, завтра: – М., 2004.

40. *Гуревич С.М.* Экономика отечественных СМИ: – М.: Аспект-пресс, 2004.

41. *Ворошилов Б.Б*. Журналистика. Москва, 2009.

42. *Колесниченко А.В.* Настольная книга журналиста. – М., 2013.

43. Основы медиабизнеса: учеб. пособие / под ред. Е. Л. Вартановой. – М.: Аспект-пресс, 2014.

49. *Иваницкий В.Л.* Основы бизнес-моделирования СМИ. Юрайт, 2019.

50. Экономика и менеджмент СМИ. – Минск, 2020.

51. *Шишкина Н.И.* Маркетинговая стратегия средств массовой информации: сост. – Минск : БГТУ, 2021.

52. www.journ-lessons.com

53. *medien.ru/zhurnalistike*

54. *media.utmn.ru*

55. *kgu-journalist.ucoz.ru*

56. *journ-port.ru*

57. www.journ.msu.ru

58. *journalists-club.ru*

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

## I BÖLÜM.
## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERI WE BAZAR

I bap. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redaksiýasy kärhana hökmünde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
1.1. Redaksiýa kärhana hökmünde . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
1.3. Redaksiýanyň Tertipnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . .12
1.4. Media birleşikleri we olaryň görnüşleri. . . . . . . . . . . . . . .13
II bap. Žurnalistik maglumat haryt hökmünde . . . . . . . . . . . .17
2.1. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň önümi we onuň häsiýetli aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .17
2.2. Maglumat bazary. Maglumat bazarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň kanunalaýyklygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .20
2.3. Maglumat bazarynyň ugurlary we gurluşy . . . . . . . . . . . . .22
III bap. Internet neşirleriniň mazmunynyň monetizasiýalaşdyrylmasy . .24
3.1. Häzirki zaman onlaýn žurnalistikasyndaky üýtgeşmeler . . . . . . .24
3.2. Monetizasiýalaşdyrma – ykdysady düşünje. . . . . . . . . . . . . .25
3.3. Monetizasiýalaşdyrmanyň käbir düzgünleri . . . . . . . . . . . . .27
3.4. Taslamanyň monetizasiýalaşdyrylmasy. . . . . . . . . . . . . . .28
3.5. Mediakonwergensiýa barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . .30

## II BÖLÜM.
## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ YKDYSADYÝETI

IV bap. KHBS-iň ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .31
4.1. Redaksiýa bazar ulgamynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . .31

4.2. KHBS-iň bazarynyň şertleri, täjirçilik gurşawy . . . . . . . . . . . . .32
4.3. Redaksiýanyň döredijilik we ykdysady bölekleri . . . . . . . . . . . .34
V bap. Redaksiýanyň ykdysady wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . .36
5.1. Redaksiýanyň wezipeler toplumy. Önümçilik we ykdysady wezipeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .36
5.2. Ykdysady maksatlaryň özara gatnaşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . .39
5.3. Redaksiýanyň ykdysady işiniň ýokary derejede amatlylaşdyrylmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .44

## III BÖLÜM. KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINDE MENEJMENTIŇ ESASLARY

VI bap. Redaksiýanyň menejmenti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .47
6.1. Redaksiýanyň menejmenti we maksatlary . . . . . . . . . . . . . . . . .47
6.2. Adam gatnaşyklary arkaly menejment . . . . . . . . . . . . . . . . . . .47
6.3. Ýolbaşçy, ýolbaşçynyň şahsyýeti we onuň işgärleriň şahsy özgermesine ýetirýän täsiri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .48
6.4. Täjirçilik direktory we oňa bildirilýän esasy talaplar . . . . . . . . .51
6.5. Täjirçilik direktorynyň hukuklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .54
VII bap. Habar menejmenti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .55
7.1. Habar menejmentiniň esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .55
7.2. Habaryň görnüşleri we habar ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .57
7.3. Redaksiýanyň habarlary taýýarlaýan işgärler babatdaky syýasaty . .59
VIII bap. Redaksiýada ykdysady menejmentiň aýratynlyklary . . . . . .62
8.1. Redaksiýada ykdysady menejmentiň orny . . . . . . . . . . . . . . . . .62
8.2. Redaksiýanyň ykdysady böleginiň işi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .63
8.3. Redaksiýanyň býujeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .64
8.4. Redaksiýada täjirçilik hasap ýöredilmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . .64
8.5. Redaksiýanyň esasy we dolanyşyk maýasy . . . . . . . . . . . . . . . .65
8.6. Gazet öndürmek bilen baglanyşykly neşir harajatlary . . . . . . . . .66
IX bap. Menejment we döwürleýin neşir. Neşiriň imiji hem-de brendi . .71

9.1. Menejment we döwürleýin neşir.
Neşiriň abraýynyň (imijiniň) kemala gelşi . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
9.2. Dizaýn işinde neşiriň maddy-enjamlaýyn binýadynyň ähmiýeti . . . 74
9.3. Döwürleýin neşir we onuň okyjylar köpçüligi . . . . . . . . . . . . 80

## IV BÖLÜM.
## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINDE MARKETING

X bap. KHBS-iň baş marketing ýörelgesi . . . . . . . . . . . . . . . . 85
10.1. Marketing düşünjesi. KHBS-de marketingiň orny . . . . . . . . . 85
10.2. Marketing – zerurlyklary kanagatlandyrmaga gönükdirilen iş . . . 86
10.3. KHBS-iň marketinginiň kesgitlenilişi. Redaksiýada marketing we marketing boýunça hünärmenleriň işi . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
10.4. Gazetiň döwürleýin neşirler bazaryndaky hereketi . . . . . . . . . 90
10.5. Neşiriň brendiniň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
XI bap. Habar beriş serişdelerinde marketing aragatnaşygy . . . . . . . 92
11.1. Marketing aragatnaşygy we marketing gözegçiligi . . . . . . . . . 92
11.2. Habar beriş serişdelerinde marketing aragatnaşygynyň düýp özeni . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
11.3. Sergileriň we ýarmarkalaryň mysalynda KHBS-iň marketing aragatnaşyklarynyň maksatlary we wezipeleri . . . . . . . . . . . . . 94
11.4. Žurnalistikada işi meýilnamalaşdyrmak . . . . . . . . . . . . . . . 95
11.5. Marketing işini dolandyrmagyň ugurlary . . . . . . . . . . . . . 96
11.6. Köpugurly žurnalist düşünjesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 98
11.7. Habar beriş serişdeleriniň marketinginiň özboluşlylygy . . . . . 107
11.8. Marketing býujetiniň göwrüminiň kesgitlenilmegi . . . . . . . . 112
XII bap. KHBS-de nyrh hem-de nusga syýasaty . . . . . . . . . . . 114
12.1. Redaksiýalaryň nyrh syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114
12.2. Nyrh syýasaty we neşir sanynyň iň amatly bahasy . . . . . . . . 118
12.3. Redaksiýanyň nusga san syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . 120
XIII bap. Redaksiýada täjirçilik meýilnamalaşdyrylyşy. . . . . . . . . 124

13.1. Täjirçilik meýilnamasy. Onuň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . 124
13.2. Täjirçilik meýilnamasy kärhanany dolandyrmagyň özeni hökmünde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 127
13.3. Täjirçilik meýilnama redaksiýanyň iş meýilnamasy hökmünde. . 130
13.4. Täjirçilik meýilnamasynyň mysaly gurluşy . . . . . . . . . . . . 131
13.5. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň kalkulýasiýasy . . . . . . . 133
13.6. Gazet döretmek üçin mysaly täjirçilik meýilnama . . . . . . . . 135
XIV bap. KHBS-iň önümçilik meýilnamasy . . . . . . . . . . . . . . 143
14.1. Redaksiýalarda önümçilik işiniň meýilleşdirilmegi we onuň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
14.2. Önümçilik tertibiniň sazlanylyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
14.3. Žurnalistleriň zähmetine hak tölemegiň ulgamy. . . . . . . . . . 146
14.4. Redaksiýanyň býujeti we balansy . . . . . . . . . . . . . . . . . . 147
XV bap. Redaksiýada mahabat işi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149
15.1. Redaksiýanyň mahabat işinde ilkinji gadamlar . . . . . . . . . . 149
15.2. Köpçülikleýin elektron habar beriş serişdelerinde mahabatyň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 154
15.3. Telewideniýe arkaly mahabat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 154
15.4. Radio arkaly mahabatyň artykmaç taraplary . . . . . . . . . . . 155
15.5. Internet torunda mahabatyň ösüşiniň giň gerimleri . . . . . . . . 160
15.6. Jemgyýetçilik bilen aragatnaşyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . 161
15.7. Çap habar beriş serişdeleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 164

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167

*Agamyrat Mämmedow*

# HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ YKDYSADYÝETI WE MENEJMENTI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Kakajanow* |
| Teh. redaktor | *Ý. Peskowa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Babaýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *Ç. Kulyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 29.02.2024.
Ölçegi 60×90 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy.
Çap listi 11,00. Şertli-çap listi 11,00. Hasap-neşir listi
8,16. Neşir № 24. Sargyt № 11. Sany 150.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, 2011-nji (Azady) köçesi, 61.